Çarlz Stenli

# GÖRGÜLER ÝAGŞYLYGA



Çarlz Stenli

# GÖRGÜLER ÝAGŞYLYGA

## NÄME ÜÇIN HUDAÝ KYN PURSATLARA ÝOL BERÝÄR

# 1-NJI BAP

## GÖRGÜLER HEM AK PATALAR?

Görgüler.

Ak patalar.

Bu iki söz juda bir gowy sazlaşyp duranok. Olar gaýtam manysy boýunça garşydaş bolan sözlerdir.

Töweregimizdäki hemme zat berbat bolup, aýagymyzyň aşagyndaky ýerem opurylyp barýan ýaly bolanda, tukat hem güýçsüz bolmanyň nämedigini hemmämizem bilýäris. Ýorganyň aşagyndan asla çykasymyz gelmeýän pursatlar her birimizde-de bolýar. Käwagt hemme zat gowy barýan ýaly bolanda, biz gözýaşymyzy saklap bilmeýäris. Tukatlyk köplenç köşeşmeýän gaýgy, bitmeýän ýara hem-de hiç zat bilen dolduryp bolmajak boşluk bilen utgaşýar.

Munuň ýaly ýagdaýlarda hiç hili ak pata *duýmaýarsyň*. Meniň durmuşymda iň ajy hem agyr tukatly bolan wagtlarym boldy. Hemmämizde bolşy ýaly, maňa-da görgi görmek, agyry hem ejizlik duýmak ýaramaýar. Durmuşymyzdaky belli bir ýagdaýlar bizde *agyry* döredip biler. Käwagtlarda şol agyrylar juda güýçli bolýar-da, bizem şypa tapmaklyga bolan bar umydymyzy ýitirýäris.

Ýöne men hut tukatlykdan *soň* Hudaýyň iň beýik ak patasyny duýup biljekdigimizi duýdum. Ejizlik döwründen soň, biziň durmuşymyz örän hasylly bolup, ozalkysyndan-da has gowy mana eýe bolup biler. Göz açyp bolmaýan harasatly gijeden soň, şapak hemişe-de ajaýyp bolýandyr. Hasrat döwründen soňky şatlyk duýgusy aşa joşgunly bolup biler. Ak pata tukatlykdan soň gelip biler.

## AGYRYDAN GAÇMALYMY ÝA-DA ONY BAŞDAN GEÇIRMELIMI?

Köpler Mukaddes Kitabyň görgüler hakda aýdýan zatlaryna düşünmeýärler, şonuň üçin ol bizi şeýle gorkuzýar. Şol sebäbe görä-de, biz güýjümizde baryny edip, ondan gaçmaga dyrjaşýarys.

Bu gün üstünlik gazanmak biziň syrkawlyklarymyzy bejerýän we bagtly bolmagymyzy isleýän Hudaý hakda şeýle köp gürrüň edýändikleri sebäpli, görgüler baradaky mowzuk meşhur däl. Emma Hudaýyň ak patasyny hakykatdanam almak isleýän adama hut şu barada gürrüň etmek gerekdir.

Näme üçin men beýle pikir edýärin?

Sebäbi Hudaý bu gün bize ýöne bir isleýän zadymyzy bermän, eýsem, özümizi-de, isleglerimizi-de çalyşýar. Biziň Özi bilen bakyýetde boljak adamlar bolmagymyz üçin Ol bizi ýylmaýar we tekizleýär.

Hudaý bizi ähli isleglerimize we hokgalarymyza egilişik etmek üçin ýaratmady. Ol bizi Özüniň islendik islegini

ýerine ýetirmäge taýýar bolmagymyz üçin alyp barýar. Ol bizi Özi üçin ýaratdy.

Eger men sizden özüňiz üçin iň gowy zady isleýäniňizi ýa ýokdugyňyzy sorasam, jogap bir agyzdan: «Elbetde, hawa» bolardy.

Eger men sizden: «Siz, dogrudanam, Hudaý özüňizi dogulmazyňyzdan öň nähili oýlap tapan bolsa, şonuň ýaly bolmak isleýärsiňizmi?» diýip sorasamam, siz tassyklaýjy jogaby bererdiňiz diýip pikir edýärin.

Ýöne siz: «Hudaý özüňizi taýýarlyk hem tabynlyk ýagdaýyna getirmek üçin zerur bolan ähli çäreleri görmegini, soň hem, sizden islän zadyny ýasamagyny isleýärsiňizmi?» diýen soraga nähili jogap bererdiňiz?

Hudaýyň ak patasyny almak üçin biz Rebbe özümizi durkumyz bilen tabyn etmelidiris. Şonda Hudaýyň Mukaddes Ruhy bizi durmuşymyzda Reb Isa Mesih aýan bolar ýaly edip alyp barar we ugrukdyrar.

Munuň ýaly ýagdaýa ýetmek aňsat däl. Hatda özümizi Hudaýa doly tabyn edenimizden soňam, biz kämilleşmegi dowam etdirmelidiris. Munuň üçin diňe bir wagt däl, eýsem, köp hili ýagdaýlaram talap edilýär. Biziň hiç haýsymyzam Isa Mesihi Halasgär hökmünde kabul etmek bilen bir sagadyň içinde «doly kemala gelen» kämil mesihi bolup bilmeýäris. Biz ruhy taýdan täze ýaradylyş bolýarys. Ýöne bize ösmäge we Mesihiň häsiýetini almak üçin wagt gerek bolýar. Ruhy ösüş — bu büdremeler, ýalňyşlyklar, kynçylyklar, elbetde, doly ejizlik duýma prosesidir. Biziň ösüşimiz diňe ruhy ulgamda bolmaýar. Olar aklymyz bilen duýgularymyzyňam täzelenmegini öz içine alýar.

Köne endikleri üýtgetmek aňsat bolmaýar. Ýüregimizden we aklymyzdan köki bilen sogrup taşlajak bolup, tagalla baryny edýändigimize garamazdan, öňki isleglerimiz bize ýolbaşçylyk edýär. Zatlara we wakalara bolan öňki garaýyşlarymyz kynlyk bilen çykýar. Köp ýagdaýlarda köne özara gatnaşyklarymyzy täzelemek ýa-da olar hakda täzeden pikirlenmek gerek bolýar. Kä ýagdaýlarda çyn ýürekden gowy görýän adamlarymyz ruhy ösüşiň hiç hili alamatyny görkezmeýär, biziň isleýşimiz ýaly tiz ösmeýär.

Hatda iň mylakatlylykda-da, geçirimlilikde-de biz özümizi tanamazlykdan, ondan soňam, öz günämiziň agyrlygy hakda doly düşünmezlikden ejir çekmegimizi bes etmeýäris. Başga sözler bilen aýtsak, özümiziň garaňky tarapymyzy görmeýäris. Göwnümize, özümiz hemme günälerimize toba eden ýaly bolup görünmegimiz mümkin. Ýöne Hudaý özümizi Onuň hemme zady bagyşlaýan söýgüsine bermeli bolan, arassalanmaly, şypa almaly ýa-da Mukaddes Ruhuň güýji bilen täzelenmeli bolan ulgamlarymyzyň täzeden-täzesini açmagyny dowam etdirýär.

Özümizden köne tebigaty sogrup çykarjak, häsiýetimiziň gödek taraplaryny aýyrjak bolup, özümize mälim bolmadyk gymmatly gylyklarymyzy ýüze çykarjak bolup jan edenimizde, gaýta-gaýta ruhdan düşýäris hem tukatlyga uçraýarys.

Bu agyryly hem külpetli prosesdir.

Ýöne bu proses haýyrly prosesdir.

Güýjüňde baryny edip, görgülerden gaçmagyň gerek bolmaýşy ýaly, gorkmagyňam geregi ýokdur. Olary iman bilen kabul etmek gerek. Eger biz Hudaý özümizi

nähili edip oýlap tapan bolsa, şonuň ýaly hem bolmak isleýän bolsak, tukat pursatlarda özümizi Hudaýa bermek we *näme üçin* görgi ýolundan barýandygymyzy hem-de Hudaýyň özümize *näme* öwretmek isleýändigini açmagyna mümkinçilik bermegimiz gerek.

## IDEAL GAP

Bir gezek Reb Ýermeýa pygambere şeýle sözler bilen ýüzlenýär:

> «Tur, küýzegäriň öýüne gir, sözlerimi şol ýerde saňa aýan ederin».
>
> Men küýzegäriň öýüne gitdim. Men onuň çarhyň başynda işläp oturanyny gördüm. Küýzegäriň toýundan ýasaýan küýzesi elinde döwlende, ol öz isleýşi ýaly palçykdan başga bir küýze ýasady.
>
> Onsoň maňa ýene Rebbiň sözi geldi: «Eý, ysraýyl halky, Men-de sizi bu küýzegäriň ýasaýşy ýaly ýasap bilmerinmi? Muny Men-Reb aýdýandyryn. Edil küýzegäriň elinde toýun nähili bolsa, siz hem Meniň elimde şeýlesiňiz, eý, ysraýyl halky!
>
> Ýermeýa 18:2–6

Küýzegäriň aýlaw daşynyň üstünde işleýşini görmek size miýesser edipdimi? Ussanyň elleri şekilsiz palçygy gysyp, oňa kem-kemden gabyň şekilini berýär. Ýöne emele gelen şekil ussa ýaramasa ýa-da şekili bolmalysy ýaly bolmasa, ýa-da gabyň diwarjyklarynda howaly ga-

barçyklar galan bolsa, onda ol palçygy alýar-da, hemme zady gaýtadan başlaýar. Ussanyň maksady iň gowy zady ýasamak: has ajaýyp hem peýdaly bolan zady ýasamak bolýar.

Hudaýam biziň durmuşymyzda edil şunuň ýaly hereket edýär. Ol bizden Öz maksadyna gabat gelýän zady ýasamaga çalyşýar. Biz diňe Hudaýyň beren şekilini almak bilen Oňa şöhrat getirip bileris we maksimal derejede Hudaýyň Patyşalygyny peýdaly şöhratlandyryp bileris.

Siz kim bolmak isleýärsiňiz? Öz şahsy maksadyňyza, çäkli döredijilik ukybyna, bilimine, güýjüne, akyldarlygyna esaslanyp ýasalan, çäkli ulanyşa niýetlenilen we geçip gidýän gymmaty bolan gap bolmak isleýärsiňizmi? Ýa-da Hudaýyň maksady, Onuň tükeniksiz akyldarlygy hem söýgüsi boýunça ýasalan, çäklendirilmedik ulanyşy we ebedi, geçip gitmeýän gymmaty bolan gap bolmak isleýärsiňizmi?

Hudaýyň maksadyny saýlamak bilen biz onuş aňyrsynda duran zatlaryň hemmesini-de saýlamalydyrys — görgülere taýýar bolmalydyrys hem-de Onuň özümizi arassalamagyna hem-de Öz islegi boýunça täzelemegine ýol bermelidiris. Biz muny hatda hasrat, agyry we gözýaş ýolundan ýöremek talap edilse-de etmelidiris.

Görgüler beýik ak pata öwrülip biler. Ýöne munuň ýaly zat Hudaýyň özümizi hasrat çekdirmegine mümkinçilik berenimizde bolýar.

# 2-NJI BAP

## HUDAÝ BIZE IŇ GOWY ZATLARY ISLEÝÄR

Betbagtçylyklardyr hüjümler başymyzdan inende, biz köplenç: «Hudaý niredekä?» diýip, hiç zada düşünmän durýarys.

Bu soragy berenimizde, biz: «Ýa-ha Hudaý maňa näme boljagyny bilen däldir, eger bilen bolsa, Ol munuň ýaly zadyň bolmagyna ýol bermezdi, ýa-da Ol meni söýmegi bes edendir» diýip pikir edýäris. Eger Hudaý bizi gowy görýän bolsa, onda kynçylyklardan we erbetliklerden gorardy ahyry!

Ýöne munuň ýaly pikir ýalňyşdyr.

Gep Hudaýyş bilýändigindedir. Hudaý bizi söýýär.

### «MENIŇ GULUMA ÜNS BER»

Kyn döwri başdan geçirýärkäk ýa-da kalbymyzda agyry duýýarkak, adatça günäkäri tapmaga çalyşýarys. Şonda biz: «Bu şeýtanyň gizlin hereketleridir» ýa-da «Bu Hudaýdan gelendir» diýip, şularyň birden birini aýdýarys.

Has dogrusy gep, ine, nämede: Bu şeýtanyň Hudaý tarapyndan ýol berlen gizlin hereketleridir.

Eýýubyň taryhyny ýada salyň.

Mukaddes Kitapda Eýýubyň «akýürekli, dogruçyl, Hudaýdan gorkýan we şerden gaça durýan adam» bolandygy (Eýýup 1:1) aýdylýar. Bir gezek şeýtan Hudaýyň öňüne gelende, Reb ondan: *«Sen gulum Eýýuba üns berdiňmi?»* (Eýýup 1:8) diýip soraýar.

Şeýtan Rebbe şeýle jogap berdi: *«Eýýup Hudaýdan ýöne ýere gorkýandyr öýdýäňmi? Sen onuň özüni, maşgalasyny we bar mal-mülküni Öz penaňda saklaýarsyň ahyryn! Onuň elleriniň işine bereket berdiň, ýurtda mal-garasyny örňetdiň»* (Eýýup 1:9–10).

Netijede Hudaý şeýtana Eýýuba degişli bolan zatlaryň hemmesini elinden almaga rugsat berdi, emma özüne degmezligi tabşyrdy. Şeýtan mundan peýdalandy, netijede Eýýubyň elindäki zatlaryň hemmesi, şol sanda çagalaryda, hyzmatkärleri-de, mal-garalary-da ýok edildi. Eýýup: *«Ýalaňaç indim bu dünýä, ýalaňaç-da dolanaryn o dünýä, Beren-de Rebdir, alan-da Rebdir. Goý, Rebbiň adyna alkyş bolsun!»* (Eýýup 1:21) diýdi.

Şeýtan ýene-de Hudaýyň ýanyna gelýär, şonda Hudaý oňa sorag berip şeýle diýdi:

*«"Sen gulum Eýýuba üns berdiňmi? ...ol entegem päkliginde mäkäm dur"* diýdi» (2:3).

Şeýtan Hudaýa şeýle diýdi: *«Ten deregine ten! Ynsan öz jany üçin bar zadyndan geçer. Sen onuň süýegine we tenine el degrip gör, şonda-da ol Saňa gargynmazmyka?»* (2:4–5). Şonda Hudaý şeýtana Eýýubyň özüne-de zelel

ýetirmäge rugsat berdi, ýöne janyny aman saklamagy buýruk berdi. Şona şeýtan Eýýubyň kellesinden aýagyna çenli ýara örter ýaly etdi. Eýýup diýseň görgi görüp başlady.

Aýaly Eýýuby Hudaýy näletläp ölmelidigine ynandyrjak boldy. Dostlary bolsa, özleriniň aýyplamalary bilen onuň agyrysyny has-da beterleşdirdiler. Ahyrsoňunda Eýýup Hudaýa: *«Men bilýän, Seniň eliňden hemme zat gelýär, Göwnüňe gelen zady amala aşyrýaň»* (42:2) diýýär.

Eýýubyň gaty uly synaga sezewar edilendigini, aýylganç ejir çekýändigini Hudaý bilýärdi. Hudaý bu ýagdaýa diňe ýekeje Özüne mälim bolan pikire esaslanyp ýol berdi. Ýöne Hudaý ejir çekýän Eýýuby ýekeje salymlygam terk etmedi. Ol Eýýubyň başdan geçiren zatlarynyň hemmesini bilýärdi. Hudaý Özüniň Eýýuby arassalandygyny-da bilýärdi.

Özümiz barada aýtsak, her gezek güýçli agyryny başdan geçirenimizde, Hudaýyň öz durmuşymyzyň başyny hem ahyryny görýändigini ýatda saklamalydyrys. Hudaý biziň üçin ýagty geljek belläp goýdy. Biz onuň bar dolulygyny bärde, bu ýerde duýup bilmeýäris.

Eýýup dostlary üçin doga edende, özünde Hudaýa soragyň ýokdugyny aýtdy. Mundan başga-da ol özünden Hudaýyň islän zadyny soramaga hakynyň bardygyna akyl ýetirdi. Eýýup doly tabynlyk ýagdaýyndady. Şol sebäpli-de Hudaý Eýýup ýene-de bagtly ýaşap başlar ýaly etdi. Hudaý Eýýuba öňküsinden-de iki esse köp döwlet berdi. Ony uýalary bilen inileri hem-de ony

tanaýan adamlar köşeşdirdi. Eýýup ondan soňam uzak ömür sürdi.

Kynçylyklarymyz hem gaýgylarymyz her neneň bolsa-da, Hudaý biziň her birimiz üçin bagtly soňy öňünden taýýarlap goýandyr. Durmuşymyzdaky çykgynsyzlyk wagty — bu pellehana däldir-de, gaýtam, bizi täze, has şöhratly başlangyja alyp barýan wagtlaýyn döwürdir.

Hawa, Hudaý bilýär hem-de Ol söýýär.

## HUDAÝY HEMIŞE SÖÝGI HEREKETE GETIRÝÄR

Hudaýyň biziň durmuşymyzda edýän zatlarynyň hemmesi, Onuň biziň durmuşymyzda ýol berýän zatlarynyň hemmesi diňe bir zat — söýgi bilen kesgitlenilýär.

Hudaý biziň durmuşymyza lapykeçlik bilen agyry goýbermeýär, sebäbi Ol perwaýsyz, zalym, ýüreksiz ýa-da rehimsiz. Ýok! Hemme zat, gaýtam, tersine. Hudaý biziň durmuşymyzyň nämä öwrüljekdigni görüp dur, ýakynlarymyzyň söýgüden doly bolmagyny, biziň bilen ruhy gatnaşykda bolmak isleýär. Öz söýgüsini, akyldarlygyny, güýjüni, kuwwatyny hem merhemetini duýarymyz ýaly, bizde iň gowy zatlary görkezmek isleýär. Hudaý ak patany *görkezmek üçin* tukatlyk iberýär.

Hudaý hiç haçanam bizi gazaby içinde tukatlandyrmak islemeýär. Onuň biziň durmuşymyza goşulýandygynyň sebäbi bizi çäksiz söýýändigindedir hem-de biziň perwaýsyzlygymyza galyp, günämize berk ýapyşyşymyza, durmuşda Öz islegini ýerine ýetirmek islemeýşimize se-

redip oturyp bilmeýändiginde jemlenendir. Hudaý biziň asla üýtgemeýändigimize ýöne bir seredip oturardan bizi güýçli söýýär. Bize üýtgemäge, ösmäge we teniniň, janynyň hem ruhunyň aladasyny edýän ruhy taýdan kämil adamlar bolmagymyza kömek etmegi üçin Hudaýy söýgi öňe itekleýär. Hudaý bizi şeýle güýçli söýýändigi sebäpli, biziň bilen berk ruhy gatnaşykda bolmaklyga dyrjaşýar. Hudaý biziň durmuşymyzdan günäni aýryp taşlamak isleýär. Eger Hudaýy inkär etsek ýa-da Oňa garşy çyksak, onda munuň ýaly gatnaşykda bolmak mümkin bolmaýar. Ol bizi mukaddes hem peýdaly gullukda ulanmaga sabyrsyzlyk bilen garaşýar.

Biz Hudaýyň bu ýerdäki maksadyna ýeterimiz ýaly, arassalanyp bilmegimiz üçin söýgi Hudaýy bizi terbiýelemäge we jezalandyrmaga mejbur edýär.

## TERBIÝEMI ÝA-DA GÜNÄNIŇ MUZDY

Islendik günä muzduna köplenç jeza hökmünde nädogry düşünýärler. Şonuň üçin jezanyň näme maksat bilen ulanylýandygyna düşünmek gerek. Terbiýe bilen günäniň muzdy düýbünden başga zatlardyr.

Jeza günäniň muzdy hökmünde diňe imansyzlara ulanýar. Bu günäkäri Hudaýyň gazabyndan gorap bilýän ýeke-täk Guzyny inkär edýänleriň başyndan inýän Hudaýyň gazabynyň beýanydyr. Mukaddeslik bilen arassalyk Hudaýy günäniň duş gelýän hemme ýerinde günä bilen göreşmäge mejbur edýär. Hudaý islendik jaýyň garaňky burçlarynyň hemmesini ýagtylandyrýan ýiti ýagtylyk

kimin hereket edýär. Hudaý günä çydam edip bilýän däldir. Hudaýyň bar ýerinde günä bolmaly däldir.

Imansyz adam — bu Isa Mesihiň ganyny inkär edýän, Mesihiň haçda beren gurbanlygyny kabul etmeýän adamdyr. Şol sebäpli-de, onda öz günäsini Hudaýyň mukaddesliginden aýry edýän gorag haýaty ýokdur. Imansyz adam aýylganç ýagdaýda bolýandyr, sebäbi ol Hudaýyň gazabynyň öňünde goragsyz bolýandyr.

Terbiýelemek maksady bilen jezalandyrmak — bu Hudaýyň imanly adama öwrediş usulydyr. Hudaý imanly adamy öz endiklerini görmeklige, özüne Mesihiň doly keşbine ýetmeklige päsgel berýän prinsipleri hem garaýyşlary görmeklige, hem-de olary öz durmuşyndan aýyrmaklyga alyp barýar. Munuň ýaly jeza *öwrediji serişde* bolup durýandyr. Hudaý onuň kömegi bilen bizi berk hem ruhy taýdan kämil adam edýär. Bu Hudaýyň bize Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasy astynda ruhy gulluga taýýar bolmaga kömek edýän usulydyr.

Günäniň muzdy — bu Hudaýyň gazabynyň netijesidir. Elbetde, munuň netijesi ýok etme hem-de Hudaýdan daşlaşma bolýandyr. Mysal üçin, Koreýiň yzyna eýerijiler Hudaýa asla hormat goýmaýandygy sebäpli jezalandyryldylar. Ýer ýarylyp, olary bar emlägi bilen bilelikde ýuwutdy. Bu Ysraýyl üçin alamat bolupdy (Sanlar 16).

Terbiýeçilik maksatlary bilen ulanylýan jeza Hudaýyň söýgüsi bilen şertlendirilendir. Beýle jeza üýtgemeklige, ösmäge we kämillige alyp barýandyr. Mysal üçin, Sanlar kitabynda beýan edilişine görä, Hudaý Merýeme sapak bermek üçin onuň heýwere keseli bilen keselleme-

gine ýol berdi, soňam oňa şypa berdi, sebäbi onuň Musany tankytlamasy ýalňyşdy (Sanlar 12).

Hudaý bizi örän gowy görýär. Şonuň üçin Ol biziň her birimiziň Öz keşbini şöhlelendirip başlamagymyza we göni Mesihiň Teniniň ýerdäki bir *bölegi* bolmagymyza umyt baglaýar. Jeza biziň üçin täzeleniş serişdesi bolýar. Metaly zeňlerden we hapalardan arassalan ýaly, Hudaý bizden öz ösüşimize päsgel berýän günäleri we hapalary aýryp taşlaýar. Hudaýyň söýgüsiniň oduň altyny hem kümşi arassalaýan prosesinde hereket edişi ýaly hereket edýändigini pygamberler köp gezekler aýtdylar (Işaýa 48:10; Malaky 3:3; Zakarýa 13:9).

## HUDAÝ BIZIŇ RUHUMYZY SYNDYRMAK ISLEMEÝÄR

Hudaý biziň ruhumyzy syndyrmagy Öz öňünde *maksat edip goýmaýar*. Synyk ruhly adam eýýäm bitewi şahsyýet bolýan däldir, ol ruhy taýdan kämil bolýan däldir. Hudaý munuň ýaly adama Öz gullugyny ynanyp bilmeýär.

Ýok. Hudaý biziň ruhumyzy syndyrmak islemeýär. Ol biziň kejir erkimizi syndyrmak isleýär. Hudaý muny biziň durmuşymyzda Öz islegi dabaralanar ýaly edýär. Onuň islegi bolsa, hemişe ak pata alyp barýar.

Çagalaryň kejir egoist bolup dogulýanyny her bir ene-ata bilýändir. «Meniňki» we «Ýok» — bu çagalaryň iň söýgüli sözleridir. Bu iki söz çaganyň egosentrizmi we onuň öz durmuşyny özi dolandyrmak islegi tarapyndan aýdylýar.

Ýöne gowy ene-ata çaganyň tabyn bolmagy, diňe bir ene-atasyna däl, eýsem, islendik hökümdarlyga, şol sanda Hudaýyň hökümdarlygyna-da, tabyn bolmagy üçin kejirlik bilen egosentrizmiň köki-damary bilen aýrylyp taşlanylmalydygyny bilýär. Çaganyň kejirligini onuň ruhuny syndyrmak üçin aýyrmak zerur bolman, eýsem, onuň üstünlikli, kanuna boýun bolujy, sahy hem söýýän ýanýoldaş, ene-ata, dost hem Mesihiň Teniniň agzasy bolmagy üçin aýyrmak zerur bolýar.

Kejirlik hem tekepbirlik edýän çaga juda erbet häsiýetli, hatda köp ýagdaýlarda jenaýatçylykly meýilli hem bolup ýetişýär. Munuň ýaly adamyň ýanynda bolmak ýakymsyz bolýandyr. Munuň ýaly adamda söýgini kabul etmek ýa-da sowgat bermek ukyby düýbünden ýok bolýandyr. Kejirligine hem tekepbirligine eglişik edilýän çagada şatlyk, söýgi ýa-da kanagatlanma duýmaga ukyp emele gelmeýär.

Ene-atalaryň öz çagasynyň tekepbir kejirliginiň we bilgeşleýin tabyn bolmazlygynyň öňüni alşy ýaly, Hudaýam bizdäki özümize Mesih ýaly söýýän hem sahy adamlar bolmaga päsgel berýän tekepbirlik bilen diýen etmezligi syndyrmaga dyrjaşýar.

## BIZDE AGYRY DÖRETMEK HUDAÝA ÝARAMAÝAR

Hudaý biziň ruhumyzy syndyrmaga çalyşmaýar. Oňa bizde agyry döretmegem ýaramaýar. Näme, agyry hem görgüler Hudaýyň biziň durmuşymyz babatdaky meýil-

namasymy? Ýok! Hudaý özümize agyryly hem ýakymsyz bolup görünýän ýagdaýlaryň durmuşymyzda bolmagyna ýol berip biler. Ýöne ol ýagdaýlar Hudaýyň elindäki guraldyr. Hudaý şol guralyň kömegi bilen bizi öz durmuşymyzy Ýaradana doly tabyn etmek islemeklige alyp barýar.

Bu bizi: «Mesihi adam ýagdaýlaryň bigünä pidasy bolup bilermi?» diýen soraga alyp gelýär. Hawa, käwagt. Mesihiler özlerine beýleki adamlaryň fiziki agyry we ruhy gaýgylary ýetirip bilşiçe-de, ýagdaýlaryň pidasy bolýarlar. Ýöne biz Hudaýyň şol agyryly duýgularyň bolmagyna belli bir maksat bilen ýol berýändigine düşünmelidiris.

Özümizi pidanyň ýerinde görenimizde, geçmiş bilen ýaşap başlaýarys-da, öz agyrymyza batýarys. Eger-de, Hudaýyň özümizi söýýändigini we diňe Özüne mälim bolan geljekki gulluga taýýarlaýandygyny görsek, onda geçmişiň agyrysyny ýeňip geçip, öňe hereket etmäge güýç tapýarys.

Hudaý garaşsyzdyr. Ol Öz islän zatlarynyň hemmesini saklap bilýär. Ýöne Hudaý adam isleginiň garşysyna gitmeýär. Eger ýakynlarymyz ýamanlyga tarap gidýän bolsalar, olaryň eden ýamanlygynyň netijesinde bizem ejir çekip bileris. Mysal üçin, bir arakhoruň bibaşlygy hem jogapkärçiliksizligi zerarly onuň tutuş maşgalasy ejir çekýär. Hudaý muny bilýär. Ýöne Ol bizi söýýär, şol sebäpli-de, şuňa meňzeş ýagdaýlary bize ýagşylyk edip öwrüp bilýär.

Çagalykda özüme adalatsyz hem nähak ýaly bolup görnen zatlardan köp ejir çekenim ýadyma düşýär. Ka-

kam meniň doglanyma dokuz aý geçenden soň ýogalýar. Men öz çagalygymyň aglaba bölegini ýekelikde geçirdim, sebäbi ejem hemişe işleýärdi. Soň ol ýene durmuşa çykdy. Onuň täze saýlany bizi diňe bir kemsitmän, eýsem, urýardam. Muňa garamazdan, men hiç haçanam özümi bigünä pida hasaplamaýardym. Men özümiň Hudaýyň söýgüli çagasydygyma ynanýardym. Men günleriň birinde erbetlikleriň hemmesiniň meniň üçin ýagşylyga öwrüljekdigine ynanýardym. Hudaýda nähilidir bir maksat bar, şoňa ýetmegimiz üçin Ol şunuň ýaly ýagdaýlary iberýär. Ol maksat diňe bir maňa degişli bolman, eýsem, haçan hem bolsa bir wagt kömek edip biljek adamlarymyň hemmesine-de degişlidir.

Eger Rimlilerde: «*Biz ähli zatlaryň Hudaýy söýýänleriň, Onuň maksadyna görä çagyrylanlaryň bähbidi üçin birlikde işleýändigini bilýäris*» (8:28) diýlip ýazylan sözlere ynanýan bolsak, onda munuň öz durmuşymyzdaky hemme ýagdaýlarda-da hakykylygyna hem ynanmalydyrys.

Hudaýyň iň ýakymsyz, iň eýmenç ýagdaýlary-da, nähilidir bir hasylly, peýdaly we položitel zada öwrüp bilme ukybynda çäk goýmak gerek däldir. Çagalygyma ser salanymda, Hudaýyň öz ýekeligimi, agyrymy hem gorkymy ýalňyz, syrkaw hem gorkuda bolan adamlara has gowy kömek etmegim üçin ulanandygyny görýärin. Men şonuň ýaly adamlara batyrgaýlyk biilen: «Eger Hudaý maňa kömek eden bolsa, onda Ol size-de kömek edip biler. Eger Hudaý meniň ýaralaryma şypa beren bolsa, onda Ol siziňem ýaralaryňyza şypa berer» diýip aýdyp bilerin. Çagalygymdaky agyr külpetler meni ýaşaýyş kynçylyklarynyň

öňünde has dözümliräk, güýçlüräk etdi. Mundan başga-da, olar meni agyr durmuşda ýaşaýanlara duýgudaş bolmagy öwretdi. Şol wagt özüme her neneň agyryly bolan bolsa-da, ol wagt baraky ýatlamalar her neneň ýakymsyz hem ýaraňy täzeleýji bolsa-da, bu atlaryň hemmesiniň meniň üçin ak pata öwrülendigini aýdyp biljek. Bu aňsat bolmadyk sapak meniň üçin bolşy ýaly, başgalar üçinem ýagşylyga öwrüldi.

Ýaňy ýakynda biziň «In Touch Ministries» guramamyza tussaglykdan boşap gelenine gaty bir köp wagt geçmedik adamdan hat geldi. Ol ýetginjekkä neşe serişdeleri bilen oýun edendigi üçin aýyplanylypdyr. Ol türmede ruhy taýdan täzeden doglandygyny, indi bolsa, özüniň ajy tejribesini ýetginjekler bilen gatnaşykda ulanyp, deň-duşlary tarapyndan edilýän basyşlary ýeňmäge hem-de neşeden gaça durmaga kömek etmek üçin ulanýandygyny ýazypdyr. Bu adam öz ene-atasyny ýa-da goňşularyny günäkärlänok. Ol özüniň içinde önüp-ösen gözgyny ýagdaýyny we onuň heläk ediji täsirini tutaryk edinip, özüni aklamaýar. Gaýtam, ol öz eden hereketleri üçin özüniň jogapkärdigini boýun alyp, bu meselede başgalara kömek etmäge çalyşýar. Ol: «Men Hudaýyň hemme zady öňden taýýarlanyny görýärin. Neşä hem bikanunlyga batanymda, Ol meni terk etmedi. Meni tussag edip jenaýata çekmeklerine Hudaý ýol berdi. Eger şeýle bolmadyk bolsa, men bireýýäm ölüp giderdim. Hudaý meni türmede aman saklady. Ol meni özüme Mesih hakda gürrüň beren adamlar bilen duşuşdyrdy. Azatlyga çykanymdan soň, Ol meni ýygnaga alyp geldi-de, başgalara Mesih hakda we

her bir ýetginjegiň başdan geçirmeli bolýan zatlarynyň hemmesiniň basyşyna nädip döz gelmelidigi hakda gürrüň bermegime mümkinçilik berdi.

Agyrymyz her neneň bolsa-da, Hudaýyň bilýändigi, söýýändigi, hereket edýändigi baradaky fakty biz kabul etmelidiris. Belki, özümizde bolup geçen zatda jogapkärçiligimizem ýokdur, ýöne biz öz garaýşymyz üçin jogapkärçilik çekýäris. Bize özümizden: «Bu agyryny nädip ýeňmeli? Ony nädip özümize peýdaly bolar ýaly edip öwrüp bolar?» diýip soramak gerek.

Bir gezek meniň ýanyma bir erkek kişi geldi-de: «Men bir gyz bilen duşuşýaryn. Men gitdigiçe onuň özüme gowy ýaraýandygyny duýýaryn. Ýöne şu hepde ol maňa duşuşyk mahalynda özüni zorlandyklaryny gürrüň berdi-de, eger gatnaşyklarymyzyň dowam etmegini dogrudanam isleýän bolsam, onda meniň ýene-de köp zatlary bilmelidigimi aýtdy» diýdi.

Menem oňa: «Şol gatnaşyklaryňyzy dowam etdirmeziňizden öňürti, bu aýala öz geçmişiniň hötdesinden nädip gelmelidigini bilmegi üçin gowy psiholog tapmaga kömek etmelisiňiz. Ýogsam, siz hiç hili çykalga tapyp bolmajak ýagdaýa düşmeklige töwekgelçilik edýärsiňiz» diýdim.

Ol meniň maslahatymdan peýdalandy. Bu aýala özüni pida hökmünde duýmagy bes etmeklik zordan başartdy. Belli bir wagtda ol hatda pidanyň rolunda bolup, öz betbagtçylygy hakda bilenleriň hemmesiniň bildirýän duýgudaşlygyndan lezzet aldy. Netijede ol özüniň häzirini we geljegini doly garaňkydan geçmişi bilen ýaşady. Geç-

mişde duşuşyk wagtynda bolan zorlama onuň özüni häzir kim hökmünde görmelidigini kesgitläp başlady.

Eger şu gün — gutulyş alşyňyzdan başga — geçmişiň kölegesinde ýaşaýan bolsaňyz, onda size gowuja zähmet çekmek gerekdir. Belki, siz şu wagta çenli-de, özüňizi başgalaryň kemsitmegine ýol berýänsiňiz we Hudaýyň söýgüsi bilen azat bolmaga hem-de şypa almak isleýän dälsiňiz. Ýöne siz özüňizi pida hökmünde duýýarkaňyz, Hudaýyň islegine akyl ýetirip bilmersiňiz.

Ahyrsoňunda ol aýal: «Men ýaşamagy dowam etdirmelidirin. Men Hudaýyň kömegi bilen ýene-de nädip berk şahsyýet bolmagyma päsgel berýän zatlaryň hemmesinden saplanmalydygyma düşünmelidirin» diýip bildi.

## NÄME BOLÝANDYGYNA SIZ, DOGRUDANAM, DÜŞÜNÝÄRSIŇIZMI?

«Maňa näme bolýanyny Hudaý bilýärmikä?», «Meniň ejir çekýändigim Hudaýy alada goýýarmyka?» diýen ýaly soraglar size tanyş bolsa gerek. Ýöne siziň özüňize bermegi gerek bolan has gyzyklyrak hem peýdalyrak soraglaram bar:

- Men özüme näme bolýanyny bilýärinmi?
- Hudaýyň öz durmuşymda etjek bolýan zady meni birahat edýärmikä?

Hudaý siziň üçin Özüniň nämäni maksat edinendigini bilýär. Ýöne siz bu barada bilýärsiňizmi? Hudaýyň öz durmuşyňyzda näme edýändigine düşünýärsiňizmi?

Käwagt biz muny geçmiş özümiz üçin has aýdyň hem düşnükli bolanda, retrospektiw taýdan, ýagny geçmişe gönükdirilme görnüşinde görýäris. Öz durmuşyma ser salanymda, Hudaýyň özümi özgerdendigini takyk görýärin. Men tapdan düşendim, sustupesdim we köşeşerlikli däldim. Maňa hemmämize-de bolşy ýaly, agyry çekmek lezzet bermeýärdi. Ýöne men: «Eden zatlarynyň hemmesi üçin Hudaýa minnetdardyryn» diýip, arkaýyn aýdyp bilýärin. Onuň çekijiniň urgusyndan galan her bir ýemşerme, kalbymdaky Onuň päkisinden galan her bir yz, her bir gözýaş damjasy, her bir lapykeçlik pursaty özümiň dolulygyma Hudaýa degişlidigime bütin ýüregim bilen göz ýetirenime degýär.

Hudaýdan öz durmuşyňyzda edýän zadyny açyp görkezmegini haýyş edip soraň. Size külpetleri hem kynçylyklary iberende, Onuň siziň üçin we siz arkaly näme etmekçi bolýanyny soraň.

Öz kynçylyklaryňyza Hudaýyň özüňizde nämeleri edýändigini hasaba alyp serediň.

Men size: «Siziň durmuşyňyzda Hudaýyň bakyýetde özüňiz üçin taýýarlan gowy zatlarynyň deňinden geçmäge taýýar bolan zadyňyz barmy?» diýip sorag berip bilerinmi? Tassyklaýjy jogaby berip biljegiňize şübhelenýärin. Bu pany dünýäde Hudaýyň çäksiz merhemetini äsgermezçilik edeniňe degjek zat ýok ahyry. Gymmaty boýunça hiç zadam Hudaýyň siziň durmuşyňyz babatdaky beýik maksady bilen deňeşip bilmez!

# 3-NJI BAP

## NÄME ÜÇIN BIZ GÖRGI GÖRÝÄRIS

Bir gün bir ýaş ýigit maňa şeýle diýdi:

— Men iki ýyl mundan ozal mesihi boldum, şondan bärem, durmuşym güýçli üýtgedi. Geçen hepdäniň anna gününde men doga etme ýygnagyna barýarkam: *«Görsene, eger iki ýyl mundan ozal kimdir biri maňa anna günlerinde meniň doga etme ýygnaklaryna gatnajagymy, Hudaýy şöhratlandyrjagymy we her bir minuda şatlanyp, Oňa nagmalar aýtjagymy aýdan bolsa, men şol adam aklyndan azaşypdyr diýip pikir ederdim»* diýip, içimi gepletdim. Soň bolsa ol salykatly äheňde: «Käwagt bolsa, öz-özüme: "Näme üçin Rebbe gelmezimden öň munça kynçylyklary çekmeli boldumkam?" diýip sorag berýärin. Men arakhordum. Men zatlary ulanyp, adamlary söýmäniň deregine, adamlary ulandym we zatlary söýdüm. Kanun bilen aramda kynçylyklar bardy. Serhoş ýagdaýda ruluň başynda oturanymda, pajygaly ýagdaýyň sebäpkäri boldum-da, tas bir adamyň ömür tanapyny üzüpdim. Hudaýyň özümi öňräk halas etmändigine gynanýaryn» diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Men oňa şeýle jogap berdim:

— Belki, sen täzeçe ýaşap biler ýaly, sendäki nämedir bir zat öň ölmeli bolandyr.

Ol bir pursatlyk dymyp durdy-da:

— Hawa, siz mamla. Men özümiň iki ýarym ýyl mundan ozal «gowy durmuş» diýip atlandyran durmuşymdan el çekdim. Şoňa çenli durmuşym özüme ajaýyp ýaly bolup göründi. Şol wagtky durmuşymyň nähili eýmenç bolandygyna diňe şu wagt düşünýärin.

Adam doly gymmatyndaky, Hudaý tarapyndan öňden kesgitlenilen durmuşda ýaşap biler ýaly, ol öňürti öz içindäki durmuşyny özüniň dolandyrmagyny islemesini, ýagny öz meýilnamalary bilen isleglerine esaslanma meýlini öldürmelidir.

## ÝAŞAÝYŞ BAŞLAR ÝALY, NÄMEDIR BIR ZAT ÖLMELI

Ýazgynyň ölmek mowzugyndaky wajyp parçalarynyň biri-de, Ýahýanyň Hoş Habarydyr (12:24–25). Isa şägirtlerini Özüniň haçdaky ölümine taýýarlap ýörşüne, olara: *«Men size hakykatyny aýdýaryn, bugdaý dänesi ýere gaçyp ölmese, ýalňyz galar, ýöne öläýse, köp hasyl berer»* (12:24) diýdi.

Dänäni eliňizde tutup dursaňyz, hiç zat peýda bolmaz. Siz şol dänäni ammarda ýa-da otagyň penjiresiniň öňünde, hatda çüýşe gabyň içinde goýup, ony tutuş bakyýetiň dowamynda saklasaňyzam, däne barybir däneligine galar. Ol hiç hili peýda getirmez-de, ahyrsoňunda çüýräp, tozana öwrülip gider.

Ýöne eger dänäni alyp, ony topraga taşlasaňyz, siz ony ýene-de ölüme höküm edýärsiňiz, ýöne bu gezek eýýäm ýaşaýyş döretme maksady bilen edýärsiňiz. Toprakdaky iýmitlendiriji maddalar, günüň ýylylygy we yzgar — bu zatlaryň hemmesi dänäniň daşky gabygyna täsir edýär. Tizara şol gabyk ýarylýar-da, içinden ýaşyl şine görnüp başlaýar. Bu şine topragyň arasyndan geçip, güne tarap ösüp başlaýar. Şineden kökem ösüp çykýar-da, ony ýere berkidýär. Şine kök urup ulaldygyça, däne ýitýär. Ahyrsoňunda ondan mekgejöwen başy ýa-da bugdaý sümmüli emele gelýär. Mekgejöwen başynda-da, edil bugdaý sümmülindäki ýaly, onlarça täze däneler bolýar. Olaryňam hersinden täze ösümlik çykyp bilýär.

Eger bir däneden gögeren däneleriň hemmesini diňe eksek, onda şol ýekeje däne ýüzlerçe gektar bugdaý atyzlaryna öwrülip gider.

Eger tohumy topraga ekip, ony ösdürmesek, onda hiç bir tohumyňam hasyl getirip bilmeýändigini Isa aýtdy. Elbetde, Isa bu obrazyň kömegi bilen Öz ölümi hakda gürrüň etdi. Isa ýerde ýaşan wagtynda, birnäçe adamlar şypa aldylar, köpler bolsa, Onuň gudratlaryny gördüler. Kimdir biri Mesihiň wagyzlarynyň kömegi bilen Hudaýa iman etdi. Ýöne Isa entek dirikä, dünýä bütinleý gutulyş almady.

Öz durmuşy dowam eder ýaly, hasyl geitirip, getiren hasylam köpeler ýaly, Isa ölmeli boldy. Ol öldi we ölümden direldi, şonuň üçin Onuň durmuşy asyrlaryň dowamynda millionlarça esse köpelip hasyl getirdi. Isany öz Halasgäri hökmünde ykrar edip, günälerine bagyşlanma alanla-

ryň atlary indi Guzynyň Ýaşaýyş Kitabynda ýazylgydyr. Bu zatlar Isanyň ölmek isländigi sebäpli boldy.

Indi bolsa, Reb biziň her birimizi haçymyzy alyp götermeklige – özümiz üçin ölüp, Hudaýda ýaşamaga we Onuň maksadyna ýetmegimiz üçin özümizi durşumyza Oňa tabşyrmaklyga – çagyrýar.

Isa şägirtleri bilen gürrüňini dowam etdirende: *«Janyny söýýän ony ýitirýändir, bu dünýäde janyny ýigrenýän bolsa ony ebedi ýaşaýyş üçin saklaýandyr»* (Ýahýa 12:25) diýdi.

Bizde öz höweslerimiz, isleglerimiz, egoizmimiz, meýilnamalarymyz we maksatlarymyz üçin ölme islegi bolmalydyr. Biz Reb Isa Mesihiň özümizde we özümiz arkaly hereket etmegine dyrjaşmalydyrys. Diňe şonda biz durmuşa bar dolulygynda akyl ýetirip bileris. Diňe şonda biz öz wezipämizi doly ýerine ýetirip bileris. Hakyky hem ebedi zat ýüze çykar ýaly, bizdäki zemini zatlar ölmelidir! Eger Hudaýyň söýgüsiniň özümizi gurşap almagyny we doldurmagyny isleýän bolsak, onda özümizi syndyrmalydyrys we aşa özümizi söýmämizi jylawlamalydyrys.

Ýazgynyň ýene birnäçe parçasy bu pikiri goldaýar: eger şahsy isleglerimiz bilen höweslerimizden ýapyşsak, onda diňe utularys. Ýöne ýolumyzy dowam etdirip, Hudaýyň öz durmuşymyzy dolandyrmagyna ýol bersek, onda ýeňeris (Matta 10:39; 16:24–26).

Kimdir biriniň: «Näme sebäpden Hudaý soňundan direltmek üçin ölmegi talap edýärkä?» diýmegi mümkin. Hudaýyň akyldarlygynyň syry diňe Hudaýyň Özüne mä-

limdir. Ýöne biz şol prinsipiň Onuň ýaradan zatlarynyň hemmesinde görünýändigini görýäris.

Biz üzüm şiresini kimdir biriniň üzüm başlaryny sykandygy üçin içýäris. Kimdir biriniň bugdaý üwäp, un edendigi üçin bizde çörek bar. Biz durmuşa-da, diňe Hudaý özümiziň egoistik isleglerimizi weýran edenden soň doly şatlanyp bileris.

## BIZIŇ GELJEGIMIZI HUDAÝYŇ ÖZI KESGITLEMEK ISLEÝÄR

Köpýyllyk gullugymyň dowamynda men durmuşyny Rebbe tabyn etme prosesiniň ýaşlara hemme zatdan agyr düşýändigini gördüm. Olar öňe seredenlerinde, göwünlerine geljek öňlerinde akla sygmajak mümkinçiliklerden doly bolup ýaýbaňlanyp ýatan ýaly bolup görünýär. Şeýtan bolsa olara hut şu adam bilen gatnaşyk bolmasa, bu adam bilen jynsy gatnaşyk etmese, bu zady almasa geljegiň üstünlikli bolmajakdygy baradaky pikiri olaryň aňyna guýýar. Şonuň üçin ýaşlar şeýtanyň özlerini çekýän «ideal durmuş» atlandyrýan ýerine ymtylyp başlaýarlar. Munuň ýaly durmuşda Hudaýa, özüňiziň düşünişiňiz ýaly, orun ýok.

Şeýtanyň teklip edýän zadynyň yzyndan kowalaşmanyň netijesinde adamda *nebsewürlik* ruhy peýda bolýar. Kähalatlarda nebsewürlik adam üçin çekerden juda agyr gelýän agyr ýük bolýar. Onda hemişe açgözlük elementleri bolýandyr — öňde nämedir bir täze zat bar, hökman nämedir bir zady tapyp almaly, gazanmaly, edinmeli.

Nebsewürlik — bu egoizmiň ýüze çykmasydyr. «Men» öz isleýän zadyny talap edýär. Adam özüne nämedir bir zady almaga teşne bolanda, başgalara näme boljagy hakda asla pikirlenmeýär. Ol öz teni bilen janyna näme boljakdygynyňam pikirini etmeýär. Nebsewürlik başbermezek höwes bolandygy sebäpli, ahyrsoňunda adamy gul edýär.

Şeýtanyň siziň durmuşyňyza gymmatlylyk, many we abraý berýän obýekt görnüşine teklip edýän zatlarynyň hemmesi boş hyýaldyr. Olar çöldäki salgymlar kimindir. Siz boş maksatlara tarap ylgap ýa-da oňa tarap dyrmaşyp bilersiňiz, emma oňa hiç haçanam ýetip bilmersiňiz. Öz pikiriňizçe size ýaşamaga kömek etmeli bolan zat, aslyýetinde, sizi öldürýär.

Eýsem, gowy zat edinme isleginde erbetlik barmy? Ýakynlarymyza iň gowy zady satyn alma islegimizde aýyp zat barmy? Üstünlik gazanmaga jan etmek, näme, günämi?

Ýok! Mesele adam şol zatlarsyz ýaşap bilmände başlanýar. Adam Hudaý bilen gatnaşygyny zatlary edinmeklige we karýera meýilnamalaryna çalşanda başlanýar. Nazarymyz öz maksatlarymyza gönükdirilende, biz Hudaýyň öz öňümizde goýan maksadyny hemişe diýen ýaly ýatdan çykarýarys diýen ýalydyr. Hudaý bilen gatnaşyklarymyzy diňe birinji ýerde goýanymyzda, Ol bize özümizi, dogrudanam, kanagatlandyryp biläýjek zatlarymyzy almaga kömek edip biler.

Bir gezek öz ýakyn gatnaşyk saklan gyzy bilen gatnaşyklarynyň kesilendigi sebäpli örän hasrat çekýän bir

ýigit bilen gepleşmek maňa miýesser etdi. Ol ony janyteni bilen söýýän eken hem-de ömrüni hut şonuň bilen geçirmegi arzuw edýän eken. Ol gyz ony taşlap, başga biriniň ýanyna gidende, ýigit şok ýagdaýyna düşüpdir.

Gürrüňdeşlikde ol özüniň durmuş meýilnamalarynyň hemmesiniň şol gyzyň daşynda aýlanandygyny — oňa ýakyn ýerde ýaşamak üçin täze ýere göçendigini, onuň maslahaty boýunça işini çalşandygyny, onuň ýygnagyna gatnap başlandygyny, hatda onuň islegi boýunça geýnendigini-de — boýun aldy. Tizara ýigit ol gyz tarapyndan basyş edilýändigini duýup başlaýar.

Men ondan: «Işiňi çalyşmany we başga ýere göçmäni saňa Hudaý maslahat berdimi?» diýip soradym. Ýigit öz meýilnamalary hakda Reb bilen gürleşmegiň pikirini hem etmändigini boýun aldy. Şonda men, elbetde, eger gowy durmuşda ýaşamak islese, onda Hudaý bilen gatnaşyp başlamagy maslahat berdim. Men oňa: «Hudaýdan özüň babatda nähili isleginiň bardygyny sora» diýdim.

Men bu ýigide birnäçe ýyllap duş gelmedim. Biz indiki gezek duşuşanymyzda, ol owadan bir gyza öýlenen eken, alty aýlyk çagajygam bar eken. Ol maňa: «Ruhy çopan Stenli, Hudaýyň Sözi boýunça ýaşap başlanymdan soň, köp zatlar üýtgedi. Men dogduk şäherime gaýdyp bardymda, Hudaýyň özüme görkezen ýerinde işläp başladym. Aýalyma bolsa, özümiň ömrüme gatnan ýygnagymda duş geldim. Men kollejde okap ýörkäm, ol maşgalasy bilen biziň şäherimize göçüp gelipdir. Bizi Rebbiň Özi birikdirdi, şonuň üçin biz Onuň ak pata beriji elini görýäris. Durmuşda biziň maksadymyzam bir» diýdi.

Durmuşymyz üçin nämäniň wajyp bolýandygy baradaky pikirini şeýtan biziň boýnumyzdan asmaga çalyşýar. Ýöne onuň edýän zatlarynyň hemmesi-de aldawdyr. Adamlara ak pata bermeklik onuň meýilnamasyna girmeýär. Gaýtam, ol adamy hasrata duçar etmek isleýär. Eger göwnümize durmuşymyzda şonsuz ýaşap bilmejek bir zadymyz bolsa, onda bu biziň üçin signaldyr. Şonuň ýaly ýagdaýda biz Hudaý bilen öz gatnaşyklarymyza gaýtadan seretmeli-de, ilkinji derejede tutýan zatlarymyzy gowuja kesgitlemelidiris.

Isa şägirtlerine: *«“Näme iýeris?”, “Näme içeris?”, “Näme geýeris?” diýip, gaýgy etmäň. Bütin bu zatlary başga milletler agtarýarlar, ýöne Gökdäki Ataňyz bu zatlaryň barynyň size gerekdigini bilýär. Siz öňürti Hudaýyň Patyşalygyny, Onuň dogrulygyny agtaryň, şonda bu zatlar hem size onuň üstüne goşulyp berler» (*Matta 6:31–33) diýip, anyk düşündirdi.

Hudaý siziň nämä mätäçdigiňizi bilýär. Siziň üçin nämäniň gowy boljakdygynam, şol sanda bu «gowy zadyň» näçeräk gerekdiginem bilýär. Biz az zat bilenem oňup bilýäris ahyry. Biz nämesiz oňup bilmeýän bolsak, olam Hudaý bilen gatnaşykdyr. Ilkinji nobatda bize Hudaý gerek. Biz Onsuz hiç zadam edip bilýän dädiris.

Bagtly geljek üçin şeýtanyň «hökman edinmegi» maslahat berýän zady, aslyýetinde wagtlaýyndyr, geçip gidýän zatdyr. Eger biz edinmek isleýän zadymyzy islendik baha bilen edinme islegimizde saklanyp, Hudaýa ýüzlensek, onda Ol ähli mätäçliklerimizi gowy kanagatlandyrar. Eger biz geljegimizi özümiz üçin özbaşdak kesgitlemegi bes

etsek, onda Ol hiç haçan hiç hili serişdeler bilen ýetip bilmejek gowy zatlary bileris. Onuň iň gowy zady biziňki bolar. Ýöne bu zatlar diňe öz garaşsyzlygymyz bilen hoşlaşyp, durmuşymyzy tutuşlygyna Hudaýa tabyn edenimizde şeýle bolýar.

## BIZIŇ GELJEGIMIZI HUDAÝYŇ ÖZI KESGITLEMEK ISLEÝÄR

Bir gezek şu mowzukdaky wagzymy gutaranymdan soň, ýanyma bir gyz geldi-de: «Maksat edinmek, dogrudanam, erbet zatmy? Siz bizi öňünden hiç zady meýilleşdirmän, hemme zady Hudaýa ynanyp, şu gün bilen ýaşamaklyga çagyrýarsyňyzmy?» diýdi.

Öz öňüňde maksat goýmada hiç hili erbetlik ýokdur. Hudaýdan maslahat soraman maksadymyzy kesgitlesek, onda şu erbetdir. Bir zady meýilleşdirenimizde, bize hemişe: «Hudaýym, meniň näme etmelidigimi açyp görkez!» diýip, çyn ýürekden doga etmek gerekdir.

Biziň dogamyz Isanyň Getsemani bagynda: *«Meniň isleýşim ýaly däl, Seniň isleýşiň ýaly bolsun»* (Matta 26:-30) diýip doga edişi ýaly bolmalydyr.

## BIZ MESIHIŇ ÝARADYLYŞYDYRYS

Biz ýeten derejämizde we üstünliklerimizde kime borçly?

Kim boljakdygyňyza we nämede öňe gitjekdigiňize özüňiz jogapkärçilik çekersiňiz öýdýärsiňizmi? Ýa-da siz

Hudaý içiňizde ýaşap, durmuşyňyzy Öz maksadyna ýeter ýaly edip üýtgederine garaşýarsyňyzmy?

Bu iki dürli nukdaýnazardyr. Eger ykbalymyzyň öz elimizdedigine ynanýan bolsak, biz görgüleri kabul edip bilmeýäris.

Akylly adam Hudaýyň bize hukugynyň bardygyny mynasyplyk bilen görkezýän reallygyny ykrar edýär. Hudaýda biziň üstümiz bilen – biziň dilimiziň, gözlerimiziň, aýaklarymyzyň, pikirlerimiziň hem duýgularymyzyň üsti bilen – Özüni öz isleýşi ýaly edip aýan eder ýaly güýjem, ygtyýaram bardyr. Biz, häzirki zaman mesihileri, özümizde diňe bir Mesihiň keşbini şöhlelendirmäge dälde, eýsem, Onuň durmuşy bizde dolulygyna aýan bolar ýaly edip ýaşamaklyga-da çagyrylandyrys.

Mukaddes Kitapda Isa Mesihi öz Halasgärimiz hökmünde ykrar edenimizden soň, öz-özümiziňki bolmaýandygymyz we geljegimizi özümiziň kesgitläp bilmeýändigimiz aýdylýar. Resul Pawlus: *«Siz iman arkaly merhemet bilen gutuldyňyz. Bu siziň öz tagallaňyz däl, Hudaýyň sylagydyr. Hiç kim magtanmaz ýaly, oňat işlere-de bagly däldir. Çünki biz Hudaýyň öňden taýýarlan oňat işlerinde gezer ýaly, Onuň Mesih Isada ýaradylan eseridiris»* (Efesliler 2:8–10) diýip ýazýar.

Gutulyşyňyza hiç hili mynasyp bolmaýşyňyz ýaly, käwagt özüňizi gurşap alýan şöhrata-da mynasyp dälsiňiz. Siz başdan ahyryna çenli Hudaýyň ýaradylyşysyňyz. Hudaý sizi ugrukdyryp, Özi bilen we Özi üçin etmeli bolan gowy işleriňize – siziň zehiniňize we ukybyňyza, bilimiňize we endikleriňize gabat gelýän işlere, ýagny

Hudaýyň sizi bereketläp beren zatlarynyň hemmesine — tarap ýoly görkezer.

Ýaşan ýyllaryma nazar aýlanymda, indiki ädimi ätmäge kömek edip, Hudaýyň özümi bir wakadan beýleki waka alyp baranyna haýran galmagymy bes etmeýärin. Hudaý meni hemişe Özüne peýdaly bolmagym üçin kämilleşdirip biläýjek ýerlerinde we ýagdaýlarynyň içinde ýerleşdirdi.

Ýetginjekkäm güzeranymy dolandyrmak üçin gazet satdym. Bir agşam meniň bilen gümür-ýamyr edişmek üçin dostlarymyň biri Julian saklandy. Men onuň bilen öz meýilnamalarymy paýlaşdym. Şol wagt göwnüme Reb meni wagyzçy bolmaga çagyrýan ýaly boldy. Men: «Bilýärsiňmi näme, maňa kollejde okamak gerek, ýöne mende onça pul ýok» diýdim. Biz ýakyn dostlar däldik, şonuň üçin ýöne bir duş gelen zatlar hakda gürrüň etdik. Şol wagt biziň ýanymyzdan biziň ýygnagymyzyň ruhy çopany geçiberdi. Birdenem Julian: «Jenap Hemmok, Çarlz Reb özüni wagyzçy bolmaga çagyrýar diýip hasaplaýar. Siz oňa kolleje okuwa girmäge kömek edip bilmersiňizmi?» diýip gygyrdy.

Ruhy çopan Hemmok hem: «Kömek edip bilermikäm diýip pikir-ä edýärin. Goý, ol ýygnaga meniň ýanyma barsyn» diýdi.

Ertesi güni men onuň kabulhanasyna bardym. Bu duşuşyk meniň üçin durmuşymdaky iň wajyp duşuşyklaryň biri boldy. Ruhy çopan Hemmok öz ýaşaýan şäherimden üç ýüz kilometr uzaklykda ýerleşýän Riçmond uniwersitetinde okan dört ýylymyň dowamynda-da talyp hakyny almagyma kömek etdi.

Şol agşam Julian bilen gürleşmegim tötänlik bolupdymy? Jenap Hemmok biziň deňimizden tötänden geçdimikä, Julianam ony tötänden sakladymyka? Şeýledir diýip pikir etmeýärin. Hudaý Özüniň menden ýaşyryn bolan ýollary bilen hereket etdi.

Hudaý diňe bir biziň dirižýorymyz bolman, eýsem, kompozitorymyzdyram.

Isa Mesih biziň durmuşymyzyň awtory hem tamamlaýjysydyr (Ýewreýler 12:2 serediň).

Biz kejirlik bilen öz powestimizi ýazmaga dyrjaşýarkak, Hudaý ýüregimiziň düýrme sahypalaryna Öz islegini çekip bilmez.

Biz tutanýerlilik bilen öz ýolumyzy gurýarkak, Hudaý bizi Özüniň dogrulyk ýoly bilen alyp gidip bilmez.

Durmuşymyzy özdiýenliligimiz bilen dolandyrýarkak, Hudaý biziň Patyşamyz hem Rebbimiz bolmaýar.

Öz isleglerimiziň ýerine ýetirilmegini öňe sürýärkäk, Hudaý bizi üstünlige, hasyllylyga we ak patalara alyp baryp bilmeýşi ýaly, bize Öz isleglerinem açyp bilmeýär.

Öz ykbalymyzy özümiziň dolandyrýandygymyzy duýýarkak, Hudaýyň özümiz üçin niýetlän durmuşynyň dolulygyny duýup bilmeýäris.

Biz Onuň ýaradanlarydyrys. Eger öz bilşimiz ýaly hereket etsek, Hudaý bilen gatnaşyklarymyzy bozýarys we öz durmuşymyzy Rebbe doly tabyn etmekden ýüz öwürýäris.

# 4-NJI BAP

## GÖRGÜLERIŇ MANYSYNA DÜŞÜNME ÝOLUNDAKY PÄSGELÇILIKLER

Görgüleriň Hudaýyň maksadynyň bir bölegi bolup durýandygyna düşünme ýolunda birnäçe sany päsgelçilikler durandyr. Iň esasy päsgelçilikleriň biri-de, mesihilik durmuşy ─ bu biziň edýän zatlarymyzdyr diýip pikir etmekdir. Eger kimdir birinden mesihä kesgitleme bermegini sorasak, biziň: «Mesihi ─ bu ýygnaga gatnaýan, ol ýerde aýdym aýdýan, doga edýän, pul sadaka berýän, Mukaddes Kitaby okaýan we öz imany hakda başgalara gürrüň berýän adamdyr» diýen ýaly jogaplary eşitsek gerek. Dürli adamlarda bu sanaw, elbetde, dürli bolýar. Olaryň biri: «Ol içmeýändigi, çilim çekmeýändigi we paýyş sögünmeýändigi üçin mesihidir» diýýär. Beýlekileri bolsa: «Ol ýigitler bilen gezmeýändigi, gijeki klublara barmaýandygy üçin mesihidir» diýýärler.

Ýöne mesihilik durmuşy biziň edýän zatlarymyz bilen kesgitlenilýän däldir.

Ol Isa Mesihiň biziň üçin haçda eden zady, şeýle hem, Ony öz Halasgärimiz hökmünde ykrar edenimizden soň, kim bolýandygymyz bilen kesgitlenilýär. Şeýlelikde,

mesihilik durmuşy Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasynyň we güýjüniň kömegi bilen kim bolýandygymyz bilen kesgitlenilýändir.

Elbetde, adam Mesihe näçe köp meňzese, şonçada onuň durmuşy üýtgeýändir. Haýsydyr bir endikleri onuň täzelenen durmuşynda ýerliksiz bolar. Mesihdäki mesihiniň durmuşynyň dolulygy hökman gullugynda, Hudaýy şöhratlandyrmasynda we Hudaýa bildirýän minnetdarlygynda şöhlelener. Hakyky mesihi: «Hemmeler meniň mesihidigime düşüner ýaly, men nähili hereket etmeli!» diýen soragy bermeli däldir. Hakyky mesihi Hudaýyň söýgüsine jogap berip, hemme zatda öz deregine Mesih bolan bolsa, nähili hereket ederdi diýip çaklaýan bolsa, şonuň ýaly-da hereket eder.

## BIRINJI PÄSGELÇILIK: ÖZÜŇE GÖWNÜŇ ÝETMESI

Synaglar döwründe siziň duş gelip biläýjek iň uly kynçylyklaryňyzyň biri-de, mesihi bolmanyň nämäni aňladýandygyna we mesihilerçe ýaşamanyň nämedigine täzeçe düşünmeklik bolýandyr. Mesihi üçin esasy zat işler däl-de, Isa Mesih bilen gatnaşyk bolup durýandyr. Işler Mesihiň aladasydyr. Ol bizi üýtgedip, kem-kemden Özüne meňzetmek bilen meşgullanýar. Ol bir şahsyýetdäki hem awtor, hem redaktordyr. Ol biziň durmuşymyzy Öz maksadyna doly laýyk geler ýaly edip üýtgedýär.

Siz öz günäli tebigatyňyzy üýtgedip bilmeýärsiňiz. Ertir bilen aýnada özüňize seredip: «Şu gün men özümi ähli

günälerimden arassalaýaryn, şonda durmuşym düýbünden üýtgär» diýip bolmaýar. Bu asla mümkin zat däldir. Köpler özlerini ruhy taýdan üýtgetmek isleýärler, ýöne olaryň hemmesi gutulgysyz bolan şol bir netijä gelip: «Meniň özüm muny edip bilemok» diýýärler. Adamyň ýüregini diňe Isa Mesih arassalap hem üýtgedip bilýär. Diňe Hudaý tarapyndan özümize berlen Mukaddes Ruh bize dogry karara gelmegi öwredip, ýüreklerimizi ýumşadyp, dogry saýlaw ederimiz ýaly, aklymyzy nurlandyryp bilýär.

Bize özümiziň palçykdygymyzy, Hudaýyň bolsa küýzegärdigini hemişe ýatda saklamak gerekdir.

## IKINJI PÄSGELÇILIK: SYLAGLAR WE ZEHINLER

Görgüler wagtynda ak pata alma ýolundaky ýene bir päsgelçilik — zehinlerimiz bilen sylaglarymyz bolup durýandyr. Bu garşydaşlyk ýaly bolup görünýär, ýöne sylaglarymyz bize öz üstüni doly açmaga päsgel berýän, eýsem, täzelerini edinmäge-de päsgel berýär.

Kime köp berlen bolsa, şol adamlar hem Hudaý tarapyndan goýberilen hasrat döwrüni gaty kynlyk bilen başdan geçirýärler. Hut zehinli adamlar has şöhratparaz hem özüne göwniýetiji bolýarlar. Eger ünslüje seretseň, onda hut zehinli adamlar beýlekilere seredende artykmaçlyga eýe bolýarlar.

Sylaglar hem zehinler bilen baglanyşykly bolan mesele olara eýe bolma faktynyň özünde däl-de, adamyň olara

doly bil baglaýandygyndadyr. Hudaýyň özümize sowgat beren zehinlerine doly bil baglanymyzda, biz köp zady ýitirýäris. Biz özümizi Rebbiň öz sylaglarymyzy Özüniň barlygy bilen güýçlendirip, olary düýşümize-de girmedik derejede köpeldişini görme mümkinçiliginden mahrum edýäris.

Eýýäm özünde bar bolan zehini bilen kanagatlanýanlar özleriniň hakykatdanam, mätäç bolan zatlaryny Hudaýdan örän seýrek soraýarlar.

Olar nämeden mahrum bolýandyklaryna düşünmeýärler.

Olar özlerini Hudaýyň ulanyp biljekdigini görmeýärler.

Olar özleriniň durmuşy babatdaky Hudaýyň maksadyna düşünmeýärler.

Olar ak patanyň deňinden geçip barýandyklaryna düşünmeýärler.

Meniň köp ýyllyk ruhy çopançylyk tejribäm hut zehinli ýa-da pully adamlaryň öz durmuşyny özbaşdak dolandyrmaga çalyşýandygyna meni ynandyrdy. Olar özlerinde ýitirer ýaly zat bar hasaplaýarlar-da, öz baýlygyny saklamak üçin ellerinde baryny edýärler. Onda-da olar baýlygyny hemmelerden, hatda özlerinden-de aňyrrakda gizlemäge taýýar bolýarlar.

Ýöne zehinli adamlar adam özüni Hudaýa tabşyranda, onuň hiç zat ýitirmeýändigine düşünmeýärler. Özümizi Hudaýa tabşyrmaklyk bizi baýlygymyzdan mahrum etmeýär. Hudaýyň bizi Öz elinde gural etme ukybynyň beýik syry ýönekeý prinsipde jemlenendir: *«Beriň,*

*size-de berler. Gujagyňyza basylyp silkelenip, pürepür, oňat ölçeg bilen berler. Çünki haýsy ölçeg bilen ölçeseňiz, size-de şol ölçeg bilen ölçeler»* (Luka 6:38).

Bu aýatlarda diňe bir maliýe ýa-da material abadançylyk hakda däl-de, eýsem, adamyň eýe bolan zatlarynyň hemmesi hakda gürrüň edilýär. Biz Hudaýa näme bersegem, Ol bize ony artykmajy bilen gaýtaryp berýär. Bizem beren zadymyzy artykmajy bilen yzyna alanymyzdan soň, şatlyk, rahatlyk hem kanagatlanma duýgusyna eýe bolýarys. Ol bize şeýle köp berýär welin, biz Onuň bilen asla hasaplaşyp bilmeýäris.

Biz şeýle hem, durmuşymyza Rebbiň paýhaslylyk bilen ygtyýar edişi ýaly ygtyýar edip bilmeýäris. Bizi Ol ýaratdy, şol sebäpli-de, durmuşda nähili alyp barmalydygyny diňe Ol bilýär, öz mümkinçiliklerimiziň çäklerinde kämillige ýetmegimize diňe Ol kömek edip bilýär. Biziň nämelere ukyplydygymyzy we potensialymyzy dolulygyna nädip durmuşda ulanmalydygymyzy Ol bilýär.

Öz durmuşymyzda peýda bolýan mümkinçiliklere seredenimizde, köplenç: «Nähili hereket etmelidigini men bilmeýärin. Nämäni saýlamalydygyny we nirä gitmelidigini men bilmeýärin» diýip boýun alýarys.

Emma Hudaý welin bilýär. Ol diňe bir biziň nämä ukyplydygymyzy bilmän, eýsem, özümizde bardyr öýtmeýän ukyplarymyzy, sylaglarymyzy we zehinlerimizi nädip aýdyň ýüze çykarmalydygynam bilýär.

Zehinli adam hasrata duş gelende, özüniň kyn ýagdaýyny öz güýji bilen düzetmäge çalyşýar. Ýöne Hudaýa ýüzlenip: «Hudaýym, Sen meniň bilmeýän zatlarymy

bilýärsiň. Men özümi Saňa tabşyrýaryn. Meni we zehinimi näme etmek isleýän bolsaň, şony hem et» diýip boýun almaklyk hemmesindenem paýhaslylyk bolýandyr.

## ÜÇÜNJI PÄSGELÇILIK: BIL BAGLAMANYŇ ÝALAN OBÝEKTLERI

Hudaý bizi üýtgedende, Ol durmuşymyzyň ähli sferalaryny Öz islegine tabyn etmek isleýär. Şunuň ýaly ýagdaýa ýetmek üçin Hudaý özümizi Oňa doly tabşyrmaga pesgel berýän, Oňa doly ynanmaga mümkinçilik bermeýän zatlaryň hemmesini bizden aýyrýar.

Hudaýyň maksady biziň hemme zatda Özüne ynanmagymyzdan ybaratdyr. Eger ýekeje zatda özümize ynansak, onda Hudaýa doly ynanmaýarys. Biziň — bilip ýa-da bilmän — bil baglamamyzyň islendik obýekti Hudaý bilen biziň aramyzda haýat, päsgelçilik hem böwet bolýar. Eger Mukaddes Kitabyň toýun hem küýzegär baradaky obrazyny ýene-de ulansak, palçygyň içindäki daş, taýýar boluberen gabyň içindäki gabarçyk, toýuny mundan beýläk işlemäge mümkinçilik bermeýän kemçilik biziň bil baglamamyzyň obýekti bolýandyr.

Biz nämä bil baglamaga meýilli?

### *Öz güýjümize*

Birinjiden, biz özümize bil baglama kararyna gelýäris. Biz garaşsyzlyga ymtylyş bilen bilelikde dogulýarys. Biziň köpimiz ýüreklerimiziň daş sahypasyna: «Hudaý

girmeli däl!» diýip, bireýýäm ýazyp goýduk. Beýlekiler bolsa: «Hudaý, ine, Saňa durmuşymyň bir bölegi — özem togsan dokuz göterimi — ol ýerde islän zadyň baryny et. Galan bir göterimini bolsa, özüme aljak» diýýärjer. Biz isleýän ýerimize gitmek isleýäris, isleýän zadymyzy satyn almak isleýäris, kellämize gelen hereketi etmek isleýäris, dostlaşmak isleýän adamlarymyz bilen dostlaşmak isleýäris. Başga sözler bilen aýtsak, isleýşimiz ýaly ýaşamak we islän ýerimizde ýaşamak isleýäris.

Hudaý bolsa, eger Öz güýjüni, akyldarlygyny we söýgüsini almak islesek, onda özümizi dolulygyna Özüne ynanmalydygymyzy, hiç zady äsgermezçilik etmeli däldigimizi hem-de hiç zady özümiz üçin alyp galmaly däldigimizi aýdýar.

## *Baýlygymyza*

Ikinjiden, biz pulumyza hem beýleki material abadançylyklara bil baglaýarys. Men örän baý bolan bir adamy tanaýardym. Bir gezek ol maňa degişme äheňinde: «Eger hasabymda otuz müň dollardan az pul galsa, özümi garyp duýýaryn» diýdi.

Ol pula bil baglaýardy. Ol telekeçilik bilen gitdigiçe köp meşgullanyp, maşgalasyna we ýygnakdaky dostlaryna az wagt galdyrýardy. Ýöne ol işine näçe köp wagt sarp etdigiçe, dogry karara gelmeklik şonça-da oňa kyn düşýärdi. Tizara birnäçe şowsuz inwestisiýalar ony doly tozdurdy. Onuň köp ýyllaryň dowamynda äsgermezçilik eden aýaly ýekelikden ýadap, ony taşlap gitdi. Hemme

zatdan jyda düşenden soň, ol kiçijik bir otagly jaýda galdy. Ol güýjünde baryny edip, baýlygyny gaýtaryp aljak boldy, emma ol ahyrsoňunda: «Ýa Reb, men Seniňki. Men Saňa bil baglaýaryn. Bütin ömrüme men diňe pula bil bagladym. Emma indi welin, men Saňa ynanjak» diýýänçä, Hudaý oňa merhemet etmedi.

Şu ýagdaýyň üsti bilen Hudaý oňa ýaşaýyş üçin zerur bolan möçberde gazanmagy öwretdi. Bu adamyň durmuşyndaky iň uly gudrat onuň indi baýlyk hakda alada etmeýändigi boldy. Ol indi pula daňylan däl.

## *Daşky keşbimize*

Birnäçe adamlar özleriniň daşky keşplerine we başgalarda özleriniň galdyrýan täsirlerine bil baglaýarlar. Olar özleriniň daşky keşbiniň hemme zatda özlerine kömek ederine bil baglaýarlar.

Men bütin ömrüne owadanlygyna galmaga dyrjaşan bir aýaly bilýärin. Ol hatda gartaşan ýaşynda-da diýseň gözel görünýärdi. Töweregindäki adamlarda gowy täsir galdyrmak onuň üçin iň wajyp zatdy.

Ýöne ýetmiş ýaşynda ol agyr syrkawlady. Keseli güýçlenip başlanda, ol daşky keşbiniň indi özüni gyzyklandyrmaýandygyna düşünýär. Bu aýalda daşky gözelligiň deregine, şol wagta çenli özüne has ýakyn bolan adamlaryňam bilmedik içki gözellik peýda bolup başlaýar. Onuň daşky keşbi soldy, ýöne ruhy welin, behişdi gözelligi bilen nur saçdy. Ol özüni görmäge baranlaryň hemmesi üçin ruhlandyrma çeşmesi boldy, sebäbi ol öz durmuşyn-

da hereket edýän Hudaýyň merhemetiniň dolulygyny paýlaşyp bildi.

Ol aýal kalby asuda bolup hem-de ýüreginde şatlyk bilen dünýäden ötdi. Ölmezinden öňräk ol: «Indi men başga dünýä geçmeklige taýýar» diýdi. Bu ajaýyp iman beýanydyr we görgüleriň öz ýagşylygyna bolandygynyň ykrar edilmesidir.

## *Ýeten derejelerimize we abraýymyza*

Birnäçe adamlar özleriniň ýeten derejelerine we geçmişde eden uly işlerine bil baglaýarlar. Olar özleriniň abraýynyň durmuşynyň ähli sferalarynda kömek ederine garaşýarlar.

Birnäçe ýyl mundan ozal men işlerinde özüniň eli egriligi bilen meşhur bolan örän tekepbir hem gopbam bolan bir adama duş geldim. Men bu adamyň başgalar bilen nähili gürleşýändigini eşitdim, şonda Hudaý meniň ýüregime: «Onuň üçin doga et» diýdi. Dogrymy aýtsam, men hatda bu hakda pikirem etmändim, sebäbi ol adam maňa ýaramaýardy.

Birazrak wagt geçenden soň, men bu adama ýene-de duş geldim. Bu gezek ol meni bile naharlanmaga çagyrdy. Men juda bir isläp durmasamam razylyk berdim. Ol asuda, mylakatly söhbetdeş bolup çykdy. Ol düýbünden öňki tanan adamym däl ýalydy.

Ol maňa öz taryhyny gürrüň berdi. Özüniň bir wagtlar esaslandyran kompaniýasyndan ony işden çykarypdyrlar. Onuň betbagtçylyklar käsesi doldy. Ýöne ol hut

şol wagtda Hudaýa ýüzlendi. Ol özüniň güýçsüzligi bilen ylalaşdy-da, hemme zady Hudaýa tabşyrdy. Onda öňküsi ýaly, iş ýokdy, ýöne häsiýeti welin, düýbünden üýtgedi. Bu duşuşykdan soň onuň iki hyzmatdaşy bilen täze kompaniýany esaslandyrandygyny eşitdim. Ol bu gezekde hemme zady Hudaýyň söýgüsiniň ruhunda we işleşýän adamlarynyň hemmesine hormat goýmak bilen edýär.

Her gezek öz abraýymyza bil baglanymyzda, özümizi töwekgelçilige sezewar edýäris. Häzirimizi we geljegimizi Öňdengörüjä doly ynanmanyň deregine, özümiziň geçmişdäki abraýymyza daýanýarys.

## DÖRDÜNJI PÄSGELÇILIK: ÖZ DURMUŞYŇ ÜSTÜNDEN GÖZEGÇILIK ETME ISLEGI

Durmuşyňyzyň haýsy sferasyny Hudaýdan gizlemäge çalyşýarsyňyz? Siz nämäniň üstünden gözegçiligiňizi saklamak isleýärsiňiz? Ýüregiňiziň haýsy burçuna Hudaýy çagyrmak islemeýärsiňiz?

Tanyşlarymyň käbirleri Hudaýa şeýle sferalar hakda aýdyp, olaryň üstünden gözegçiligi Hudaýa bermek islemeýändiklerinem hatda boýun alýarlar, ýöne ondan aňry gitmeýärler. Olar özlerini: «Hiç kimem kämil däl ahyry» diýmek bilen aklajak bolýarlar. Olar mundan başga-da: «Eger köp ýyllaryň dowamynda men muny ýeňip geçip bilmedik bolsam, diýmek, Hudaý meni şeýle ýaradypdyr» diýýärler. Ýöne aslyýetinde olar durmuşynyň şu böleginiň üstünden gözegçilik etmäni Hudaýa bermek islemeýärler.

Köp ýyllaryň dowamynda gününe iki gap çilim çeken bir adamy tanaýaryn. Ol çilim çekmekligiň saglygyňa zyýanlydygy bilen doly ylalaşýardy. Ýöne bu bolgusyz endigi taşlamak üçin erkini berkitmegini sorap, Hudaýa dileg etmegi teklip edenimde, ol kellesini çaýkap: «Ýok! Bilýärsiňmi, göwnüme bolmasa, Hudaýyň munuň bilen işi ýok ýaly. Taşlamalymy ýa ýok, muny özüm çözýärin» diýdi. Bu adama diňe teselli berer ýer galmadyk diagnozy goýup, onuň öýken emfizemasy bilen keselländigini aýdanlarynda, ol meni çagyryp, özi üçin doga etmelidigimi haýyş etdi.

Men ýene-de köp ýyllaryň dowamynda göwreli bolmaga synanyşan bir aýaly bilýärin. Onuň adamsy hünärmenlere we önelgesizleriň meşhur klinikalaryna gatnamalara müňlerçe dollar pul sarp etdi. Bir gezek men olardan Hudaýdan Özünde nähili islegiň bardygyny soran soramandyklary bilen gyzyklandym. Şonda aýal güldide: «Men bu hakda Hudaý bilen gepleşmäge gorkýaryn. Birden Onuň bizde çaga bolmagyny islemeýändigi aýan bolaýmasyn» diýdi.

Biziň her birimizde-de şeýle gizlin sferalar bar. Biz olaryň üstünden gözegçiligi saklajak bolup, güýjümizde baryny edýäris. Ýöne Hudaý hut şol ýere hem girmek isleýär. Mundan başga-da, biziň şeýle berk saklaýan zadymyz biziň durkumyz bilen Özüne wepaly bolmagymyz üçin Hudaýyň üstünde işleýän zadydyr. Onuň islegi bilen maksady biziň Özüne doly hem tutuşlygymyza tabyn bolmagymyzda jemlenendir.

Men ýurduň günbataryna gidip, onuň giňişliklerine syýahat etmäni gowy görýärin. Salkyn gijelerde çadyrda

ýatmak, tebigaty ýa-da aw awlaýşymyzy surata düşürmek maňa ýaraýar. Daglarymyzyň we tekizliklerimiziň ajaýyp gözelliklerini men juda gowy görýärin. Syýahata ugrajak bolanymda, köplenç men münmek üçin at alyp gidýärin. Käwagt asuda at düşýär. Ol özünden nämäniň talap edilýänini bilip, uýanyny çalaja çekeniňden gulak asýar. Munuň ýaly at derrew tabyn bolýar. Oňa käwagt öz isleýşiň ýaly bir zat etmek üçin ýekeje sözem ýeterlik bolýar.

Ýöne biz örän başbermezek atlarda-da gidip gördük. Men uýany çekip hem silkeläp, gamçy bilen urubam, ata gygyrybam gördüm, emma hiç zat edip bilmedim. Munuň ýaly atlar baş öwredilen atlardy, ýöne şeýle-de bolsa, meniň göwnüme bolmasa gaty gowy öwredilmändir. Şonuň ýaly atlar zerarly men käwagt kyn ýagdaýlara düşýärdim. Olar depelerden tizlik bilen ylgap geçýärdiler, dar ýodalardan ýöremek islemeýärdiler. Ynanaýyň, şunuň ýaly wagtda gowuja baş öwredilen, diýen ediji aty almak has gowy bolýandyr.

Baş öwredilen wagtynda näme bolýar? Giň ýaýran pikirleriň tersine gidip, hiç kim aty syndyrmak ýa-da basmak isleýän däldir. Gowy türgenleşdirilen at güýçli, gaýratly, düşbi hem akylly bolýar. Eger oňa erk berseň, ol höwes bilen öňürdikläp ylgar. Baş öwredilen at diňe bir zady, ýagny öz garaşsyzlygyny ýitirýär, ýöne islendik pursatda öz üstüne münen adama gulak asýar.

Hudaýyň çagasy-da şunuň ýaly pursaty başdan geçirende, Hudaý onuň ruhuny syndyrmak islemeýär. Biz Mesihe gelenimizde, ýaşaýşa bolan gyzyklanmamyzy

ýitirmeýäris. Biz öz indiwiduallygymyzy-da ýitirmeýäris. Biz diňe öz garaşsyzlygymyzy ýitirýäris. Özümiziň Rebbimiz hem Halasgärimiz hökmünde Atlandyrýanymyza hemişe boýun bolmagymyz üçin erkimiz Gökdäki Atamyzyň erkine tabyn edilmelidir.

Biz, elbetde, öz pikirimizi öňe sürüp bileris. Hudaý bizi Mesihi Halasgär hökmünde ykrar edenimizden soňam, ondan öňem azatlykdan mahrum etmeýär. Hudaýyň özümize näme diýýändigine we nirä alyp barýandygyna üns bermän, öz diýenimizi edip bileris. Ýöne Hudaýyň pikirine garamazdan, öz erkimize hereket etsek, onda erbet baş öwredilen at kimin, özümizi howp astyna salýarys. Hudaý günäniň we ýamanlygyň içinde öz erkimize azaşyp ýörmämiziň otrisatel netijelerini görmegimizi islemeýär.

Weýran edilme — bu biziň öz erkimizi Hudaýyň erkine doly tabyn eden, Onuň buýrugyny eşidenimizde, jedeleşmeýän, aklanmaga synanyşmaýan, Onuň sözlerini analizlemän, Mukaddes Ruhuň sesi özümizi nirä alyp gitse, şoňa-da ýöne bir gitme ýagdaýydyr. Munuň ýaly tabynlygyň netijesi Hudaýyň diňe bir häzirki wagtda däl-de, eýsem, geljekde-de ak pata bermesi bolar.

## BAŞINJI PÄSGELÇILIK: ÖZÜMIZDÄKI «MEN»

Hudaý biziň durmuşymyza gynanma hem tukatlyk döwrüni bermek bilen bizdäki egoizmimiziň, özümizi

söýmämiziň, özümize bil baglamamyzyň we özümize göwniýetmämiziň, garaz bizde özümizdäki «meniň» tegmillerini göterýän zatlaryň hemmesiniň hötdesinden gelmäge çalyşýar.

Kimdir biri üçin «men» sosial status — ygtyýar, jemgyýetdäki dereje, abraý — bilen baglanyşdyrylýar.

Käbirleri üçin «men» akyl zehininden ýa-da häsiýetiň dost gazanmaga we töweregindäkilere täsirini ýetirmäge mümkinçilik berýän aýratynlyklaryndan aýra däldir.

Başga birleri üçin «men» daşky keşp ýa-da saglyk — gözellik, fiziki forma, gujurlylyk — bilen hemişe baglanyşykly bolýandyr.

Ýene-de biri üçin «men» maddy üpjünçilikden, gurply ýaşaýyş ýerinden aýra bolýan däldir.

Biziň öz-özümiz hakdaky düşünjämiz Hudaýa näderejede ynanýandygymyzy we durmuşymyzy Oňa näderejede tabyn edendigimizi açyp görkezýär.

Özüňizden: «Men haçan özüme ýaraýaryn? Haçan özümi ýigrenýärin?» diýip soraň.

Eger şowsuz melirleme, işdäki kynçylyklar ýa-da gymmatly zadyňy ýitirme sizi doly ysmaz edýän bolsa...

Eger siz öz aýalyňyzdan ýa-da adamyňyzdan öwgüli söz eşitmelidigiňizi duýýan bolsaňyz, öz bahaňyzy bilmek üçin maliýe garaşsyzlygyna dyrjaşýan bolsaňyz...

Eger belli bir sosial derejä ýetýänçäňiz, nähilidir bir ýeňillikleri we artykmaçlyklary alýançaňyz ýa-da ýeten derejäňiz üçin abraý alýançaňyz, göwnüňize siz «hiç kim» ýaly bolýan bolsa... onda size Hudaý bilen öz aragatnaşyklaryňyza täzeden baha bermek zerurdyr. Hudaý

biziň özümiz baradaky pikirimiziň Öz söýgüsine we nämäniň gymmatdygyna we hormata mynasypdygyna bolan düşünjesine hemme taraplaýyn hem doly esaslanmagyny isleýär.

Hudaýa garanda güýçlüräk bil baglaýan zadymyza ýetjek bolup dyrjaşdygymyzça-da, tukatlyk döwri şonçada agyryly bolup biler. Käwagtlar edil Hudaý Özüne garanda, köpräk bil baglaýan zatlarymyzyň hemmesini sykyp, sogrup almaga çalyşýan ýaly bolup görünýär. Bu prosesiňem örän agyryly bolmagy mümkin. Gaýgylar, kynçylyklar we görgüler hemişekilerine garanda juda ýiti duýlar.

Hudaý durmuşymyzyň haýsydyr bir sferasyny weýran edip başlanda, şol sfera has-da berk ýapyşmaklyk biziň adaty edýän hereketimiz bolýar. Hudaýa nämäni bermelidigini adatça biz bilýäris. Adamlar bilen Hudaýyň bizi weýran edişi barada edilen köp sanly gürrüňdeşliklerde men hemişe: «Eden hereketlerimiň Hudaýyň islegine garşy bolandygyny bilýärin, ýöne men barybir özümçe ýaşadym» diýen ýaly sözleri eşidýärin. Bu duýgy intuitiw, nähilidir bir derejede düşünilmedik duýgy hem bolup biler, emma nähili bolanda-da, adamlar öz durmuşynyň haýsydyr bir sferasyna Hudaýy goýbermeýändiklerini bilýärler.

Biz näme üçin munuň ýaly edýäris? Sebäbi durmuşymyzyň ähli sferasyna özümiz gözegçilik etmek isleýäris. Bu hem aç-açan görnüşdäki tekepbirlikdir.

Biz Hudaýyň özümizi söýýändigine garamazdan, bize kömek etmez, haýyşlarymyzy ýerine ýetirmez, kanagat-

lanma duýmaga ýol bermez diýip gorkýarys. Biz durmuşda nämedir bir zat ýetmezçilik eder, gowy bir zatdan jyda düşeris, gowy täsir galdyryjy zady hiç haçan duýmarys diýip howatyrlanýarys.

Özüňizden: «Hudaý meni näderejede söýýär?» diýip soraň.

Bir gezek men bu soragy bir tanyş zenana berdim. Onuň adamsy uzaga çeken keselden soň dünýäden ötüpdi, şonuň üçin ol Hudaýa juda gaharlydy. Ahyrsoňunda ol dil ýaryp:

— Hudaýa hemme wagtkylardan-da beter mätäç bolan wagtymda, Ol meni terk etdi, — diýdi.

Men ony Hudaýyň bizi hiç haçanam terk etmeýändigine ynandyrdym. Ol hemişe biziň bilen. Onuň kynçylygy, özüniň düşünişiçe, Hudaýyň ony durmuşyň kyn pursatynda terk edendiginde däldi-de, onuň öz betbagtçylygy bilen Hudaýyň däl-de, adamlaryň ýanyna barandygyndady. Hudaý ony terk etmändi-de, ol Hudaýy terk edipdi. Ýöne men muny oňa göni aýdyp durmadym, sebäbi ol meniň pikirimi kabul edip bilmeýärdi. Men ondan diňe:

— Siziň pikiriňizçe, Hudaý sizi nähili derejede söýýär? — diýip soradym.

Ol hasrat bilen uludan dem aldy-da:

— Men-ä, Hudaý meni asla söýenok diýip pikir edýärin, — diýdi.

Eger şeýle bolsa, onda onuň Hudaýyň söýmeýän ýer ýüzündäki ýeke-täk adamydygynyň mümkindigini aýtmak bilen jogap berdim.

Bu sözler ony haýran galdyrdy, şonuň üçin men sözümi dowam etdirdim:

— 1 Ýahýa 4:8-de Hudaýyň söýgüdigi aýdylýar. Söýgi — bu Hudaýyň iň esasy häsiýetidir. Hudaýyň beýleki häsiýetleri ýaly, bu häsiýetem kämildir. Hudaýyň tebigaty üýtgemeýär. Şonuň üçin Ol eger bir adamy söýýän bolsa, onda hemmelerem söýýändir.

— Onda näme boldy? Näme üçin Hudaý adamymyň keselden munça ejir çekip ölmegine ýol berdi? Hudaý meni söýübem, munuň ýaly zada nädip ýol berip bilýär? — diýip, ol sorady.

— Men bilemok. Hudaýyň näme üçin munuň ýaly zady edýändigini men bilemok, ýöne men Hudaýyň sizi we merhum adamyňyzy söýmegi hiç haçanam bes etmändigini bilýärin. Meniň pikirimçe, Hudaý geljekde özüňize kömek etmez diýip gorkýandygyňyz üçin siz Oňa gaharlanýarsyňyz, — diýip jogap berdim.

Ol sesini çykarman kellesini atdy. Şonda onuň gözlerinde ýaş peýda boldy. Men sözümi dowam etdirip:

— Hudaýyň hemişe siziň ýanyňyzda boljakdygyna sizi ynandyrmak isleýärin. Rebbiň geljekde siziň üçin näme taýýarlap goýandygyny men bilemok welin, ýöne Onuň sizden Özüne doly ynanmaklyga garaşýandygyna ynanýaryn. Ol durmuşyňyzdaky her bir güni Özüne ynanmagyňyzy isleýär, — diýdim.

Eger göwnümize Hudaý özümizi söýmeýän ýa-da çala söýýän ýaly bolup görünse, onda Hudaýa ynanmaýandyrys. Ynam meselesi öz tebigaty boýunça söýgi meselesidir. Özüňizden şulary soraň:

- Hudaý meni öz bähbidime bolan zatdan mahrum edermi?
- Hudaý meni nähili adam hökmünde görmek isleýän bolsa, şonuň ýaly adam hem bolmagyma kömek etjek zady Ol menden alarmy?
- Hudaý menden özüm üçin ruhy ak pata bolan zady alarmy?
- Hudaý meni özüme öwredýän, özümi berkidýän we ruhlandyrýan zatdan saklarmy?
- Maňa kanagatlanma, rahatlyk hem şatlyk duýgusyny berýän zady Hudaý menden gizlärmi?
- Bar potensialymy açmaga kömek edýän zady Hudaý menden alarmy?

ÝOK!

Hudaý Öz çagalarynyň zadyny ogurlamaýar. Ol Özüni söýýänleri öldürmeýär. Ol çagalaryna bir zady kä berip, kä-de elinden alyp oýun oýnamaýar. Ýahýanyň Hoş Habarynda Isa: *«Ogry diňe ogurlap öldürmek, heläk etmek üçin gelýändir. Emma Men olarda ýaşaýyş bolsun, gurply ýaşaýyş bolsun diýip geldim»* (Ýahýa 10:10) diýýär.

Hemme wagtda-da, islendik ýagdaýda-da Hudaý biziň durmuşymyzda bizi gowy bolmak isleýän we Onuň özümizden isleýän zadyna ýetjek ýerimize ugrukdyryp, her hili hereket edýär. Ol biziň ýüregimize şeýle bir täsir edýär welin, ýüregimizde Onuň islegleri, Hudaýyňkyny edinme arzuwy peýda bolup başlaýar. Ol biziň ruhumyzda diňe bir Öz erkine akyl ýetirerimiz ýaly däl-de, eýsem,

Onuň erkini ýerine ýetirmäge dyrjaşar ýaly edibem herehet edýär. Reb her gezek bizde ýok etmesi gerek bolan zady tapanda hereket edýär. Ol muny biziň Öz pikir edişi ýaly adam bolmagymyz üçin edýär.

## ALTYNJY PÄSGELÇILIK: BIZIŇ GARAÝŞYMYZ

Weýran bolmanyň bizi nämä alyp barýandygyny biziň özümiz çözýäris. Biziň görgülere gahar, kine we ýigrenç bilen garamagymyz mümkin. Ýagdaýlardan zeýrenmegem bolar. Öz agyrymyzyň sebäpkärleri hasaplaýan adamlarymyzyň hemmesine gaharlanmagam bolar. Köpler şunuň ýaly ýol bilen gidýärler, sebäbi biziň her birimizde azat erk bardyr.

Şeýle-de bolsa, ak pata barýan ýol Hudaýa iman etmäniň üstünden geçýär. Bize diňe Hudaý şypa berip we täzeden dikeldip bilýär. Biz diňe Oňa tabyn bolmak we ynanmak isleýän islemeýänimizi çözýäris.

Hudaý bizi weýran bolma ýagdaýyndan şypa almaklyga alyp barýar. Biz şypa alanymyzdan soň, berkleşýärisde, hasyl getirip bilýäris. Hasyl getirenimizde bolsa, kanagatlanma, rahatlyk we şatlyk duýgusyny duýýarys.

Isa Öz ýanyna şypa almaga gelenlere: *«Sag-aman git-de, derdiňden açyl»* (Markus 5:34) diýdi. Bir gezek biriniň: «Tutuşlygyna we dolulygyna» diýşi ýaly, biz Hudaýa dolulygyna ynanmalydyrys. Eger biz Özüne ynansak, Ol bize şypa berer.

# 5-NJI BAP

## ŞYPA ALAN ADAM BOLMAK NÄMÄNI AŇLADÝAR?

Adamlar saglyk hakda gürrüň edenlerinde, hemişe diýen ýaly, beden saglygyny göz öňünde tutýarlar, şonuň üçin olaryň gürrüňleri keselleriň, tene ýeten zeperleriň ýa-da ölümiň gürrüňlerinden ybaratdyr. Ýöne hakyky saglyk teniň, janyň we ruhuň sazlaşygyny göz öňünde tutýar. Sagdyn, bitewi adamyň durmuşynyň ähli sferalary we taraplary biri-biri bilen durmuşy ykrar edýän sazlaşykly bir akkordda birigendirler.

Hudaý bizi weýran edende, Ol muny bir maksat bilen, ýagny biz bitewi şahsyýet bolmazymyzdan öňürti, has gowy adam bolar ýaly, Özüniň bizde ýitirilen keşbini hem suratyny täzeden dikeltmek makdasy bilen edýär.

Resul Pawlus Selanikdäki mesihiler üçin dileg edende, bu barada: *«Parahatlygyň gözbaşy bolan Hudaýyň Özi sizi bütinleý mukaddes etsin. Ruhuňyz, janyňyz we teniňiz saklanyp, Rebbimiz Isa Mesih gelende nogsansyz hem müýnsüz bolsun»* (1 Selanikliler 5:23) diýdi.

Özümiziň berkligimizi hem kämilligimizi isleýändigini bilýändigimiz üçin biz hemişe Hudaýa ynanyp bileris.

## ŞYPA ALMAKLYK BIZIŇ TUTUŞ DURKUMYZA TÄSIR EDÝÄR

Men siziň bilen bitewilik düşünjesi bilen baglanyşykly bolan esasy prinsipler hakda gürrüň etmek isleýärin. Ilki bilen biz her bir adamyň üç substansiýadan — ruhdan, jandan we tenden — durýandygyna düşünmelidiris.

Ten — bu bizi daşky dünýä bilen baglanyşdyrýan substansiýadyr. Bizde bäş duýdy bar — biz görýäris we eşidýäris, ys alýarys we tagam duýýarys, hem-de syzýarys. Biz özümize material dünýä bilen aragatnaşykda bolmaga mümkinçilik berýän fiziki perdäniň içinde ýaşaýarys.

Bizde jan — akyl, erk, emosiýa, düşünje we ynsap bar. Biz jany görüp bilmeýäris, ýöne özünde janyň bardygyny her kimem bilýär. Jan bize başga adamlar bilen aragatnaşykda bolmaga mümkinçilik berýär. Biz başgalar bilen gatnaşykda bolanymyzda, özümize akyl ýetirýäris. Ýaşaýşyň şu derejesinde biz biri bilen degişip, beýlekileri söýüp, kimdir birinden söýgi kabul edip, kimdir birine göripçilik edip, kimdir birine gaharly hem gödek darap bileris. Biz bu dünýäde özümizi nähili alyp barmalydygyny, töweregimizdäki adamlara nähili daramalydygyny erkimiz hem aklymyz bilen özümiz saýlaýarys.

Bizde ruham — içki «men» hem bar. Biz ruhumyz arkaly gudratygüýçli Hudaý bilen gepleşip bilýäris.

Adam ata bilen How ene Erem bagynda ýaşanlarynda, olaryň kämil teni, kämil jany hem kämil ruhy bardy. Hudaý olary material dünýäni dolandyrmak üçin goýdy,

şonuň üçin olar biri-biri bilen hem-de Hudaý bilen kämil sazlaşykda ýaşady.

Hudaý Erem bagynda diňe bir agajy aýratyn edip goýdy: *«Ýöne sen ýagşy-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden iýmegin, çünki şondan iýen günüň sen hökman ölersiň»* (Gelip çykyş 2:17).

Emma olar ol agajyň miwesinden iýdiler-de, öldüler. Tabyn bolmazlyk pursatynda näme öldi? Ten öldümi? Ýok, sebäbi olar günä edenlerinden soňam, birnäçe ýüzýyllap ýaşadylar. Belki, Adam ata bilen How enäniň jany ölendir? Olam ölmedi, sebäbi olar biri-biri hem çagalary bilen gatnaşykda bolmagy dowam etdirdiler. Adam ata hem How ene günä eden pursatynda Hudaý bilen ruhy gatnaşykda bolma ukybyndan mahrum boldular. Resul Pawlus: *«Siz bir wagtlar içinde gezýän ýazyk we günäleriňiz zerarly ölüdiňiz. Bu dünýäniň gerdişine, söz diňlemeýän adamlarda häzir işleýän ruhuň, ýagny howadaky erbet güýçleriň hökümdaryna uýardyňyz»* (Efesliler 2:1–2) diýýär.

Biziň günäli ýagdaýymyz — bu ruhy ölüm ýagdaýydyr. Ruhy taýdan öli adamyň fiziki taýdan hemme zadynyň gaty bolmagy mümkin bolup biler, hatda jany hem teni tarapdan has ösen hem bolup biler. Ýöne şonda-da adam Isa Mesih arkaly Hudaý bilen dogry gatnaşyklary ýola goýýança, barybir ruhy taýdan ölüligine galýandyr. Diňe Isa Mesihe iman eden mesihide bitewi şahsyýet bolmaga mümkinçilik bardyr. Mesih biziň ruhumyzy janlandyrmasa, ol janymyz hem tenimiz bilen sazlaşykda bolup bilmez. Diňe material dünýä bilen dogry aragatnaşyklary

kesgitleýän we başgalar bilen gatnaşykda bolmaga mümkinçilik berýän mährem kalbymyz bolsa, onda biz bitewi şahsyýet bolup bilmeris. Bitewi şahsyýet bolmak üçin bizde arassa ruh we Hudaý bilen dogry aragatnaşyklar bolmalydyr.

Isa Mesihi Halasgär hökmünde ykrar edenimizden soň, Mukaddes Ruhuň biziň ýüregimizde ýaşamak üçin gelýändigini Mukaddes Kitap aýdýar. Ol biziň ruhumyzy Hudaýyň Ruhy bilen birikdirýär. Şonda biziň ruhumyz ýaşaýyş üçin täzeden dogulýar, sebäbi Hudaý ýaşaýyşdyr! Mukaddes Ruh özümizde ýaşap başlandan soň, bizem Hudaýy duýup, Oňa düşünip hem Onuň bilen gatnaşyp başlaýarys. Bu gatnaşyklar bize Hudaý bilen gepleşmäge we Onuň özümize diýýän zadyna düşünmäge mümkinçilik berýär. Biz şonda Hudaýyň Sözüne täzeçe düşünýäris hem-de Mukaddes Ruhdan ugrukdyrma alýarys. Şeýle hem, günä täzeçe garap, Mukaddes Ruhuň duýduryş beriji sesini has gowy eşidip başlaýarys. Biziň ruhumyz täzeden dogulýar, şol sebäpli-de, bizde täze ruhy durmuş başlanýar!

Ýöne bir mesele bar. Imansyz dünýä Hudaý bilen bolýan ruhy ýaşaýyş hakda hiç zat bilmeýär. Adamlar dini däplere gatnaşanlarynda ýa-da ýaşaýşyň metafiziki taraplary hakda gürleşýän bolsalar, ruhy durmuşda ýaşaýandyrys öýdýärler. Ýöne bu ruhulyk Hudaýdan däldir. Mukaddes Ruh tarapyndan berilmeýän islendik ruhulygam ýalan hem şeýtan tarapyndan berilýän ruhulykdyr. Aslyýetinde-hä, dünýäniň aglaba bölegi ruhulyk hakda alada-da etmeýär. Düýäniň filosofiýasy ýöne-

keýdir: «Owadanmy — al! Amatlymy — ulan! Süýjimi — iýip, gerk-gäbe bol! Ýakymly yslymy — lezzet al! Gulaga ýakymlymy — gije-gündiz diňle!» Dünýä şu duýgular hem talaplar bilen ýaşaýar.

Talaplar hemmelerde-de bar. Owadan bolmak hemmelere-de ýaraýar. Biz gözellige guwanýarys we owadan bolmak isleýäris. Bizde iýmite, içgä we sekse bolan instinktiw talaplaram bar. Biz jany-da ýatdan çykarmaýarys. Biz nämedir bir zat öwrenmek isleýäris, söýmek we söýülmek isleýäris. Biz şeýle hem, garaşsyzlyga, hereketlerimizde hem özümizi görkezmekde azatlyga ymtylýarys. Ýöne eger adamda Hudaý bilen gatnaşyk ýok bolsa, onda bu islegleri bilen talaplarynyň hemmesi onuň öz şahsyýetiniň töwereginde aýlanyp durýar. Olar badabat Mukaddes Kitabyň «ten islegi» diýip atlandyrýan zadyna — ten hem jan üçin gowy ýaly bolup görünýän zatlaryň hemmesine tarap açgözlük bilen çekilmeklige — öwrülýär. Biziň isleglerimiz erkimizden çykyp, şu gün jemgyýetde — syýasatda, telekeçilikde, maşgalada — görýän köp kynçylyklarymyzyň sebäpkäri bolýar.

Ýüreginde Mukaddes Ruh ýaşaýan mesihide bolsa, täze «gözegçilik hem dolandyryş sistemasy» peýda bolýar. Onuň ähli ten isleglerine we ymtylyşlaryna, ähli ruhy joşgunlaryna Mukaddes Ruh tarapyndan gözegçilik edilip başlanýar. Ruhuň janyň üstünden, janyň bolsa, teniň üstünden ýolbaşçylyk edýän adamynda Hudaýyň tertip-düzgüni şeýdip dikeldilýär. Adamda şunuň ýaly zatlar bolup geçende, ol şypa alýar, ýagny ol bitewi şahsyýet bolýar.

Diýmek, Hudaýyň şu tertip-düzgünini bozup, şypamyza päsgelçilik berýän Hudaýa tabyn bolmazlyk, Oňa garşy baş götermeklik ruhuň gozgalaňy bolýandyr. Şonuň üçin bitewiligimize tarap barýan ýoldaky päsgelçilikler ruhy häsiýetli päsgelçilikler bolýandyr. Olaryň arasynda aşakylary aýratyn bellemek bolar:

- az imanlylyk
- tekepbirlik
- gysgançlyk
- gahar
- ýigrenç
- ýüregigatylyk
- gorky

Hudaý bize şypa berip biler ýaly, biz durmuşymyzdaky bitewi bolmagymyza päsgel berýän ulgamlarynda bir zatlar etmelidiris. Hut şolar hem bizi Hudaýyň bol ak patasyndan daşlaşdyrýar.

## ŞYPA ALYŞ ILKI BILEN RUHY DEREJEDE BOLUP GEÇÝÄR

Köp adamlaryň kynçylygy olaryň ruhy prinsipleriň dürli durmuş ýagdaýlarynda edýän hereketlerini görmeýändiklerindedir. Hatda olar ýokardan doglanlaryndan soňam — endiklerine görä, käwagt bolsa, erkiň güýjüni ulanyp — özleriniň öňki kadalary boýunça ýaşamaklaryny dowam etdirýärler. Olar diňe ýüzde ýatan zatlary görýärler, şonuň üçin durmuşa-da, ýüzleý düşünýärler.

Durmuşa Hudaýyň nukdaýnazaryndan seredip başlanymyzda, durmuşda ruhy häsiýetli bolan güýçli suwasty akymyň bardygyny-da käwagt görýäris. Biziň isleglerimiz bilen duýgularymyzam ruha esaslanyp, janda döwülýär-de, teniň üsti bilen özüniň durmuşa ornaşmasyny we beýanyny tapýar. Şonuň üçin aýdýan, edýän kim bilen we näme üçin duşuşýan bolsak, şol zatlaryň hemmesinde ruhy tarap bardyr. Hakykatynda fiziki, akyl we duýgy ulgamlarynda näme bolup geçýän bolsa, şol ýerde hemişe ruhy bölek hem bolýandyr.

Başymyzdan synaglar inende, biz endigimiz boýunça diňe ýüzleý bolan zatlary görýäris. Özümizde we aragatnaşyklarymyzda bolup geçýän zatlary suratlandyrmak üçin biz dürli jümleleri ulanýarys:

- Eger adam surnugan bolsa ýa-da onda çynlakaý nerw bozulmasy bar bolsa, onda biz onuň saglygynyň erbetdigini aýdýarys.
- Eger adamlar gatnaşyklaryny kesseler, onda biz olaryň birleşmesiniň dargandygyny aýdýarys.
- Eger maliýe taýdan zelel çeksek, onda biz tozandygymyzy aýdýarys.

Köplenç kynçylyklary başdan geçirenimizde, öz düşünjämizi durmuşyň material ýa-da emosional ulgamynda weýran bolma bilen çäklendirýäris.

Ýöne weýran bolma döwründe esasy soraglar aşakylar bolýar:

- Meniň ruhy durmuşymda näme bolýar?
- Hudaý meniň Özi bilen gatnaşyklarymy näme etmek isleýär?
- Meniň üçin kyn bolan bu günlerde meniň gaýtadan dogulmagym üçin meni täzelemek, başgaça etmek we Özi bilen gatnaşyklaryma täze görnüş bermek üçin nähili hereket edip biler?
- Maňa şypa bermek üçin Hudaý bu ýagdaýlarda nähili hereket eder?

Bu soraglar bizi Hudaýyň ýanyna gönükdirýär. Esasy zat — bu biziň Onuň bilen bolan gatnaşyklarymyza doly ynanmakdyr. Hudaý diňe şunuň ýaly aragatnaşyklar bar bolanda, bizi ruhumyzy berkitmek we islendik ýagdaýlarda Özüne doly tabyn bolmagymyza kömek etmek bilen sazlaşykly bitewi şahsyýet hökmünde ulanyp bilýär.

Hudaýyň maksady — bu ahyr netijesinde hemişe ruhy kämillik bolýandyr. Daşky ýagdaýlar üýtgäp biler. Olar hemişe Hudaý tarapyndan bellenilen wagtda üýtgeýärler. Tabyn edilme ýagdaýynda bolanymyzda, biz diňe bir Onuň islegleri bilen däl-de, eýsem, möhleti bilenem ylalaşyp, Hudaýa tabyn bolmalydyrys. Şypa almanyň biziň isleýşimiz ýaly beýle tiz hem aňsat gelmezligi mümkin. Ýöne oňa garaşanyňa degýändir!

## ŞYPA ALMAK WAGTY TALAP EDÝÄR

Resul Pawlus korintoslylara: *«Munuň üçin, biz ruhdan düşmeýäris, gaýtam, daşky adamymyz bozulsa- da, içki*

*adamymyz günbe-günden täzelenýär. Sebäbi wagtlaýyn, ýeňil muşakgat biziň üçin juda artykmaç şöhratyň ebedi agramyny emele getirýär. Sebäbi biz görünýän zatlara däl-de, görünmeýänlere seredýäris, çünki görünýänler wagtlaýyn, görünmeýänler ebedidir»* (2 Korintoslylar 4:16–18) diyip ýazýar.

Synag derelerinden ýöränimizde, örän seresap bolmalydyrys we Rebbiň ýollaryny hem özümize kömek etjek wagtyny öňünden taslamaga synanyşmaly däldiris. Hudaý bize Öz niýetlerini kem-kemden açýar. Hudaýyň Öz ähli maksatlaryny derrew açýan wagtlary örän seýrek bolýar. Şol sebäpli-de, biz Hudaýa ynanyp, her gün iman bilen ýaşamalydyrys.

Käwagt bize boş garaşmada wagtymyzy biderek sarp edýän ýaly görnübem biler. Ýöne muňa çuňrak seretsek, onda Hudaýyň biziň her birimizde içki işi geçirýändigini, özümiziňem dogrudan-da ösýändigimizi hem gün-günden berkeýändigimizi göreris.

Men tiz-tizden adamlaryň bejerip bolmaýan keseller bilen göreşişiniň şaýady bolýaryn. Olar gönüden-göni özlerini surnukdyryp, lapykeçlige düşýärler. Ýöne olar Hudaýa iman edip, özleriniň durmuşyny Oňa doly tabyn edenlerinde, olarda özleriniň fiziki teninde bolýan zatlaryň hemmesiniň üstüni örtýän şeýle içki gözellik bilen ruhy güýç peýda bolýar. Käwagt ol adamlar fiziki taýdanam şypa alýarlar. Käwagt bolsa, ýok! Ýöne bakyýet pozisiýasynda welin, has wajyp zat bolup geçýär — olar ruhy taýdan şypa alýarlar. Hudaý biziň bahasyna ýetip bolmajak hem ebedi ruhumyzda hereket edende, Ol ru-

humyzy ösdürýär we kämilleşdirýär, ýekeje sözi bilen şypa berýär.

Bizem görgi görýän günlerimiz her neneň uzak bolsa-da, aslyýetinde olaryň tiz akymlydygyny boýun almalydyrys. Hatda birnäçe ýyllaryň dowamynda tukatlyk hem ejizlik ýagdaýynda bolsagam, bu bakyýet bilen deňeşdireniňde hiç zadam däldir. Wagtyň bir bölegi bilen bakyýeti hiç hili matematiki hereket bilenem deňeşdirmek bolmaz. Biz: «Biziň daşky ýagdaýlarymyzyňam üýtgejek güni geler» diýip, paýhasly pikir etmelidiris. Diňe içimizde, ruh ulgamynda bolup geçýän zatlar üýtgewsiz hem ebedi bolar.

Resul Pawlus Korintosdaky mesihileri görünmeýän zada bakmaklyga çagyrýar. Ruhdan düşenimizde we görgi görenimizde, bu maslahat siz bilen biz üçinem ýerliklidir. Ýagdaýlaryň aýylganç ýaly bolup görünmegi mümkin, ýöne durmuşymyzy Hudaýa tabyn etsek, onda Ol şol ýagdaýlary ajaýyp bir zada öwrer. Hudaý görünmeýän ruhy taýdan işe başlamak bilen bizi bitewi adam edýär. Ol hemme zatda bolmalysy ýaly tertip-düzgün edýär: birinji ýerde ruhy zatlar, ikinji ýerde jana degişli zatlar, üçünji ýerde tene degişli zatlar durýar.

Birnäçe ýyl mundan ozal men güýçli aşa ýadawlykdan ýaňa nerw gowşamasyna çenli baryp ýetdim. Şonda lukmanym maňa dowamly — bir-iki hepde däl-de, birnäçe aý dynç alşy ýazdy. Ýygnakdaky doganlarymyz meni ibermäge razylyk berdiler, şonuň üçin men kiçiräjik ada dynç almaga gitdim-de, ol ýerde hiç zat etmän, diňe kenarda gezelenç etdim, pikirlendim we doga etdim. Meniň

üçin munuň ýaly dynç alyş, asla çeker ýaly ýagdaý däldi. Men öýe gaýdyp baryp, öýümiň üçegini rejeleýän ussalara kömekleşmek saglygym üçin has peýdalyrak bolar diýip hasapladym. Özümiň ruhy çopançylyk işime men ýuwaş-ýuwaşdan, ýagny ilki gün içinde birnäçe sagatlyk, soň-soňlar bolsa, doly işçi güni işlemek bilen gaýdyp bardym.

Adada geçiren wagtymyň dowamynda men diňe bir dynç alyp gurbatlanman, eýsem, öz durmuşyma hem işime täzeçe seredip başladym. Men birnäçe kyn soraga jogap bermelidim. Ýygnakdaky ýolbaşçylar bilen nähili bolmaly? Ygtyýary ýygnak maslahatyna berip, Hudaýyň onuň üsti bilen hereket etmegine mümkinçilik bermelimi ýa-da ähli kararlary özüm kabul etmelimi? Maňa dynç alyş günleri barada çynlakaý pikirlenmek gerekmi ýa-da hepdede ýedi günläp işlemelimi? Özüme dynç berip, işlerden dynç almagy öwreneniňe degýärmi ýa-da işe kelläň bilen gitmelimi?

Ýöne ynanmaklyk esasy soragdy. Men kime — Hudaýamy ýa-da özüme — ynanjak bolýaryn? Ilkinji gezek dynç almaga giden wagtymdan bäri alty aý dagy geçipdir. Nobatdaky ýekşenbe ýygnagynda men münbere çykanymda: «Ine-de, men gaýdyp geldim» diýip pikir etdim. Men güýçden doludym, takyk pikirlenýärdim, iň esasy zadam Hudaý bilen gatnaşyklarym çuň hem baýdy.

Meniň durmuşymda hiç zat üýtgemedi diýen ýalydy. Men öňkülerim ýaly ýadap, dynç almanyň gerekdigini duýýardym. Öňkülerim ýaly, hemme zady öz üstüme alyp, baryny mümkin boldugyça tiz etmäge çalyşýardym.

Şeýle-de bolsa, men bir zady hemişelik özleşdirdim: men Hudaýyň gäminiň kapitanynyň kömekçisi däl-de, kapitanydygyna akyl ýetirdim. Şonuň üçin indi men Oňa şturwaly bermäge taýýar boldum.

Meniň tukatlygymyň we ejizligimiň bu birnäçe aýy maňa Hudaýa bil baglamaklygy, Onda bolmaklygy, Onuň erkine ynanyp, özüme Öz niýetlerini hem maksatlaryny açaryna garaşmagy öwretdi. Indi bolsa, men Hudaýa öz wagtynda dogry karary kabul edip bilerim, haçan işlemelidigini we haçan dynç almagy bilerim ýaly, özümi «iteklemeklige» rugsat berýärin. Men öz durmuşymyň özüme däl-de, Oňa degişlidigine düşündim.

## ŞYPA ALMA HUDAÝY ŞÖHRATLANDYRÝAR

Bakyýetde sizem, menem Hudaýyň gazananlary bolarys. Biz Onuň merhemeti, ölümi, jaýlanylmasy we ölümden direlmesi, Mukaddes Ruhuň işiniň kömegi bilen gazanyldyk. Biziň maksadymyz — Oňa şöhrat getirmekdir. Biziň iň beýik ýeňşimiz durmuşda öz güýjümiz bilen eden zatlarymyzda däl-de, diňe öz durmuşymyzda Rebbe hereket etmäge rugsat berendigimizde jemlenendir. Şunuň bilenem biz Rebbe şöhrat getirýäris. Öz täjiňi Rebbiň tagtynyň öňünde goýmakdan we Onuň öňünde günäsiz hem çirksiz bolup durmakdan uly şatlyk we begenç ýokdur.

Biz tutuş durmuşymyzyň bakyýete taýýarlykdygyny köp unudýarys. Biz bu durmuşda edil mekdepde bolýan ýalydyryas — okaýarys, ösýäris we aklymyz giňelýär. Bu

emele gelme prosesidir. Biz Hudaýyň maksatlaryny kabul edip, olar bilen ylalaşanymyzda, şypa alma prosesi başlanýar. Diňe meniň islegim weýran edilip, Rebbiň islegine tabyn edilenden soň, men – ýüregim, aklym, tenim, janym hem ruhum bilen – Onuňky bolýaryn. Şeýle bolandan soň, meniň durmuşym tutuşlygyna Onuň ellerinde bolýar. Ol meni Öz isleýşine görä ulanýar. Bu bolsa, dostlarym, iň beýik baýramçylygyň başlangyjy bolýandyr!

# 6-NJY BAP

## RUHY KÄMILLIGE ÝETMEKLIK

Ruhy ösüş — bu biziň häzirki bolýan ýerimizde, ýagny ýeriň ýüzündekäk başlanyp, Hudaýyň özümize garaşýan ýerinde, ýagny bakyýetde gutarýar. Bu proses Hudaýa doly tabynlygy göz öňünde tutýar. Netijede biz ruhy kämillige eýerýäris. Ýöne biziň ruhy taýdan ulalmagymyz üçin Hudaý ejirleri çekmegimize ýol berýär.

Ruhy taýdan ulalma prosesiniň üç jähti bardyr. Olar: üýtgemeklik, ösmeklik we tabyn edilmekdir.

### ÜÝTGEMEKLIK

Ruhy taýdan ulalmanyň birinji jähti — üýtgemekdir. Eger biz üýtgemek islemesek, onda ruhy ösüş hakda hiç hili gürrüňem bolup bilmez. Köne ýoldan gitmek, köne ideýalary saklamak we Hudaý, Mukaddes Ruh ýa-da mesihilik durmuşy baradaky köne pikirlere esaslanmak, şol bir wagtyň özünde-de Hudaý bizi nähili adam hökmünde görmek isleýän bolsa, şonuň ýaly-da adam bolup bolmaz. Kämillik konstruktiw üýtgeşmeleri kabul etme islegini göz öňünde tutýandyr.

## ÖSMEKLIK

Ruhy ulalmanyň birinji jähti bilen berk baglanyşykly bolan ikinji jähti ösüşdir. Her bir üýtgeme ösüşe alyp barýan däldir, ýöne islendik ösüşde hökman belli bir üýtgeşmeler göze ilýändir. Ruhy kämillik pikirlerimizde, duýgularymyzda we hereketlerimizde Mesihe meňzeýänçäk «ulalmaklygy» göz öňünde tutýandyr. 2 Petrus 3:18-de: *«Rebbimiz hem Halasgärimiz Isa Mesihiň merhemetinde, biliminde ösüň. Şöhrat häzir we mydamalyk Onuňky bolsun*!*»* diýen sözlere duş gelýäris.

Tebigatda ösmäge ukyply bolan zatlaryň hemmesi, alymlaryň aýdyşy ýaly, belli bir «iýmitlendiriji şertlerde» ösýär. Himiki barlaghanalarda şol şert toprak, suw ýa-da himiki serişdeler bolup biler. Ruhy ulgamda bolsa, söýgi şonuň ýaly şert bolup durýandyr. Biri-birimizi söýenimizde, ruhy taýdan ösýäris. Resul Pawlus şeýle diýýär:

> Eýsem hakykaty söýgi bilen aýdyp, bedeniň Başy bolan Mesihe baka her ugurdan ösmegimiz üçin etdi. Bütin beden her bognuň kömegi bilen baglanyp birikdirilýär, her agzanyň kadaly işleýşi bilen Onuň saýasynda söýgüde ösüp, abatlanýar.
>
> Efesliler 4:15–16

Ösüşimiz bizi garaşsyzlyga alyp barmaýar. Fiziki dünýäde çagalar ulalandan soň, öz ene-atalaryna garaşly bolmaýan bolsa-da, ruhy dünýäde beýle däldir. Ru-

hy ösüş Reb Isa Mesihe garaşlylygyň ösmegi bilen häsiýetlendirilýär. Ruhy kämillik — bu hem dolandyryjy, hem halypa, hem goragçy bolan Mukaddes Ruha doly garaşly bolma ýagdaýydyr.

## TABYN EDILMEK

Ruhy taýdan ulalmanyň üçünji jähti — bu weýran bolmakdyr. Eger biz üýtgemek hem-de ösmek isleýän bolsak, özümizi saklaýan zatlary, Hudaýyň ak patalaryny dolulygyna almaga mümkinçilik bermeýän zatlary taşlamalydyrys. Biz özümiziň şeýle berk ýapyşan zatlarymyzyň hemmesini goýbermelidiris.

## MUSANYŇ TABYN EDILMEGI

Ruhy taýdan ulalmanyň bu jähtleriniň hemmesi-de Musanyň durmuşynda örän gowy görünýändir. Onuň Mukaddes Kitapda ýazylan taryhy, aslyýetinde, doganlary tarapyndan gulçulyga satylan Ýakubyň ogly Ýusupdan başlanýar. Agyr ýagdaýlaryň zynjyrlary arkaly Hudaý Ýusuby Müsüriň premýer ministri bolar ýaly edýär.

Ýusup uly ýurduň ýolbaşçysy derejesinde bolanda, tutuş halky ýedi ýyllyk gurakçylygyň netijelerinden halas etmegi başarýar. Açlyk şeýle ýowuz bolandygy sebäpli, ony hatda Ýusubyň maşgalasynyň ýaşaýan ýeri bolan Kenganda-da duýýarlar. Nädibem bolsa, bir ýol bilen aman galmak üçin Ýusubyň doganlary däne satyn almak üçin Müsüre ugraýarlar. Olaryň ýörişi Ýusuba duşmak bi-

len gutarýar. Ýusubyň bütin maşgalasy, ýetmişden gowrak adam, Müsüre gelip, sowlup geçmejek açlyk ölüminden halas boldy.

Musa doglan wagtynda ýewreý halkynyň sany üç milliona ýetipdi. Ýusup dünýäden ötenden soň, hökümet başyna ýewreýleri gowy görmeýän fyrown geçdi. Ol: *«Serediň, bize görä ysraýyllaryň sany köp we güýçli. Bu biziň üçin howply. Olar mundan artyk köpelmez ýaly, geliň, mekirlik bilen olaryň soňuna çykalyň. Ýogsam, uruş turaýsa, olar duşmanymyzyň tarapyna goşulyp, bize garşy söweşmekleri we biziň ýurdumyzdan çykyp gitmekleri mümkin»* (Müsürden çykyş 1:9–10) diýdi. Bu fyrown ýewreýleri işlemäge mejbur etdi-de, olaryň üstlerinden gözegçiler goýdy. Mukaddes Kitap: *«Emma müsürliler ysraýyllara näçe zulum etseler-de, olar öňküsinden-de has köpeldiler we olaryň sany juda artdy. Müsürlileriň ysraýyllardan sussy basyldy. Şeýdip, olar ysraýyllary zalymlyk bilen ezdiler…»* (Müsürden çykyş 1:12–13) diýip şaýatlyk edýär. Ýewreýleriň sanynyň artmagyny nähili hem bolsa bir hili edip saklamak üçin fyronw erkek çagalary öldürmegi buýruk berýär.

Musa şu buýruk güýje girenden soň dogulýar. Emma Musanyň ejesi buýruga boýun bolman, öz ogluny gizleýär. Ol ogluny kiçiräk sebede salyp, ony Niliň kenarynda goýýar. Onuň gyzy Meryem bolsa, uzakdan durup, sebede esewan bolýar. Edil şu wagtda derýanyň boýuna Hudaýyň öňden görmegi bilen fyrownyň gyzy çykýar. Şonda ol sebedi görýär. Ol sebediň içinden bir ýewreý oglanjygyny tapyp, ony ogullyga alma kararyna gelýär. Şol wagt Merýem oglanjyk üçin gowuja eneke tapyp biljek-

digini aýdýar. Fyrownyň gyzy razylyk berenden soň, Musany iýmitlendiriji öz ejesi boldy. Şeýdip, ejesi Musanyň çagalykdan oglunyň aladasyny etdi.

Musa ulaldy. Bir gezek ol öz taýpadaşlarynyň işleýän ýerine barýar. Şonda Musa gözegçiniň ysraýyllyny urşuny görüp, onuň tarapyny çalýar-da, gözegçini öldürýär, soňam etmişiniň yzyny gizlejek bolup, onuň jesedini gömýär. Musa özüni hiç kim gören däldir öýdýär. Ýöne ertesi güni urşup duran iki ysraýyllyny aýyrjak bolanda, olaryň biri oňa: «*Kim seni biziň üstümizden hökümdar ýa kazy edip goýdy? Düýnki müsürlini öldürişiň ýaly, meni hem öldürmekçimiň?*» (Müsürden çykyş 2:14) diýip jogap berdi. Şol wagt Musa öz jenaýatynyň göze ilmän galmandygyna düşünýär-de, şobada Midýan ýurduna gaçmagy ýüregine düwýär. Uzaga çeken kyrk ýylyň dowamynda Musa öz gaýyn atasy Ýitronyň hyzmatyny edip, çölde goýun bakýar.

Musa özüne fyrownyň ogly hökmünde garalýan köşkden gaçyp, çöle barýar-da, ol ýerde ýönekeý çopan bolýar. Bu tabyn edilen wagtydy.

Musanyň durmuşyndaky näme tabyn edildi? Musa kaddy-kamatly hem ygtyýara eýe bolan sowatly adamdy. Musa buýruk bermäni başarýardy. Onuň ygtyýarynda ýurduň tükeniksiz tebigy baýlyklary hem bardy. Musa fyrownyň köşgünde şunuň ýaly derejäni eýeleýärdi. Eger Hudaýyň halkyny müsür gulçulygyndan çykaryp, Kengana alyp gitmeli adamy biz saýlan bolsagam, Musa gaty gowy dalaşgär bolardy. Adam nukdaýnazarynda Musada bu işi etmek üçin talap edilýän zatlaryň hemmesem bar-

dy. Onda näme üçin Musa kyrk ýylyny çölde geçirmek gerek boldy?

Sebäbi oňa üýtgemek gerekdi. Hudaýa Musany öz güýjüne bil baglamagyny bes etdirmek gerekdi. Ol Hudaýa doly bil baglamagy öwrenmelidi.

Ýewreýlerem, edil Musa ýaly, müsür medeniýetiniň güýçli täsiri astyndadylar. Olar bu medeniýeti özlerine şeýle bir siňdiripdiler welin, hatda müsür hudaýlaryna-da sežde edip başlapdylar. Muňa düşünmek kyn däldir, sebäbi Musa syýasy arenada peýda bolan wagtynda, ysraýyl halky Müsürde eýýäm dört ýüz ýyldan bäri ýaşap gelýärdi.

Müsür ýurdundan çykarylan adamlar Hudaýy şöhratlandyryp biler ýaly, Hudaýa Musanyň aňyny Müsüriň medeni täsirinden arassalamak gerekdi. Ysraýyllylar diňe şundan soň ýeke Hudaýa ynanmanyň gerekdigini görüp bilerdiler. Musany tabyn etmek bilen Hudaýda uzaga gidýän maksat bardy. Ysraýyl halkyny ýene-de Öz halky etmek üçin Hudaý tutuş bu halky tabyn etmek isleýärdi.

Musany tabyn edende, Hudaý ony Müsürde ýaşan ýyllarynda alan zatlarynyň hemmesinden mahrum etdi. Musa çöle düşende, ol maşgalasyndan, köşkden, artykmaçlyklardan, sylag-hormatdan, häkimliginden we güýjünden mahrum boldy. Musa hemme zadyny ýitirdi.

Aňrybaş geýimleri geýmäni, ýel kimin at arabalarynda aýlanmanyň, iň gowy hyzmatkärli bolmanyň, daş-töweregiňdäkiler tarapyndan hormatlanylmanyň nämedigini bilýärdi. Emma birnäçe günüň içinde hemme zat üýtgedi duruberdi. Fyrownyň hökümdarlyk aňladyjy hasasynyň de-

regine, onuň elinde ýönekeý çopan hasasy bardy, töweregini bolsa, hyzmatkärleriň topary däl-de, goýun sürüsi gurşap durdy. Musa köşgi çadyra çalyşmaly boldy. Ol ýewreýleriň hemmesiniň ýaşaýşy ýaly ýaşap başlady.

Hudaý birnäçe ýyllaryň dowamynda Musanyň ýüregini we kalbyny üýtgetdi. Musa egoist adamdan ünsüni Hudaýda jemleýän adama öwrüldi. Musa Hudaýyň ýollaryna, şeýle hem, Hudaý üçin ähmiýetli bolan zatlara düşünip başlady. Ol bu dünýäniň nazarynda bolgusyz zat bolup, Hudaýyň nazarynda gymmatly bolmanyň gowudygyna düşündi.

## HUDAÝDAN BOLMADYK ZATLARYŇ HEMMESINI AÝYRMAK

Kimdir biriniň: «Hudaý Öz elinde gural etmekçi bolýan her bir adamyna şeýle edýärmikä?» diýip pikir etmegi mümkin. Bir tarapdan siz fyrownyň ogly däl, şol sebäpdenem, Musanyň ykbaly başyňyza düşer diýip alada etmeýärin. Başga bir tarapdan bolsa, Hudaý Öz maksadyny durmuşa ornaşdyrmak üçin bizi tabyn eder ýaly, şol bir prinsipi ulanýar. Hudaý bizi meşhur, hormatlanylýan, baý adam etmegi Özüne maksat edinmeýär. Hudaý biziň durmuşda dogry pozisiýany eýeläp, esasy zada — durmuşymyzda Özüniň iň gymmatlykdygyna — düşünmegimizi isleýär.

Hudaý, elbetde, sizi baý edip bilýär. Ol sizi meşhuram edip bilýär. Ýöne munuň ýaly zat bolaýanda-da, bar edilen hyzmat Hudaýa degişli bolýar. Eger siz dolulygyna Hudaýa bil baglaýan bolsaňyz, eger Hudaý size şöhrat

hem-de baýlyk berse, siz şöhrat üçinem, baýlyk üçinem alada etmersiňiz. Olar siziň üçin hiç hili ähmiýetli bolmaz. Siz Hudaýyň özüňize beren meşhurlygyny we puluny özüňizi şöhratlandyrmak üçin däl-de, diňe Hudaýyň maksatlaryna ýetmek üçin ulanarsyňyz.

Musany tabyn etmek üçin Hudaýa kyrk ýylyň näme sebäpden gerek bolandygyny Mukaddes Kitap aýtmaýar. Ýöne kine, duşmançylyk we gazap duýgulary biziň durmuşymyzdan köki-damary bilen doly çykarylyp taşlanylýança, Hudaýyň özümizi «pytratjakdygyna» ynamly bolup bileris. Bu prosese näçe wagtyň talap edilýändiginiň Hudaý üçin tapawudy ýokdur. Musanyň häsiýetinde üýtgeşme döretmek, Rebbe tutuşlygyna we dolulygyna degişli bolmaga mümkinçilik bermeýän zatlary köki bilen aýyrmak üçin Hudaýa kyrk ýyl gerek boldy.

Bu kyrk ýylyň Müsürde belli bir ýagdaýyň durmagy üçin ýa-da ysraýyl halkynyň gulçulykdan halys bizar bolup, özüne Hudaýyň beren islendik serdarynyň yzyna düşmäge taýýar bolmagy üçin gerek bolan bolmagam mümkin. «Hudaýyň wagtynyň dolulygy» diýen düşünje-de bardyr. Ýazgyda biz wagty dolanda, Hudaýyň hereket edip başlandygy barada birnäçe gezekler okapdyk. Hudaýyň möhleti biziň möhletimiz däldir. Hudaý üçin wagt – bu Öz maksadyna ýetme guralydyr. Bakyýet bilen deňeşdireniňde kyrk ýyl hiç zadam däldir.

Musanyň duçar bolan zatlaryny hiç haýsymyzyňam başdan geçiresimiz gelmez diýip pikir edýärin. Musanyň tabyn edilmesi agyr hem agyryly boldy. Dört on ýyllygyň dowamynda küýzegäriň palçyk aýlaýan guralynyň üs-

tündäki toýun kimin eýlediler, gysdylar we ýylmadylar. Musa doly üýtgeýänçä, bu proses gaýtalandy durdy. Bir wagtlarky Musa bilen kyrk ýyldan soňky Musa düýbünde iki şahsyýetdi.

Ýöne Hudaý hut şuňa hem ýetmekçidi. Şonuň üçin Musa ýewreýleri Müsürden alyp çykmak üçin fyrownyň öňüne ýene gelende, birwagtlarky fyrowndan gaçyp ýören adama meňzemeýärdi.

## GÖRGÜLER ÝAGŞYLYGA IDEÝASY BIZIŇ JEMGYÝETIMIZDE MEŞHUR DÄLDIR

Medeniýetimiz bize düýbünden başga gymmatlyklary sapýar. Biz özbaşdak bolmaga, geljegi meýilleşdirmäge hem-de hemişe öňde goýlan maksatlara ýetmäge dyrjaşýarys. Häzirki zaman medeniýeti bize birwagtlar müsür medeniýetiniň Musa täsir edişi ýaly täsir edýär. Emma Hudaý Musa düýbünden başga zady öwretmek isledi. Musa çölde durky bilen Hudaýa bil baglamagy we Hudaýyň ýerine ýetirmegi soraýan zadyny takyk etmegi öwrenmeli boldy.

Hudaýa ynanmanyň iň gowy mysaly, elbetde, Isa bolupdy. Ol Öz şägirtlerine: «*Meni gören Atany-da görendir… Men size aýdýan sözlerimi Öz-Özümden aýtmaýaryn, Mende ýaşaýan Ata Öz işlerini edýär. Meniň Atadadygyma, Atanyň-da Mendedigine iman ediň; hiç bolmanda, eden işlerim üçin Maňa iman ediň*» (Ýahýa 14:9–11) diýdi.

Isa Özüniň bütin durmuşy bilen Hudaýyň maksadyny herekete getirdi. Hudaý Musadanam edil şunuň ýaly

tabynlygy isleýärdi. Ol biziň her birimizdenem şoňa garaşýar.

Bir gezek kimdir biri: «Ýüregiň Hudaýa ýüzlenmegi üçin ýekeje pursat gerek, ýöne mukaddes bolmak üçin bütin ömür gerek» diýipdir. Dogrudanam, Rebbi kabul etmeklik bir pursatda bolýan zatdyr, emma ruhy kämillige ýyllar gerek bolýar.

Men köplenç mesihileriň diňe bir karýerasynda ýa-da jemgyýetdäki derejesinde däl-de, eýsem, mesihilik durmuşynda-da haýsydyr bir belentliklere ýetmäge dyrjaşyşlaryny köp synlaýaryn. Olar günleriň birinde Hudaýyň öňüne baranda: «Seret, Rebbim, men Seniň üçin näçe işler etdim» diýer ýaly umytda bolup, elmydama bir zatlar ýygnaýarlar, tapýarlar, satyn alýarlar, täze wezipelere eýe bolýarlar, ýapyk klublara ýazylýarlar, özleriniň ruhy maglumatnamasyna täzeden-täze ýeten derejelerini ýazýarlar we uzyn gulluk sanawyny düzýärler.

Hudaý bizi tabyn edende, ýygnap goýmaklyga däl-de, boşamaklyga çagyrýar. Ol bizi her hili zatlardan we endiklerden, isleglerden hem meýilnamalarda saplanmaklyga çagyrýar. Ahyrsoňunda: «Mendäki bar zat — bu Sensiň Rebbim. Sen mendesiň, menem Sendedirin. Bu iň esasy zatdyr» diýýänçäk, Hudaý bizi «menden» azat edýär.

## BIZIŇ DURMUŞYMYZDAKY RUHY TAÝDAN ULALMA PROSESI

Hudaýyň biziň durmuşymyzda edil Musanyň durmuşynda hereket edişi ýaly hereket etmezligi mümkin, ýöne Hudaýyň usullary üýtgemeýär.

Hudaý siziň durmuşyňyzdan nämäni aýryp taşlamaga çalyşýar?

Öz görgüleriňiz barada pikirleneniňizde, näme hakda pikir edýärsiňiz?

Hudaýa doly tabyn bolmagyňyza päsgel berip, siz bilen Hudaýyň arasynda näme dur? Siz nämä Hudaýdan-da köp bil baglaýarsyňyz? Siz nämäni Hudaýdan-da köp söýýärsiňiz?

Tanaýan adamlarymyň hemmesem özlerinden Hudaýyň nämäni aýyrmak isleýändigini intuitiw taýdan düşünýärler. Muny olaryň şol bir sözler bilen beýan edip bilmezligi mümkin, ýöne olar nämesiz durmuşyny göz öňüne getirip bilmeýändiklerini we nämäni ýitirmekden gorkýandyklaryny görkezmäge adatça ukyply bolýarlar.

Biz biri-birimizi söýmelidiris. Biz biri-birimiziň gadrymyzy bilmelidiris. Ýöne Hudaýy hemme zatdan köpräk söýüp, Onuň bilen gatnaşyklarymyzyň gadyryny köpräk bilmelidiris.

Biz meýletin zähmet çekip, gowy işleri etmelidiris. Ýöne biz hiç haçan işlerimizi, hatda «Hudaýyň hatyrasyna» edýän işlerimizi-de, Hudaý bilen gatnaşyklarymyzdan ýokary tutmaly däldiris.

Biz biri-birimize gulluk etmelidiris we bütin dünýä Mesih hakda gürrüň bermelidiris. Ýöne bize öz gullugymyzy hiç haçan Hudaý bilen gatnaşyklarymyzdan ýokary tutmak gerek däldir.

Biz kämillige ýetýänçäk, bu uzyn hem kyn proses bolsa-da, Hudaý bizi tabyn eder, üýtgeder, biziň üstümizde işlär.

# ÝOKARDAN BELLENILEN BELLI BIR GULLUGA TAÝÝARLYK

Hudaý bizi ruhy taýdan kämil bolan mesihilere niýetlenilen aýratyn gulluga taýýarlamak üçin görgüleri ulanýar.

Goý, «gulluk» jümlesi sizi çekindirmesin. Her bir mesihi aslyýetinde beýleki adamlara kömek etmekde beýanyny tapýan gulluga çagyrylýar. Bu ýygnagyň ýa-da haýsydyr bir başga dini guramanyň proýektlerine gije-gündiz batyp oturmaklygy aňlatmaýar.

Bir gezek tanyş zenanlaryň biri maňa:

— Dostlarymyň hemmesi nähilidir bir gulluk bilen meşgul. Men bolsa hiç zat bilenem meşgul däl. Men diňe aýal hem ene, — diýdi.

Ol muny özüniň öý hojalykçydygyna ötünç soraýan ýaly, ýylgyryş bilen aýtdy.

Men oňa:

— Siz iň gowy gulluklaryň birini alyp barýarsyňyz, — diýdim.

Ol geň galmasyny gizläp durman, maňa seretdi.

Men:

— Çagalary hakykatda terbiýelemekden jogapkärçilikli bolan işi maňa aýtmaga synanyň hany. Siz çaga terbiýelemegiň talap edýän akyldarlygy, imany, sabyrlylygy we söýgüsi ýaly köp akyldarlyk, iman, sabyrlylyk we söýgi talap edýän başga bir gullugy maňa aýdyp bilersiňizmi?

— Men bu hakda hiç haçanam pikir etmändirin, — diýip, ol boýun aldy. Soňam birden aklyna aýlanan ýaly bolup: — Diýmek, menem gulluk alyp barýan ekenim, — diýdi.

Elbetde. Çagada Rebbe bolan söýginiň döremegi üçin zerur bolan bilimiň hem endikleriň göwrümini göz öňüne bir getirip görüň. Takwa çagany ösdürip ýetişdirmäge çalyşýan enäniň eýe bolmaly bolan pida edijiligi, wagtyny, tagallalaryny hem bilimini göz öňüne getirip görüň. Ene-atanyň alyp barýan gullugynyň wajyplygyna hiç haçan pes baha bermek bolmaz. Eger Musanyň ejesi: «Mende hiç hili gulluk ýok» diýen bolsa, näme bolardy? Ýöne onuň gullugy tutuş taryhdaky iň beýik gulluklaryň biri boldy. Ol tutuş ysraýyl halkynyň serdary bolan ogly aman saklady we iýmitlendirdi. Musanyň ýüregine Hudaýa bolan iman uçgunyny, ýagny Musanyň hiç wagt ýitirmedik we köp ýyllar geçenden soň, öçmejek ýalyn tutaşan iman uçgunyny hut ejesi salypdy.

Biziň her birimizde gullugymyz bar. Biziň zehinimizi hem ukybymyzy bilýändigi we olary doly derejesinde açmak isleýändigi sebäpli, Hudaý her birimize öz gulluk ýolumyzy belledi. Biz öz wezipämizi ýerine ýetirip bilerimiz ýaly, Hudaý bizi bellenilen wagtda bellenilen ýerde ýerleşdirýär we bellenilen adamlar bilen daşymyzy gurşaýar. Biz başgalara öz güýjümizi hem wagtymyzy sahylyk bilen sowgat etmek bilen olara gulluk etmek üçin ruhy taýdan ösýäris.

Öz halkyny müsür gulçulygyndan çykaryp, halky adamlaryň Hudaýyň wadalarynyň dolulygynda ýaşap biljek ýerine alyp gidip bilmegi üçin Musa ruhy taýdan juda kämilleşmek gerek bolupdy. Hudaý Musa aýratyn gulluk berdi. Biziňem her birimize Ol aýratyn gulluk belleýär.

Gullugy häsiýetlendirmek üçin meniň «ýokardan bellenilen» diýen söz düzümini ulanandygymy görensiňiz. Men muny bir sebäbe görä etdim. Eger bu, dogrudanam, sözüň doly manysyndaky gulluk bolsa, onda ol ýokardan bellenilen bolmalydyr, ýagny Hudaý tarapyndan ruhlandyrylan, Onuň güýjünden doldurylan bolmalydyr. Gulluk — bu «gulluk etmekdir». Her kim öz ýakynyna nämedir bir zatda gulluk edip bilýär. Ýöne ýokardan bellenilen gullugy alyp barmak üçin adam Hudaýyň ugrukdyrmasy astynda başgalara gulluk etmelidir. Ýokardan bellenilen gulluk Mukaddes Ruhuň güýjüni talap edýär.

Ýöne ýokardan bellenilen gullugyň gudratlarda we şypa almalarda beýanyny tapmagy hökman däl. Eger Hudaýyň şöhraty üçin we bu işe Mukaddes Ruhuň gatnaşmagy bilen edilýän bolsa, ruhy kanunlar boýunça gurulýan telekeçiligem, çagalarda Hudaýa bolan söýgini terbiýelemegem, Hoş Habary öwretmegem, ýygnakdaky horda aýdym aýtmagam, mekdepde sapak bermekligem ýa-da keselhanada işlemegem, garaz, islendik bir işem ýokardan bellenilen gulluk bolup biler.

Indi bolsa men ýokardan bellenilen gullugyň birnäçe jähtlerini belläýin.

## ÝOKARDAN BELLENILEN GULLUK HEMIŞE TAKYK MAKSADA EÝE BOLÝANDYR

Hudaý bizi gulluga çagyranda, Onda hemişe-de takyk maksat bolýandyr. Hudaý Musa ýanyp duran çalydan ýüzlenýär-de: «Men seniň gidip, fyrowna Meniň halky-

my goýbermelidigini aýtmagyňy isleýärin» diýdi. Bu Musanyň gullugynyň maksadydy.

## ÝOKARDAN BELLENILEN GULLUK HUDAÝA DOLY YNAMY TALAP EDÝÄR

Hudaýyň Musanyň üstüne ýüklän işi juda kyn işdi. Şonuň üçin Musa derrew bahana tapdy. Ol asyl manysynda: «Ýa Reb, Sen başga dalaşgäri saýladyň» diýdi. Musa Hudaýa köpçüligiň öňünde gepläp bilmeýändigini we bu tabşyrygy ýerine ýetirmäge ukyply däldigini aýdýar-da, Hudaýdan başga birini tapmagy haýyş edýär. Şeýle-de bolsa, Musa Hudaýa tabyn bolýar-da, Rebbiň özüne beren gullugyny ýerine ýetirdi.

Siz tutuş Ýazgynyň dowamynda: «Ýa Reb, men başarmaryn» diýen jümleden başga köp lenji çykan sözi tapyp bilmersiňiz. Ýöne Hudaý bizden hut şuňa-da garaşýar. Hawa, biz başarmaýarys, ýöne eger Hudaýa ynansak, onda Ol hemme zady edip biler.

Hudaý bizden hut şunuň ýaly — ynamdan doly bolan — gatnaşyga-da garaşýar.

Hudaý Musadan özüniň Rebbe bil baglaýandygyna tassyklama talap etdi. Hudaý hiç haçanam: «Ýeri, Musa, bir gezek sen Maňa ynandyň, şonuň üçin indi seniň Maňa hemişe ynanjakdygyňy bilýärin» diýmedi. Hemme zat, gaýtam, tersine boldy. Musanyň ynamy hemişe synaga sezewar edildi. Synaglar agyr boldugyça-da, Musa Hudaýa köp bil baglamaly boldy. Ysraýyllylaryň Müsürden çykyş ýoly näçe kyn bolsa, olar çölde näçe uzak wagtlap

ýörän bolsalar, Musadan Hudaýa bolan ynam şonça-da köp talap edildi.

Ýokardan bellenilen gullugyň ýolunda biziň imanymyz hemişe synaglara sezewar ediler. Şonuň üçin Hudaý hemişe bizi doly tabynlyga, çuň ynama we hemme taraplaýyn wepalylyga çagyrar.

## ÝOKARDAN BELLENILEN GULLUK HUDAÝYŇ GÜÝJI BILEN EDILÝÄR

Hudaýyň buýrugyny eşidende, Musanyň näme duýandygyny göz öňüne getirip görüň! *«Kim? Menmi? Çopan? Fyrownyň köşgüne, adam öldürendigim sebäpli özümiň gözlenilýän ýerime baryp, fyrowna gullaryny goýbermegi buýruk bermeli? Öýlerini taşlap, ozal hiç haçan gidip görmedik ýerlerine ugramagy üçin üç milliona golaý adamy ýerinden gozgamaly?»* Hudaýyň Musanyň öňünde goýan ýumşy aňsat iş däldi.

Käwagt Hudaýyň öz öňümizde goýýan ýumşy ýerine ýetirer ýaly däl bolup görünýär. Ýöne ol Hudaýyň maksadynyň bir bölegidir. Hudaý biziň Özüne doly bil baglamagymyzy isleýär. Eger biz tabşyrylan gullugy öz güýjümiz hem akyldarlygymyz bilen ýerine ýetirip bilýän bolsak, onda Hudaýa mätäç bolmazdyk hem-de gullugymyz ýokardan bellenilen aýratyn gulluk bolmazdy.

Hudaý Musa: «Men olary azat ederin» diýdi. Musa diňe fyrown bilen gepleşmek gerekdi, azat etme bolsa, Hudaýyň işidi.

Hudaý Musany fyrownyň ýanyna eline diňe çopan hasasyny berip goýberdi. Bu hasa Hudaýyň barlygynyň alamatydy. Musanyň bil baglap biläýjek zatlarynyň hemmesi aýryldy. Oňa diňe Hudaýa doly ynanmaklyk galypdy. Eger Hudaý söz berşi ýaly etmedik bolsa, onda hiç zadam bolmazdy. Musanyň elindäki hasa gudratly hasady, sebäbi ony Hudaý şeýle edipdi. Şol sebäpli-de, Musanyň elini galgamagy bilen bolan zatlaryň Musa hiç hili dahyly ýokdy. Ol diňe Hudaýyň özüne aýdan zadyny etdi.

Musa fyrowny ynandyryp bilmedi. Gyzyl deňziň suwuny Musa bölmedi. Adamlary iýmit bilen Musa üpjün etmedi we olara suw bermedi. Çölde ýörelmeli ýoly ol görkezmedi. Bu zatlaryň hemmesini Hudaý etdi. Onuň ähli hereketleri hem ysraýyl halkynyň ähli mätäçlikleri üçin jogapkärçiligi Hudaý Öz üstüne aldy. Musa diňe Hudaýa gulak asdy.

Gulluk hemişe-de şu prinsipe tabyn edilendir.

Biziň tohum ekmegimiz mümkin, ýöne ony Hudaý ösdürýär.

Bir ýarany sarap ýa-da derman berip bileris, ýöne şypany Hudaý berýär.

Biz çyn ýürekden doga edip bileris, ýöne gudraty Hudaý görkezýär.

Biz edip bilýän zadymyzy edýäris, Hudaý bolsa mümkin bolmadyk zatlary edýär.

Beýle möçberdäki halky Müsürden Kengana alyp barmagyň nähili kyn işdigini göz öňüne getirip bir görüň. Ýoly dowam etdirmäge Musa adamlary yrmaly hem boldy. Oňa çölde ýöreljek uzak wagtyň dowamynda gerek

boljak iýmit, suw we beýleki zatlar hakda pikir etmek gerekdi. Agyr ýüki nämede äkitmeli? Syrkawlanlary näme etmeli? Yza galýanlary näme etmeli? Gozgalaňçylara nähili daramaly? Musanyň çölde edinen özüniň çopançylyk tejribesine baha berip bilendigine şübhe ýokdur. Ýöne Hudaý: *«Men seniň bilen bolaryn. Ysraýyl halkynyň ýaşulularyny saňa gulak asar ýaly ederin. Men ellerimi galdyryp, müsürlileri gudratlarym bilen ýeňerin. Mundan soň fyrown sizi goýberer. Men müsürliler size kömek eder ýaly ederin, şonuň üçin siz Müsürden eliňiz boş çykmarsyňyz»* (Müsürden çykyş 3:12–22 serediň) diýdi.

Hudaý bizi her gezek gulluga çagyranda, şu zatlary aýdýar: «Bu zatlaryň hemmesini Edýän Mendirin. Men bu meseläni çözerin. Size diňe Meniň diýenlerimi etmek gerek, galanlaryny bolsa, Men ederin». Öz wezipämizi ýerine ýetirmek üçin zerur bolan zatlaryň hemmesi Onuň elindedir. Öz maksatlarynyň hemmesi amala aşar ýaly, Hudaý biziň üstümiz bilen Öz güýjüni aýan edýär.

## ÝOKARDAN BELLENILEN GULLUK TÖWEREGIMIZDÄKILERE TÄSIR EDÝÄR

Musany ruhy taýdan diňe Hudaý berkidip bildi. Bu ysraýyllylaryň hemmesine-de degişlidi. Müsürde alnan bigäne zatlaryň hemmesinden Öz halkyny diňe Hudaý azat edip bildi. Munuň üçin Ol bu halka Kanun berdi hem-de duşmanlaryndan gorap we gökden manna berip, olary çölden alyp geçdi. Hudaý olaryň durmuşynyň ähli ulgamlaryna kürsäp girip, olary tabyn etdi we ysraýyllylar aýratyn, saýlanylan halk bolar ýaly edip üýtgetdi.

Hudaý birwagtlar Musany edişi ýaly edip, ysraýyl halkyny dünýäniň butparaz halkyndan aýra etdi. Hudaý ysraýyllylary täze däplere, täze moda, täze sežde edişe we täze ýaşaýyş obrazyna çagyrdy. Mundan başga-da, Hudaý ysraýyllylara ýeke-täk hak Hudaýa gulluk etmeýänler bilen nikalaşmazlygy, hatda olar bilen gatnaşmazlygy-da tabyrdy. Reb täze ykdysadyýeti, täze ýaşaýyş stilini, kanunlaryň we düzgünleriň täze toplumyny döretdi.

Musanyň çölde geçiren wagty bilen ysraýyl halkynyň çölde ýörän wagtynyň birmeňzeş wagt — kyrk ýyl — bolmagy tötänden bolan zat däldir. Hudaý Musadaky müsür medeniýetiniň we däpleriniň galdyran zatlarynyň hemmesini ýok etdi-de, ondan ysraýyl halkynyň serdaryny çykardy. Indi bolsa Hudaý ysraýyllylary Özüniň saýlan halky etmek üçin olary Müsürden galan zatlaryň hemmesinden arassalady.

Öz wagtynda Musa berşi ýaly, Hudaý ysraýyllylara-da, olaryň arasynda barlygynyň alamatyny — gündiz bulut sütünini, gijesine bolsa, ot sütünini berdi.

Ahyrsoňunda ysraýyllylar özlerine wada berlen ýere baryp ýetenlerinde, Hudaýyň Öz sözüne wepalydygyna göz ýetirdiler. Olaryň duşmanlarynyň hemmesi derbidagyn edildi. Surnaýlaryň seslerinden we adamlaryň gykylyklaryndan ýaňa Erihanyň diwarlary ýykyldy. Hudaý her gezekki söweşde ysraýyllylara ýeňiş berdi, ýöne bar şöhrat Özüne degişli bolar ýaly etdi.

Şeýle-de bolsa, bu-da hemmesi däl. Hudaýa adamlary ruhy kämillige alyp gelmek nämä gerek? Munuň jogaby şol bir jogapdyr — ýokardan bellenilen gulluk üçin. Bir

gezek Hudaý Ybraýyma özi arkaly ähli halklaryň Hudaýy tanajakdygyny aýdýar. Hudaýyň halky ähli halklar üçin nur bolmalydyr (Işaýa 42:6; 49:6 serediň).

Hudaý ýewreýlere nähili beýik maksady görkezdi! Ýene-de Musada bolşy ýaly, adamlaryň öňünde ýönekeý bolmadyk ýumuş goýuldy. Hudaý: «Eger Meniň buýran zatlarymy etseňiz... eger hemme zatda Maňa gulak assaňyz... Men size ak pata bererin... sizem ak pata bolarsyňyz» diýýär.

Hudaý Öz maksatlarynda ulanmak üçin bizi tabyn edýär, bize şypa berýär we ruhy taýdan ösmäge kömek edýär. Hudaý biziň üstümiz bilen başgalara şypa berýär.

Biz başgalara öwredip biler ýaly, Hudaý bize öwredýär.

Biz akyldarlygy başgalar bilen paýlaşar ýaly, Hudaý bize akyldarlyk hem duýgurlyk berýär.

Töweregimizdäkilere teselli hem ruhlanma getirer ýaly, Hudaý bize teselli berýär we ruhlandyrýar.

Biz başgalara gulluk edip bilerimiz ýaly, Hudaý bize ruhy sylaglary sowgat berýär.

Hoş Habary dünýä ýaýradýanlara goldaw berer ýaly, Hudaý bize maliýe taýdan ak pata berýär.

## ÝOKARDAN BELLENILEN GULLUK ÖZÜŇI DOLY BERMEKLIGI TALAP EDÝÄR

Görgüleriň synagyndan geçen adamlar özlerini pida etmäge taýýar bolýarlar. Pida edijilik gulluk etme ukybynyň aýrylmaz bölegidir. Ýokardan bellenilen gulluk hiç

haçanam perwaýsyz we höwessiz edilmeýär. Ol ullakan özüňi bagyş etmäni, söýgini we işiňe çäksiz wepalylygy talap edýär.

Ysraýyl halky gaýta-gaýta Musanyň garşysyna gozgalaň turuzýar. Bu aslyýetinde Hudaýyň garşysyna turuzylan gozgalaňdy. Şol sebäpli-de, Musa ruhdan düşüp, birnäçe gezek: «Zalym hem doňýürek bu halky men näme edeýin?» diýip ýüzlendi. Ýöne Hudaý Musany-da, halkyda, terk etmezden başlan işini dowam etdirdi. Ol sustupesligi ýeňip, halky ýene-de yzy bilen alyp gitmäge Musa güýç berdi.

Eger özümizi ýakynlarymyza bagyş etmek islemeýän bolsak, onda ýokardan bellenilen gullugy ýerine ýetirip bilmeris. Munuň ýaly gulluk bizi adamlara söýgimizi hem wagtymyzy bermeklige, olara duýgudaşlyk görkezmeklige we öz işimize wepaly bolmaklyga çagyrýar. Munuň ýaly gulluk özümiz üçin hiç zat saklamazlygy talap edýär.

Hudaý biziň başgalara gulluk etmegimizi hem-de kimdir biriniň özümize gulluk edip başlaryna garaşyp oturmazlygymyzy isleýär. Uly bolmak isleýän adamyň hyzmatkär, gullukçy bolmalydygyny Isa aýdyň aýdypdy. Gulluk biziň durmuşymyz bolmalydyr.

Gullugyň manysyny waza bilen bedräniň mysalynda suratlandyryp bolar. Hemme myhmanlar görüp: «Gör, nähili ajaýyp!» diýer ýaly, göze görner ýaly ýerde goýlan müň dollarlyk gymmat wazany göz öňüne getiriň. Indi bolsa, suwsan adamlara suw alnyp gidilýän ýedi litrlik bedräni göz öňüne getiriň. Gulluk işinde-de biz edil şunuň ýaly zady görüp bilýäris. Kimdir biri üns merkezinde bolmak,

öz gözelligine buýsanmak we haýran galan muşdaklaryň buýsançly nazaryny görmek isleýär. Başga biri bolsa, egoizminden halas bolup, söýgüden dolýar-da, başgalara gulluk etmek üçin «bedre» bolmagy makul bilýär.

Biz hapa işden gorkmaly däldiris.

Biz kynçylyklardan we kyn meselelerden gorkmaly däldiris.

Biz ellerimizi çermäp, işlemäge taýýar bolmalydyrys.

Biz özümizi pida etmäge taýýar bolmalydyrys.

Biz başgalar üçin ejir çekmäge taýýar bolmalydyrys.

Agyrysyz hem ejirsiz ruhy taýdan ösmek mümkin däldir. Islendik kynçylygy ýeňmäge isleg hem taýýarlyk bolmasa, ýokardan bellenilen gullugy alyp baryp bolmaýar. Olary ýeňip geçenimizde bolsa, Hudaýyň özümiz bilendigine, Rebbiň bizde we biziň üstümiz bilen hereket edýändigine, Hudaýyň özümizden razydygyna akyl ýetirip şatlanýarys. Dostlarym, şol şatlyk bilen hiç zadam deňeşip bilýän däldir.

Musanyň gullugy aňsat däldi. Fyrownyň ýanyna baryp, Müsüriň üstüne abanýan nobatdaky jezany yglan etmek üçin ondan gaty uly batyrgaýlyk talap edilýär. Müsür goşuny juda ýakyna gelende, Gyzyl deňziň kenaryna baryp, ol ýerde hiç hili geçelgäniň ýokdugyny görende, ondan beýik iman talap edilipdi. Ysraýyl halkynyň üznüksiz nägileliginiň we iňirdisiniň hötdesinden gelmek üçin Musadan ummasyz sabyrlylygam talap edildi.

Eger Musa tabyn edilme hem ejir çekme ýoly bilen gitmedik bolsa, onda ol Hudaýyň özüni çagyran gullugyny hiç haçanam tamamlap bilmezdi.

Eger Hudaýyň öňünde dyza çöküp, Oňa tabyn bolmasak, hiç hili ähmiýetli zat edip bilmeris. Hudaý bize aýratyn gullugy ýene bir gezek bar zady öz güýjümiz bilen etmäge synanyşmagymyz üçin bermeýär. Ýok! Hudaý durmuşymyzy hemişelik, her bir täze günümizi Özüne bermeklige bizi çagyrýar. Biz Hudaýa doly tabynlykda bolup, durkumyz bilen Oňa wepaly bolmalydyrys.

Kimdir biri bir gezek: «Maňa halas edilendigim ýeterlikdir. Indi jennetiň derwezesine ýetsem bolýar» diýipdir.

«Be...e, görsene, nähili pajygaly ýalňyşlyk» diýip, men pikir etdim. Hudaý bizi bary-ýogy Gökdäki Patyşalyga «ýetmegimiz» üçin halas etmeýär-de, ruhy taýdan kämil adamlar bolup, Öz maksatlaryny amala aşyrmaga kömek etmegimiz üçin halas edýär. Ýakymly tarapy bolsa, ýokardan bellenilen gullugyň öz durmuşymyzy juda ajaýyp, söz bilen beýan edip bolmajak duýgy, aýratyn many hem mazmundan doldurýandygyndadyr.

Örän köp adamlar bütin ömrüne şol bir soraglary berip: «Men näme üçin ýaşaýaryn?» diýýärler. Eger siz Hudaý tarapyndan tabyn edilen bolsaňyz, eger Onuň özüňize şypa berip, ruhy taýdan ösmegiňize kömek berenini duýan bolsaňyz, onda bu soragyň jogabyny bilýänsiňiz. Özüni şöhratlandyranda, Hudaýyň bizi ulanyp bilmegi üçin dogulýarys. Hudaýyň bütin adamzat babatdaky maksadynyň amala aşmagyna ýardam berjek aýratyn gulluga Hudaýyň özümizi çagyrmagy üçin ýaşaýarys. Biz Hudaýdan ak pata almak we töweregimizdäkiler üçin ak pata bolmak üçin ýaşaýarys.

Eger öz wezipämize düşünsek we ony ýerine ýetirmäge jan etsek, onda ertirlerine bizi biriniň oýarmagy hökman bolmaz. Hudaýyň öz öňümizde goýan maksatlaryna ýetmeklige ýakynlaşmak üçin täze güne sabyrsyzlyk bilen garaşarys. Her bir ädim bize şatlyk we netijesiniň aladasyny Hudaýyň edýändigine ynanyp, gitdigiçe Onuň işine berilme islegini getirer.

Ýöne ilki bilen bize görgülerden geçmäge, tabyn edilmäge, üýtgäp başlamaga we ösmäge razy bolmagymyz gerek. Hudaý özümizi maksimum derejede ulanmazyndan öňürti, Ol biziň Özüne doly degişlidigimizi bilmelidir.

# 7-NJI BAP

## TABYN ETME PROSESI

Hudaýyň nukdaýnazarynda tabyn edilme — bu juda tertipleşdirilen prosesdir. Biz bu prosesde diňe bulam-bujarlyk görýäris — agyry, aljyraňňylyk we lapykeçlik duýýarys. Ýöne Hudaý durmuşy ýagdaýlara beýle garamaýar. Nämedir bir zatlar bolup başlamazyndan öň Hudaý bize näme bolýandygyny gaty gowy bilýär, şol sebäpli-de, Öz maksadyny durmuşa geçirmek üçin Ol şol ýagdaýaryň üsti bilen hereket edýär. Hudaý tabyn etme prosesiniň üstünden edýän gözegçiligini hiç wagtam gözden salýan däldir.

Muňa resul Petrusyň durmuşy gowy mysal bolup hyzmat edip biler. Petrusyň durmuşyndaky iň meşhur epizod Isanyň haça çüýlenilmeziniň öň ýanynda bolan wakadyr.

Şol gije Petrus Getsemani bagyndan baş ruhanynyň howlusyna çenli tussag edilen Isanyň yzyna düşüp gidýär. Ol howla girende, baş ruhanynyň hyzmatkärleriniň biri oňa seredip: «Bu adamam Onuň ýanyndady» diýýär. Petrus şobada hiç hili Isany tanamaýandygyny aýdyp, hyzmatkäriň sözüne garşy çykýar.

Birazajyk wagtdan soň ýene biri Petrusy görende: «Senem şolaryň biri ahyry» diýýär. Petrus onuň sözüni inkär edýär. Ýene birazrak wagtdan soň, Petrusyň Isanyň ýanyndakylaryň biridiginiň üstüni açmaga synanyşýarlar.

Şonda Petrus: *«Siziň näme diýýäniňizem bilemok»* diýip jogap berýär. Petrus Isa bilen tanyşlygyna üçünji gezek garşy çykan wagtynda, horaz gygyrýar. Säher bilen horaz gygyrmazdan öň, Özüni Petrusyň tanamaýandygyna üç gezek ant içjekdigini Isa öňünden aýdypdy. Hemme zat Isanyň öňünden aýdyşy ýaly boldy (Luka 22-:54–62 serediň).

Petrus adaty adam däldi. Ol aýratyn zehinliligi bilen tapawutlanýardy. Hoş Habarlarda Petrus beýleki resullara garanda, has ýygy-ýygydan ýatlanylýar. Resullaryň işlerinde, şeýle-de, Hatlarda ol hakda az gürrüň edilmeýär. Onuň liderleriň arasynda lider bolandygy aýdyň görnüp dur. Ýakup, Ýahýa bilen bir hatarda Petrus töweregindäkilerden Isa has ýakyndy. Ol Isanyň durmuşyndaky iň pajygaly pursatlarynda-da, Onuň ýanynda bolan adamdy.

Petrus balykçydy. Ol çalasyn, erkin, açyk hem fiziki taýdan sagdyn adam bolupdyr. Onuň egoist adam bolandygynam aýtmak bolar.

Şonda Isanyň näme üçin Petrus ýaly adamy saýlandygy hakda sorag peýda bolýar.

Isa Petrusy Hudaýyň meni we sizi saýlaýan pikiri boýunça saýlady. Ol biziň nämä ukyplydygymyzy görýär. Hudaý bizi Mesihe meňzeme potensialymyz üçin saýlaýar. Isanyň Petrusy saýlamagynyň sebäbi — Isa onuň

üsti bilen hereket edip biljekdigine ynandy. Isanyň Petrusy saýlamagynda aýratyn maksat bardy. Isa Öz saýlan adamyny aýratyn gulluga taýýarlady. Petrusyň durmuşynda-da, biziňem her birimizde bolşy ýaly, tabyn edilme we üýtgeme talap edilýän ulgamlar bardy. Isa Petrusyň durmuşynda hereket etmegi çürt-kesik makul bildi. Şonuň üçin Isa bir gezek oňa: «Men seniň adyňy çalyşýaryn» diýdi. Petrusa täze at bermek bilen Isa Simun bilen baglanyşykly bolan zatlaryň hemmesini pytratdy, sebäbi Isa ýanyna çagyrmazyndan öň Petrusy «Simun» diýip atlandyrýardylar. Şeýdip, balykçy Simun resul Petrusa öwrülip başlady.

Petrusyň durmuşynda bolşy ýaly, biziňem her birimiziň durmuşymyzda tabyn etme prosesiniň dört sany esasy düzümi bardyr.

## HUDAÝ TABYN ETME OBÝEKTINI SAÝLAÝAR

Hudaý hemişe biziň durmuşymyzda tabyn etmesi zerur bolan zady tapýar.

Biziň her birimizde-de ejiz hem güýçli taraplarymyz bardyr. Hudaý köplenç bizi özümizi güýçli saýýän zadymyzda tabyn edýär. Näme üçin? Sebäbi öz güýjümiziň ýetýän ýerinde Hudaýyň ýokarlygyny ykrar etmeklik bize juda bir mahsus däldir. Özümiziň ejizligimizi duýan wagtymyzda bolsa, Rebbe: «Hudaýym, men bu ýerde ejiz gelýärin, şonuň üçin meniň güýjüm bol» diýen sözler bilen ýüzlenýäris. Öz pikirimize görä, güýçli bolan ýerimizde bolsa: «Aý, munuň hötdesinden özümem

gelerin» diýýäris. Şeýdip, kömek hem maslahat sorap, Hudaýyň ýanyna barmaýarys.

Mysal üçin, zehinli pedagog ýa-da orator ýekşenbe mekdebindäki sapaga ýa-da ýygnakda wagyz etmeklige taýýarlananda, Hudaýdan kömek soraman biler. Ýöne ozal sapak berip görmedik adamdan sapak geçmegini ýa-da uly mähelläniň öňünde çykyş edip görmedik adamdan ýygnakda çykyş etmegini sorasak, ol derrew kömek sorap Hudaýyň ýanyna ylgar.

Biziň her birimizde öz endigimiz we dünýä garaýşymyz bar. Eger olar Hudaýyň maksadyna garşydaş bolsa, onda muňa Hudaýyň goşulmasynyň obýekti bolýar. Mysal üçin, Hudaý butparazlyga, açgözlüge, bir zada bagly bolmaklygyň islendik görnüşlerine we jynsy taýdan ters pikirlere hemişe garşy durýandyr.

Biziň her birimizde isleg bar. Ýöne eger bir zady aşa gowy görüp, ony Hudaý bilen gatnaşyklarymyzdan-da ýokary tutsak, onda munuň ýaly isleg tabyn etme obýekti bolýar. Şuňa meňzeş islegleriň özümizde bardygyny boýun almanyň özümize kyn düşmegi mümkin. Şonda özümizden: «Men hemme zatdan-da köpräk nämäniň arzuwyny edýärin?» diýip soramalydyrys. Arzuwlarymyzyň we pikirlerimiziň predmeti şonuň ýaly obýekt bolsa gerek. Eger şol pikirler bizi Hudaýy tanamagy we Oňa gulluk etmegi ýatdan çykarýan derejämize çenli bizi özüne çekse, onda Hudaý bu meselä hökman goşular.

Durmuşymyzyň islendik pursatynda Hudaý Özi bilen gatnaşyklarymyza abanýan howpy aýratyn belleýär. Ol bizi özümiz üçin daýanç ýa-da söýgi obýekti bolup

durýan zatdan mahrum edende, köplenç sustupeslik duýýarys. Ýöne Hudaý bizi sagdyn bolmadyk ysnyşykdan mahrum edýär. Gep Hudaýyň biziň kimdir birine ynanmagymyzy ýa-da kimdir birini söýmegimizi islemeýändiginde däl — ýok! Hudaý diňe kimdir birine Özünden artyk bil baglamagymyzy ýa-da Özünden artyk söýmegimizi islemeýär. Ýazgyda «Hudaýyň gabanjaňlygy» diýip, seýrek gaýtalanylmaýar. Hudaýyň gabanjaňlygy biziň höweslerimize, isleglerimize, nämäni söýýändigimize we wagtymyzy nämä sarp edýändigimize gönükdirilendir. Hudaý Özüniň birinji ýerde goýulmagyny isleýär.

Gabanjaňlyk — bu kanun boýunça özümize degişli bolan zady hyjuw bilen goramakdyr. Adamsy aýalyny öz maşgalasyna kast etjek bolýanlardan gabanyp biler, sebäbi aýaly kanun boýunça oňa degişli bolýar. Aýaly-da, hut şu esasda adamsyny gabanyp biler. Kimdir biri özümize degişli bolan zady almaga çalyşanda, biz gabanýarys.

Göripçilik, tersine, özümiziňki däl bolan zada gönügendir. Kimdir birine degişli bolan zady isläp başlanymyzda, göripçilik edýäris.

Biz Hudaýa degişlidiris. Ol biziň Ýaradyjymyz, biz bolsa, Onuň ýaradanlary, Onuň çagalary. Ol bizi Özünden ünsümizi sowýan zatlaryň we biziň durmuşymyzda Öz ýerini eýeläp başlaýan zatlaryň hemmesine gabanýar.

Reb biziň dolulygyna Özüne bil baglamagymyzy isleýär. Ol hiç zadyň bizi Özünden aýyrmazlygyny isleýär. Hudaý bizi Öz söýgüsinden aýyrýan, Özi bilen biziň

aramyzda böwet bolýan zatlaryň — hatda örän gymmatly hem gadyrly bolan zatlaryň — hemmesinem çym-pytrak edýär, ýok edýär we aýryp taşlaýar.

Biz hemişe diýen ýaly, Hudaýyň nämäni nyşana aljakdygyny bilýäris. Häzir bu setirleri okap otyrkaňyz, öz durmuşyňyzda: «Hudaý munuň bilen ylalaşman, eýýäm weýran etme meýilnamasyny belländir» diýip pikir edýänsiňiz öýdýärin. Hudaý bilen özümiziň aramyzda nämäniň durandygyny we durmuşymyzda Hudaýyň Ruhunyň arkaýyn aýan bolmagyna nämäniň päsgel berýändigini biz bilýäris. Mesih hakda şaýatlyk etmegimize ýa-da günäni ýeňmegimize nämäniň päsgel berýändigini bilýäris. Nämäniň öz ünsümizi doly ýuwudýandygyny, rahatlygymyzy nämäniň bozýandygyny ýa-da dury pikirlenmäge päsgel berýändigini bilýäris. Elbetde, Hudaýam muny bilýär. Ýöne Hudaý bize garanda uzak wagtlap görýär.

Isa Petrusyň durmuşynda birnäçe kynçylyklary gördi. Matta 14-de biz Isanyň suwuň ýüzi bilen şägirtlerine tarap barýandygy hakda okaýarys. Şägirtler Isany görüp gorkdular. Petrus: «*“Ýa Reb, bu Sen bolsaň, maňa suwuň ýüzi bilen ýanyňa barmagy buýur” diýdi. Isa oňa: “Gel” diýdi. Petrus hem gaýykdan düşüp, Isanyň ýanyna barjak bolup, suwuň ýüzi bilen ýöremäge başlady. Emma ýeliň güýjüni görüp gorkdy, ýaňy gark bolup ugranda: “Ýa Reb, meni halas et” diýip gygyrdy»* (Matta 14:22–30).

Isa Petrusyň häsiýeti boýunça joşgunly hem üýtgegendigini, bir görseň-ä, imany alawlaýardy, bir görseňem gorka ýan berýändigini bilýärdi. Petrus Öz yzyna ikir-

jiňlenmän düşer ýaly, Isa ondaky gorky gandallaryny ýazdyrmalydy.

Matta 16-da biz Isanyň Petrusa we şägirtlerine Özüniň Iýerusalime gitmegininiň, ol ýerde ýaşulularyň, ruhanylaryň we kanun mugallymlarynyň ellerinden görgi görmegininiň gerekdigini, ondan soň ölmelidigini, emma üçülenji güni direljekdigini düşündirýändigi hakda okaýarys. *«Petrus Ony bir çete çekip: "Ýa Reb, Hudaý saklasyn! Seniň başyňa asla beýle iş düşmez!" diýip, Onuň aýdanlaryna garşy çykdy. Ol öwrülip, Petrusa: "Çekil öňümden, şeýtan! Sen Maňa päsgel berýärsiň, çünki sen Hudaý işlerini däl-de, ynsan işlerini oýlanýarsyň"»* (Matta 16:21–23) diýdi.

Isa Petrusdaky hemme zady Hudaýyň islegine görä däl-de, özüçe etme islegini weýran etmeli boljakdygyny bilýärdi.

Bir gezek Petrus Isadan soraýar: *«"Ýa Reb, doganym maňa garşy näçe gezek günä etse, men ony bagyşlaýyn? Ýedi gezekmi?" Isa oňa şeýle jogap berdi: "Men saňa ýedi gezek däl, ýetmiş ýola ýedi gezek diýýärin"»* (Matta 18:21–22).

Isa Petrusyň özüne göwniýetmesini aýryp, ony tükeniksiz rehim etme we bagyşlama bilen çalyşmalydygyny bilýärdi.

Ýahýa 13-de Isanyň Petrusyň aýagyny ýuwjak bolşy suratlandyrylýar. Şol agşam Petrus Isa garşy çykyp: *«Men aýagymy Saňa asla ýuwdurmaryn» diýdi. Emma Isa oňa: «Men seni ýuwmasam, onda Meniň bilen üleşigiň bolmaz»* diýip jogap berdi.

Isa Petrusdaky tekepbirligi weýran etmelidigini bilýärdi.

Matta 26-da Isanyň Öz şägirtlerine şeýle diýýýär: *«Bu gije siziň hemmäňiz Menden ýüz döndererersiňiz, çünki: "Çopany uraryn, sürüdäki goýunlar dagar" diýip ýazylgydyr. Emma Men ölümden direlenimden soň, sizden öň Jelilä bararyn». Petrus Oňa: «Hemmeler Senden ýüz döndersede, men asla döndermerin»* diýdi. Ol Isadan ýüz öwrenden ölenini gowy görjekdigine ant içdi (Matta 26:31–35).

Isa imansyzlyk barada Öz eden pygamberligini özüne degişli däl saýan Petrusdaky özüne ynamlylygy aýyrmalydygyny bilýärdi.

Luka 22-de ýaragly adamlaryň bir toparynyň Isany tussag etmek üçin Getsemani bagyna gelşi suratlandyrylýar. Ine-de, Iuda haýynlyk bilen Mesihi ogşaýar. Şondan soňam Isany tussag edýärler. Petrus Isany goramakçy bolup, gylyjy alýar-da, baş ruhanynyň hyzmatkäriniň gulagyny kesýär. Ýöne Isa: «Bes et» diýip, ony saklaýar. Soň Isa hyzmatkäriň gulagyna elini goýýar-da, ony bejerýär.

Petrus ýene-de tabyn edilýär. Isa gaýta-gaýta Petrusyň tekepbirligine, egoizmine we özüne göwniýetmesine hüjüm edýär.

Isa siziň durmuşymyzda-da, edil şunuň ýaly eder. Hudaý biziň durmuşymyzda Özüne doly daýanmaga päsgel berýän zady tapar.

## HUDAÝ BELLI BIR ÝAGDAÝLARY DÖREDÝÄR

Tabyn edilmäge alyp barýan durmuşy ýagdaýlaryň hemmesi-de, edil tabyn etme obýektini saýlama ýaly, Hudaýyň ygtyýary astyndadyr.

Isa näme üçin suwuň ýüzünde ýöredi? Käbir manysynda Isa Petrus we beýleki şägirtler imanyň kömegi bilen gorkyny ýeňmegi öwrener ýaly ýagdaý döretdi.

Näme üçin Isa şägirtleriniň aýaklaryny ýuwma kararyna geldi? Isa muny bir tarapdan, ýüze çykan ýagdaýda Petrusyň tekepbirligini aýan etmek üçin etmegi makul bildi.

Näme üçin Isa şägirtleriniň Özünden ýüz öwürjekdiklerini pygamberlik edip aýtdy? Belki, Ol Petrusyň öz tekepbirligine akyl ýetirmegi üçin ýagdaý döretjek bolup ederdir.

Bu ýagdaýlaryň hemmesiniň Petrusa ýaramandygyna şübhe ýokdur. Mundan başga-da, Isa her gezek Petrusyň tekepbirligini we gopbamsylygyny weýran edende, muny köpçüligiň içinde etdi. Petrus Isany inkär edeni üçin ajy gözýaş döküp aglamaly boldy. Petrus ejir çekdi. Ol hasrat çekmesinde we özüne Hudaýa bolan imanyň ýetmezçilik edýändigine akyl ýetirmesinde teselli taparlykly däldi.

Eger Hudaýa däl-de, haýsydyr bir zada köpräk bil baglasak, eger Hudaýy däl-de, başga bir zada çuň akyl ýetirsek we başga zady Hudaýdan güýçlüräk söýsek, onda ýagdaýlar biziň tabyn edilmämiziň köpçüligiň öňünde bolar ýaly edilip döredilmegi gaty ahmaldyr.

Hudaý bizi her hili usul bilen tabyn edýär. Käwagt Ol hemme zady biziň Hudaýyň islegini görüp başlarymyz ýaly edip düzýär. Käwagt bolsa Hudaý öz saýlan günäli ýolumyz bilen gitmegimize rugsat berýär. Ol hemme zatda kelebiň ujuny ýitirmegimize rugsat edýär.

Ylaýta-da, bu başgalara garşy edýän günälerimize degişlidir. Munuň ýaly günä hemişe bilinýändir. Pornografiýa ýa-da azgynçylyk bilen meşgullanýan adam ahyrsoňunda günäsiniň üsti açylanda, şondan ejir çeker. Aldawçylyk bilen başga biriniň puluny alýan ýa-da ony ýele sowursa, onda ol irde-giçde türmä düşer. Şunuň ýaly ýagdaýlarda Hudaýa belli bir ýagdaýlary döretmek gerek bolmaýar, sebäbi adam öz büdremesini özi taýýarlaýar.

Men öz kätibi bilen ýakyn gatnaşykda bolup, aýalyna ikilik eden bir erkek kişini tanaýaryn. Bu gatnaşygyň üsti açylanda, ol juda lapykeçlige düşdi. Ol adam hemme zady — ýagdaýlary, emosiýalary, karýerasynyň ösüşini gözegçilik astynda saklamaga endik edinipdi. Durmuşyna hemme taraplaýyn gözegçiligi öz eline almaga çalşanda, ol töweregindäki adamlary öz bähbidi üçin manipulirläp, olaryň depesine çykýardy. Emma ol birdenem, bolýan zatlaryň üstünden edýän gözegçiligini ýitirdi. Tutuş durmuşy öz gözleriniň alnynda weýran boldy duruberdi.

Bu adamyň durmuşynda Hudaý hereket etdi. Indi oňa diňe bir seksual günäsini däl-de, eýsem, öz durmuşyna gözegçilik etme endigini-de bir zat etmek gerekdi. Ol Hudaýyň islegine tabyn bolmak islemeýärdi. Onuň tabyn edilmesi köpçüligiň öňünde boldy. Onuň adamlary manipulirländigi we olara gözegçilik etmäge eden synanyşyklary hemmelere giňişleýin aýan boldy.

Hudaý bizi tabyn edýän ýagdaýlary döretse döretmese-de, özümizi weýran ediji ýolumyzy dowam etdirmäge rugsat berse bermese-de, biz barybir: «Bolýar, Rebbim,

Men hemme zady Seniň isleýşiň ýaly ederin» diýmeli bolan ýagdaýa düşýäris.

## HUDAÝ TABYN ETME SERIŞDESINI SAÝLAÝAR

Hudaý biziň durmuşymyzyň tabyn etmesi zerur bolan ulgamyny nyşana alýar. Ol weýrançylyga alyp barýan ýagdaýlara seredýär. Şeýle hem, Hudaý bizi haýsy serişdäniň kömegi bilen tabyn etmelidigini saýlaýar.

Ol serişdeler bize içinde tabyn edilmämiz bolup geçýän ýagdaýlar näderejede ýaraýan bolsa, şonuň ýaly ýaraýar.

Eger Hudaýyň özümi näme bilen tabyn etmelidigini saýlamaly bolsan bolsam, onda: «Ýa Reb, haýyş edýärin, maňa kitaby ber-de, meniň nämä düşünmelidigim beýan edilýän sahypalary görkez, menem hemmesini okap, olary hasaba alaryn» diýerdim. Ýöne meniň durmuşymda Hudaý hiç haçan beýle hereket etmedi.

Munuň üstesine-de, Hudaý dörän ýagdaýlary özleriniň bähbitleri üçin ulanmaga synanyşan adamlaryň ýiti bellikleriniň, ýalan aýyplamalarynyň we ýalňyş otrisatel pikirleriniň bolmagyna ýol berdi. Hudaý käwagt çekerden çökder gelýan ýaly bolup görünýän kynçylyklary we aladalary ulandy.

Hudaý biziň bilen maslahatlaşmazdan tabyn ediji serişdeleri ulanýar. Saýlawy Onuň Özi edýär. Şonuň üçin biz özümizi haçan we nädip tabyn etmelidigini Hudaýa maslahat berip bilmeýäris. Bu asla biziň ygtyýarymyzda däldir.

Hudaý meniň tanyşlarymyň birinde birnäçe ýyllaryň dowamynda tabyn ediş prosesini alyp bardy. Munuň üçin Hudaý köpçülikleýin habar beriş serişdelerini ulandy. Bu adamyň sözleriniň we hereketleriniň gürrüňi ähli neşirlerde edildi. Ol hatda özüne degmek üçin ähli žurnalistler dildüwşendirler diýip pikir etdi. Meniň pikir edişime görä, bu aslyýetinde, Hudaýyň hereketidi. Bu tanşym tekepbirligi içinde: «Bu gazetler bilen žurnallar meniň üçin nämemişin? Olaryň meniň sözlerim we işlerim hakda köpçülikleýin gürrüň etmäge haklarynyň bolmaýşy ýaly, durmuşymada goşulmaga hiç hili haklary ýokdur» diýdi. Munuň ýaly gopbamlyk bilen tekepbirlik Hudaýa ýaramaýardy.

Hemme zada akyl ýetirip: «Hudaýym, men Seniňki. Özüme näme bolsa-da, men Saňa bil baglaryn we Seniň buýruk beren zatlaryňyň hemmesini ýerine ýetirerin» diýeriňiz ýaly, siziň durmuşyňyzda Hudaýyň häýsy serişdäni ulanjagyny bilemok. Men diňe uly ynam bilen: «Onuň guraly hemişe ýiteldilip goýlandyr, ol agyry döredýändir, ýöne şol guralyň ulanylmasyndan gaçyp gutulyp bilmeris. Siz ondan sowlup geçip bilmersiňiz. Durmuşyňyzdaky Hudaýyň üýtgetmek isleýän ulgamynda bir zatlar etmeli bolarsyňyz. Hudaýa doly ynamly bolmagyňyz bilen öz araňyzda duran böwediň daşyndan aýlanyp geçmek mümkin däldir» diýip bilerin.

## *Ölüm şonuň ýaly serişde bolup bilermi?*

Indi bolsa örän ünsli boluň. Siziň ünsüňizi çekjek bolup, Hudaý siziň söýýän adamyňyzy — ýanýoldaşyňyzy

ýa-da çagaňyzy — alar diýip biljek däl. Başgalaryň gulak asyp başlamagy üçin Hudaýyň kimdir biriniň janyny alýandygyna ynanmaýaryn. Birnäçe ýagdaýlarda ölüm adamyň Hudaýa ýakynlaşmagyna alyp barýar. Ýöne kimdir biriniň ahyrsoňunda öz durmuşyny Hudaýa tabyn etmegi üçin başga birine ölüm iberýändigine ynanmaýaryn. Näme üçin? Sebäbi Hudaý her bir adamy söýýär. Bir adamyň durmuşyna ak pata getirmek üçin başga biriniň durmuşyna külpetler indermek Hudaýa gerek zat däldir.

Mundan başga-da, ölüm şeýtanyň soňky urgusy bolýandyr. Ölümi hut şeýtan getirýändir. Hudaý ölüme ýol berýärmi? Hawa, ölüm ýerde Adam ata bilen How ene döwründen galan näletiň bir bölegidir. Ýazgy ölümiň her bir adamyň ýazgydynda bardygyny aýdýar (Ýewreýler 9:27 serediň). Şol bir wagtyň özünde-de Hudaý ölümiň inisiatory däldir. Ol ölümden halas Edijidir. Isa bizi heläk ediji däl-de, Halasgärimizdir. Şonuň üçin mesihiler ölüme nälet hökmünde garamaýarlar. Bu Hudaýyň barlygyna ebedilik geçmekdir. Elbetde, ýakyn adamymyzyň ölümi bize agyry getirýär. Ölüm bizi özümiziň söýgi bilen baglanyşykly bolan adamymyzdan aýyrýar ahyry. Ýöne ölüm mesihi üçin ýaşaýşyň soňy däldir. Günleriň birinde öz söýen, ýöne birwagtlar ýitiren adamlarymyzy görüp, olar bilen ebedilik birigeris. Sebäbi Isa ölümi Ýeňijidir. Onuň ölümden direlmesi biziňem ölümden direlmämize gapyny açdy.

Şeýlelikde, bizi tabyn etmek üçin Hudaýyň başga adamlara ölüm iberýändigine ynanmaýaryn. Ýöne men Onuň käwagt özümiz üçin juda gymmatly bolan zatdan,

mysal üçin, haýsydyr bir adam bilen dostlukdan, mahrum edýändigine ynanýaryn. Munuň ýaly ýitgi hemişe diýen ýaly, tabynlygyň başlangyjy bolýar.

## *Günä şonuň ýaly serişde bolup bilermi?*

Bizi ýola saljak bolup, Hudaýyň ýakynlarymyza ölüm iberjegine ynanmaýşym ýaly, bizi aklymyza aýlajak bolup, Onuň kimdir birini günä iteklejegine-de ynanmaýaryn. Mysal üçin, Hudaý bir ýigidi ýa-da onuň ene-atasyny tabyn etjek bolup, ony neşä tarap iteklemeýär. Ol bizi günä synagyna salmaýar — munuň bilen şeýtan meşgullanýar. Hudaý bizi günä etmäge mejbur etmeýär. Bizde azat erk bar, şonuň üçin biz ýa-da synaga ten berýäris, ýa-da ýok.

Hudaý durmuşymyzy gowy tarapa üýtgetmek üçin özümiziň we ýakynlarymyzyň ejizliklerimizi, günälerimizi we gulak asmazlyklarymyzy ulanýar. Bize ruhy taýdan ösmäge mümkinçilik bermek üçin Hudaý ýagdaýlardan hemişe-de peýdalanýar.

## *Biziň tabyn bolmagymyz töweregimizdäkilere täsir edýär*

Biz öz durmuşymyzyň — diýmek tabyn edilmämiziňem — adamlaryň içinde bolup geçýändigini ýatda saklamalydyrys. Tabyn edilme ýaşalmaýan adada bolýan ýaly, ýekelikdekäk bolup geçmeýär. Hudaý bizi tabyn edende, bu töweregimizdäkilere-de täsirini ýetirýär. Şo-

nuň üçin ýakynlarymyzyň tabyn edilmesem bize täsirini ýetirip biler.

Mysal üçin işine bolan söýgüsi Hudaýa bolan söýgüsinden artyk bolan adamyň durmuşynda, Hudaý telekeçiliginde ýüze çykan meseleler arkaly ony tabyn edende, bu ýagdaý onuň tutuş maşgalasyna täsir eder. Ýöne onuň tabyn edilme prosesine aýaly-da, çagalary-da goşulmaýar. Ýöne Hudaý olaryňam durmuşy üýtgär ýaly, bu ýagdaýy hökman ulanar. Tabyn etme prosesinde hiç zadam maksatsyz bolmaz. Öz ýakynynyň tabyn edilmesiniň täsirini duýýan adam özüniň ruhy ýagdaýyny görmäge we näderejede sazlaşykly ösýändigini we näderejede Hudaýa ynanýandygyny gowy görüp bilmäge mümkinçilik alýar.

Birinji bapda näme hakda gürrüň edendigim siziň ýadyňyzdadyr diýip umyt edýärin. Hudaý rehimsiz hem zalym bolandygy üçin bizi tabyn etmeýär. Hudaý asla was-wasy ymtylyşa esaslanyp, bize zelel ýetirjek ýa-da bizde agyry döretjek bolmaýar. Hudaý ünsümizi çekjek hem-de Özüniň biziň durmuşymyzda ýetmegi öňden taýýarlap goýan belli bir ulgamyna täsir ýetirjek bolup, bizi tabyn edýär.

## *Duşmanlarymyz tabyn edilmämiziň serişdesi bolup biler*

Bizi tabyn etmek üçin Hudaýyň ulanýan iň ýakymsyz «guraly» öz duşmanlarymyz bolsa gerek. Hawa, Hudaý käwagt yzarlanmany ulanýar. Biziň aňrybaş ünslüligimizi we Hudaýa doly tabynlygymyzy görýänçäler, Hudaý

duşmanlarymyza bizi yzarlamaga we gysmaga rugsat berýär.

Biz duşmanlarymyzyň öz üstümize çozmazlyklary üçin dileg edýäris. Biz: «Hudaýym, näme üçin bu mende şeýle bolýar? Näme üçin Sen bu adamy saklamadyň? Näme üçin meni duşmanlarymdan goramaýarsyň?» diýip zeýrenýäris. Hudaý bolsa, şol wagt bizi Özüne doly bil baglama getirmek üçin yzarlamalary iberýär.

Eger kimdir biri sizi hemişe gaharlandyrýan, üstüňizden gülýän, size garşy çykyp ýörýän, siziň bilen dawalaşyp ýörýär ýa-da siz hakda bolgusyz gybatlar ýaýradyp ýörýän bolsa, onda Hudaýdan: «Rebbim, Sen maňa näme öwretjek bolýarsyň? Mende nämäni üýtgetmek isleýändigiňi maňa görkez» diýip haýyş ediň.

Hudaý örän köp ýagdaýlarda bizde nämäni üýtgetmek isleýändigini, bize näme öwretjek bolýandygyny tiz açýar. Hudaý duşmanlarymyzyň däl-de, biziň ýüregimiziň gapysyna kakmaga çalyşýar. Hudaýyň öz durmuşyňyzdaky nämäni weýran etmäge çalyşýandygyna akyl ýetiren badyňyza, duşmanlaryňyzyň hemmesiniň sizden çekilýändiklerine göz ýetirip bilersiňiz.

Aýratyn üns bermegiňizi haýyş edýärin, men duşmanlarymyzyň hemişe mamla bolýandygyny aýtmak islämok. Olar bize hem Hudaýa garşy hereketem edip bilerler. Duşmanlarymyzy halamazlygymyz garşydaşlykly hem ýerliksiz hadysa diýip biljek däl. Men diňe durmuşymyzda gowy bir zadyň peýda bolmagy üçin Hudaýyň tabyn etme serişdesi hökmünde hatda duşmanlarymyzyda ulanýandygyny aýtmak isleýärin. Hudaý bu mak-

sadyna ýeten badyna, Onuň ünsi duşmanlarymyza tarap öwrülýär. Eger zerur bolsa, onda Hudaýyň duşmanlarymyza hökman almytyny berjekdigine ynamly bolup bileris (Rimliler 12:19).

### *Maşgalamyz tabyn bolmamyzyň serişdesi bolup biler*

Maşgala — bu biziň üçin iň agyryly boljak serişdeleriň biridir. Hudaý ony-da bizi Isa Mesihe meňzeş etmek üçin ulanýar. Biziň arassalanmamyz hem düzelmämiz üçin Hudaý aýalymyzy ýa-da adamymyzy ulananda, bu bize ýaramaýar. Rebbe gulak asmaýandygymyza gözümizi açyp, çagalarymyzy ýetmezçiliklerimizi görkezende ýa-da diýenetmezlik edenlerinde, bu bize ýaramaýar.

## HUDAÝ TÄSIRIŇ GÜÝJÜNE GÖZEGÇILIK EDÝÄR

Hudaý biziň tabyn edilmegimiz üçin maksat kesgitleýär, ýagdaýa öňden seredýär we serişde saýlaýar. Ýöne Ol şol serişdäniň bize täsir ediş güýjüne-de gözegçilik edýär. Biziň nähili agrama döz gelip biljekdigimizi Hudaý gaty gowy bilýär. Ol biziň tabyn edilmegimiz üçin näçeräk basyşyň zerurdygyny hem ýeterlik boljakdygyny-da bilýär.

Tabyn edilmäniň çäklerini-de Hudaý gurýar. Tabyn edilmäniň dowam etmeli wagtyny-da, çekjek agyrylarymyz bilen ejirlerimiziň çäklerinem Ol belleýär. Hawa,

durmuşymyzda ýol berilýän görgüleriň ölçegini-de, Ol kesgitleýär.

Iki şertiň biri ýerine ýetende, Hudaý tabyn etme prosesini tamamlaýar.

*Birinjisi*: *biziň erkimiz syndyrylan, özümizem Rebbe tabyn bolýarys*. Eger öz islegimizi Hudaýyň islegine doly tabyn edenimizde, ýagdaýlaryň hemmesi üýtgäp başlaýarda, Hudaý biziň durmuşymyza nämäniň üsti bilen täsir eden bolsa, şol zadam biziň durmuşymyzdan aýrylýar.

*Ikinjisi*: täsir weýran edijilikli bolup, Hudaýyň biz babatdaky maksadynyň ýerine ýetmegine pesgäl berip biler. Hudaý bizi Özüniň bize öňden niýetlän gullugyny alyp barmaga güýjümiz ýetmez ýaly bolýançak syndyrmaýar. Bu tersine bolan netijelere alyp barardy. Hudaý bizi ýok etmek däl-de, bir zady öwretmek we nämedir bir zada taýýarlamak isleýär.

## *Hudaýa garşy çykmaklyk diňe tabyn etme prosesini uzaga çekýär*

Eger Hudaý özümizi tabyn etmekçi bolanda, Oňa garşylyk görkezsek, onda bu eden hereketimiz öz ýagdaýymyzy diňe erbetleşdirýär. Tersine, eger Hudaýyň islegine boýun bolsak, tabyn etme prosesi tiz tamamlanýar. Şeýdip, biz bu prosesiň dowamlylygyna täsir edip bileris. Tabyn etme obýektini biz kesgitlemeýäris, durmuş ýagdaýlaryny biz döretmeýäris we tabyn etme serişdesini biz saýlamaýarys. Ýöne biz täsiriň güýjüne we dowamlylygyna täsir edip bileris. Nädip? Hudaý tabyn bol-

magy islemek ýa-da islemezlik bilen. Hudaýyň öz durmuşymyzda näme etmäge çalyşýandygyna näçe ir düşünsek, şonça-da, özümiz üçin gowudyr.

Tabyn edilmä garşy durmaga çalşanymyzda, Hudaý bize edýän täsirini güýçlendirmeli bolýar.

Eger adam Hudaýa uzak wagtlap garşylyk görkezse, ölmeýär-de, diňe ýoluň gyrasynda galýar. Ony görmeklerini bes ederler. Oňa indi mätäç bolmazlar. Ol özüniň ruhy ösüşinde saklanar hem-de howply ýagdaýda bolmasyny dowam etdirerler.

Bir gezek bir aýal maňa aşaky sözler bilen ýüzlendi:

— Hudaýyň meni, dogrudanam, gullukda ulananyna köp ýyllar geçdi. Ozal men ýygnakda örän işjeňdim, ýöne soňky döwürlerde men işiň başynda däl. Reb meniň gulluk alyp barmagymy isleýärmi?

Men ondan:

— Hudaýyň öz durmuşyňyzda nämedir bir zady üýtgetmäge çalyşýandygyny siz haçan hakykatdan duýduňyz? — diýip soradym.

Ol:

— Rebbiň haçan hem bolsa bir wagt beýle etjek bolan bolmanyny men hatda bilemogam, — diýip jogap berdi.

Men soragymy dowam etdirip şeýle sorag berdim:

— Siziň durmuşyňyzda özüňize bolan ynamyňyzy ýitirmäge çenli alyp baran çynlakaý — emosional, ruhy ýa-da hatda fiziki — kynçylyklar bolmadymy?

Ol:

— Boldy, ýöne ol zatlaryň hemmesi geçip gitdi, wagt şypa berýär, — diýdi.

Şonda men:

— Şol kynçylyklar zerarly durmuşyňyzda näme-de bolsa bir zat üýtgedimi? — diýip soradym.

— Ýok, men örän dözümli adam. Men hiç zadam üýtgetmedim, beýle etmek meniň düzgünime girmeýär, — diýip, ol jogap berdi.

Şol wagt men oňa:

— Belki, mesele hut şunda hem jemlenendir. Rebbiň özüňizi itekleýän ýoluny görýänçäňiz we ruhy ösüşiň şol ýoluny kabul edýänçäňiz, Hudaý size haýsydyr bir gullugy ynanmaz. Hudaý sizi şeýle güçli söýýändigi sebäpli, siziň özüňiziň üýtgemegiňizi isleýär. Ol siziň üýtgäp, Isa Mesihe meňzeş bolmagyňyzy isleýär. Hudaý size beýik gelejek taýýarlady, ýöne eger siz özmeklige we üýtgemeklige garşy çykyp dursaňyz, onda Ol siziň durmuşyňyz babatdaky maksadynyň hemmesini amala aşyryp bilmeýär, — diýdim.

## *Tabyn edilen, ýöne ýok edilmedik*

Hudaý bizi tabyn etmek bilen biziň ruhumyzy däl-de, erkimizi syndyrmak isleýär. Onuň maksady bizi heläk etmek däl-de, eýsem, şypa alyşa we ruhy kämillige alyp barmakdyr. Hudaý öz durmuşymyzyň üstünden gözegçiligi Özüne bermegimizi isleýär.

Petrus öz durmuşynyň üstünden gözegçiligi bermegi juda islän däl bolsa gerek diýip pikir edýärin. Öz aýagyny ýuwdurmalydygyny ýa däldigini onuň özi çözmek isledi. Isanyň, dogrudanam, suwuň ýüzünden ýöreýän ýöre-

meýänine özi göz ýetirmek isledi. Petrus Isanyň Özüni Mesih hökmünde yglan etmelidigini özi hemmelerden gowy bilýändirin diýip pikir etdi.

Biziň hemmämizem Petrusa meňzeşdiris. Biziň her birimiz hökümdarlyk jylawyndan güýjümizde baryny edip ýapyşýarys. Biz hemişe soňky sözi özümiz aýtmak isleýäris. Hudaý tabyn etme prosesiniň üsti bilen bizi ýöne bir öz hökümimizi ýöretjek ýerimize däl-de, eýsem, diňe: «Reb Isa, men näme etmeli?» diýip biljek ýerimize alyp barýar.

Petrus çyn ýürekden Isa Mesihe: «Hawa, men Seniň özüme buýran zatlaryň hemmesini etjek, kim bolmagymy isleseň, şol hem bolaryn. Men hemme zady Saňa tabşyrýaryn» diýip bilýänçä, üç ýyl gerek boldy.

Isa haça çüýlenilenden soň, Petrus balykçylygyna gaýdyp bardy. Şol ýerde-de, deňziň kenarynda-da, Isa ony tapyp aldy. Isa Petrusdan: «Petrus, sen Meni söýýärmiň?» diýip sorady.

Isa Petrusa şol bir soragy üç gezek berdi, Petrus üç gezegem: «Hawa, Rebbim, meniň Seni söýýändigimi Özüň bilýärsiň» diýip jogap berdi.

Isa Petrusa aýratyn wajyp tabşyryk berdi: «goýunlaryň», ýagny çopan gerek bolan Öz yzyna eýerijileriň hemmesiniň aladasyny etmekligi taşyrdy. Ahyrsoňunda Petrus Mesihiň islegine doly tabyn boldy. Reb Petrusa aýratyn gulluk sowgat berdi, Pentikost güni bolsa, bu gulluk üçin güýjem berdi.

Soňrak Petrusyň näme diýip ýazanyny diňläň: *«... Hudaý tekepbirlere garşy gidýändir, kiçigöwünlilere*

*bolsa merhemet edýändir»* (1 Petrus 5:5). Ol öz hatynda Süleýmanyň pähimlerinden setirler getirýär (Süleýmanyň pähimleri 3:34 serediň). Petrus şol sözleriň manysyna gaty gowy düşünýärdi.

Hudaý bizi tabyn etme prosesine çekmek bilen ýalňyşlyk goýbermeýär. Durmuşymyzyň haýsy ulgamynyň üýtgedilmäge degişlidigini Ol juda gowy bilýär. Bizi tabyn etmek üçin nähili ýagdaýlaryň zerurdygyny we munuň üçin haýsy serişdeleri ulanmalydygyny Ol bilýär. Ol şeýle hem, biziň näçe synaga döz gelip biljegimizi-de bilýär. Ol bizi kämilleşdirmek isleýär.

Hoş habar Hudaýyň hemişe biziň üçin iň gowy zatlary etmäge dyrjaşýandygynda jemlenendir. Bize bolsa, diňe muny etmegi üçin Oňa rugsat bermek gerek.

# 8-NJI BAP

## BIZIŇ TABYN BOLMA GARŞY GÖRKEZÝÄN NÄRAZYLYGYMYZ

Bu gün köpleriň göwnüne Hudaýdan gizlenip bolýan, Onuň buýruklaryny inkär etse bolýan, çagyryşyna bolsa garşy çykyp, özüňçe ýaşasa bolýan ýaly bolup görünýär. Munuň ýaly adamlar günä etmäni dowam etdirmek, Hudaýyň jezasyndan gaçmak mümkin diýip pikir edýärler. Emma olar ýalňyşýarlar.

Hudaýa garşy turuzylan gozgalaň üçin jogap bermelidir.

Garşy çykma ruhy diňe bir, aýdaly, närazylyk marşlaryna, terrorçylyk aktlara gatnaşýanlary ýa-da öýünden gaçýanlary gurşap almaýar. Biziň her birimizde-de dürli görnüşde ýüze çykýan gozgalaňçy bardyr. Biziň hemmämizde-de ýol bermek, tabyn bolmak we ejir çekmek islemeýän wagtlarymyz bolýar. Özümizdäki şol gozgalaňçylyk başlangyjy hem, Hudaýa garşy çykýar.

Hudaý Ýunusy Ninewä gidip, onuň ýaşaýjylarynyň edýän erbetliklerini paş etmeklige çagyranda, Ýunus Ýopa şäherine gelip, Tarşuşa, ýagny düýbünden başga tarapda ýerleşip, Ninewiden dört ýüz kilometr uzaklykdaky

şähere gitjek bolup duran gämä münýär (Ýunus 1:1–3 serediň).

Ýunus Hudaýyň buýrugyny ýerine ýetirmek islemedi-de, gaçyp, Hudaýdan gizlenmäge synanyşdy. Ýöne bu taktika oňa kömek etmedi. Ol siz bilen maňa-da kömek etmez.

## HUDAÝDAN GAÇMAK MÜMKINMI?

Hudaýdan gaçmaga edilýän synanyşygyň bar manysyzlygyny göz öňüne getirip görüň. Gözleriniň öňünde hemme zat — ýer şarynyň üstündäki we älemdäki diri hem diri däl zatlaryň bary — açyk Bolanyň gözleriniň öňünde nädip gizlenip bolar? Diňe sagdyn pikir etmegi başarmaýan adam Hudaýyň nazaryndan gizlenmäge synanyşyp biler. Hudaýdan munuň ýaly edip gaçmaklyk öz-özüňden gaçmaga edilen synanyşyk ýaly bir zatdyr. Ýöne gaçybam, diri galmak mümkin däldir.

Hudaý belli bir ýagdaýlary döretmek bilen bizi Öz elinde gatyrak gysyp başlanda, biz köpleç sypmaga çalyşýarys. Biz gitdigiçe Ýunusa meňzeş bolýarys. Bizi Ninewä çagyrmaýan bolmaklaram mümkin, ýöne tabyn edilmäniň ähli ýagdaýlarynda diýen ýaly, tabyn edilmä bolan ilkinji garaýşymyz — bu Hudaýyň çagyryşy bilen ylalaşmazlyk we oňa garşy çykma bolýandyr. Biz şobada-da gaçmaga ýol gözläp başlaýarys.

Ýunusyň düşen ýagdaýy, ine, nähili bolupdy. Ninewe ol döwürlerde juda ullakan şäherleriň biridi. Ol Iýerusalimiň müň kilometr demirgazyk-gündogarynda ýerleş-

ýärdi. Assiriýa imperiýasynyň paýtagty bolan Ninewe öz gözellgi, ajaýyplygy we kuwwatlylygy bilen tapawutlanýardy. Onuň ýaşaýjylary batyr esgerlerdiler. Olaryň eline düşäýmek gaty gorkunçdy, sebäbi olar ýesirlere juda zalym daraýardylar. Ýunusyň döwründe assiriýalylar töweregindäki ýurtlary hem halklary güýçli depginde basyp alypdy. Ysraýyly gul etmeklik diňe wagtlaýyn meseledi. Ýunus muny bilýärdi, şol sebäpli-de, Hudaýyň çagyryşyna boýun bolup, ninewelilere özleriniň günäleri sebäpli Hudaýyň berjek jezasyny yglan etmek oňa aňsat düşmändi.

Aslyýetinde Hudaý Ýunusa öz duşmanlarynyň ýanyna gidip, olaryň arasynda toba etmäni wagyz etmekligi sorapdy. Ýöne Ýunus ninewelileriň gutulyşyny däl-de, ölümini isleýärdi (Ýunus 4:1–3). Öz duşmanlaryna toba etmekligi we Hudaýyň gazabyndan halas bolmaklygy wagyz etmeli ýeri bolan Ninewä gidenden, Ýunus ölenini gowy görerdi. Ýunus assiriýalylary şeýle bir ýigrenýärdi welin, hatda ol Hudaýa-da aç-açan garşy çykyp, ölüme-de razy boldy. Şeýdip, Ýunus Ýopa gelýär-de, ol ýerde Tarşuşa, ýagny belli bolşy häzirki Ispaniýanyň territoriýasynda ýerleşýän şähere, petek alýar.

Siz babatda nähili? Hudaý sizden bir zat etmegi soranda: «Ýa Reb, men muny etjek däl» ýa-da «Ýa Reb, men muny hökman ederin, ýöne häzir däl, biraz soňrak» diýip jogap beren wagtyňyz boldumy? Käwagt biziň garşylygymyz: «Rebbim, Seniň menden nämäni haýyş edýäniňe düşündim, ýöne meniň pikirimçe muny başgaça etseň has gowy boljak ýaly» diýen sözlerde beýanyny tapýar.

Hudaýa derrew we gürrüňsiz gulak asmak isleýänçäk, gozgalaňçylyk ýagdaýynda bolýandyrys.

## HUDAÝA GARŞY GOZGALAŇ TURUZMAKLYK ONDA JOGAPLY HEREKETI DÖREDÝÄR

Biziň islendik diýen etmezligimize Hudaý şobada baş galdyrýar. Ol Ýunusyň durmuşynda edişi ýaly, biziň durmuşymyza-da harasat goýberýär. Ýunus Tarşişe tarap ýüzüp başlan badyna, deňizde güýçli gom turup, gämi gark boljak bolup başlaýar. Gämini halas etjek bolup, komandir mümkin bolan zatlaryň hemmesini zyňyp başlaýar. Ýunus bolsa bu wagt aşakda, gäminiň içki ammarynda süýji ukuda ýatyrdy. Ol diňe bir Hudaýdan gaçmak bilen çäklenmän, eýsem, Oňa üns hem bermezlige çalyşýardy.

Ahyrsoňy gäminiň komandiri Ýunusy turzup: *«Heý! Sen näme ýatyrsyň? Tur, öz hudaýyňy çagyr. Belki, onuň rehmi inip, bizi halas eder»* (Ýunus 1:6) diýdi.

Emma Ýunus hatda Hudaýa pyşyrdamadam. Şeýdip, tupan gitdigiçe güýçlendi.

Hudaýa garşy gozgalaň turzanymyzda, töweregimizdäkilerde köplenç biziň näme edýändigimiz hakda sorag ýüze çykýar. Eger sizde şeýle zat bolýan bolsa, size öz ýagdaýyňyzyň howpludygyny duýdurmaga synanyşýan soragly adamlara gulak asyň!

Öňräk men bir adamyň — ony Jon diýip atlandyrýarys — taryhyny eşitdim. Ol aýaly dünýäden ötenden soň, iki sany binika çagasy bolan, iki gezek nikasyny bozan bir aýal bilen duşuşyp başlaýar. Ol köpleriň pikiriçe dur-

nuksyz hem tertipsiz aýaldy. Olar uzak duşuşdyklaryça we olaryň gatnaşyklary has ýakynlaşdygyça, dostlary bilen garyndaşlary Jona: «Gulak as, ol seniň taýyň däl» diýdiler. Emma Jon hiç zat diňlemegem islemedi.

Bir gezek ol aýal özüne bolan söýgüsiniň alamaty hökmünde Jondan öýüni ähli emlegi bilen öz adyna geçirmekligi talap edýär. Jon beýle etmekden boýun towlanda, aýal onuň üstüne gygyryp başlaýar. Soň iş ýumruga geçende, Jon söýgülisiniň urgusyndan goranjak bolup, onuň gaharyny köşeşdirmäge we rahatlandyrmaga synanyşýar. Netijede aýalyň elinde gök galýar. Ol şobada polisiýany çagyrýar welin, Jony ten zeperini ýetireni üçin tussag edýärler.

Ahyrsoňunda bu ony özüne getirýär. Biraz wagt geçenden soň, ol: «Men bu aýal bilen hiç hili gatnaşyk saklamaly däldigini duýduran Hudaýa garşy çykdym. Ýöne men söýen hem-de otuz ýyllap bagtly ýaşaşan aýalymyň ölendigi sebäpli, Hudaýa gaharlydym. Men dostlarym bilen garyndaşlarymyň beren maslahatlaryna we duýduryşlaryna üns bermedim, şonuň üçinem, men almytymy almaly boldum» diýip boýun aldy.

Bagtyna, ol kejirligine toba etdi, şeýdip, diýen etmezligiň gutulgysyz netijeleriniň ýüküni özem, çagalaram çekmeli bolmady.

Ýunusyňam hemme zady gülala güllük bolmady. Gämidäkileriň hemmesi turan tupanyň arasyndakylaryň biri üçin jezadygy baradaky netijä geldiler. Kimdigi üçindigini biljek bolup, olar bije taşladylar. Olaryň haltanyň içine birnäçe sany ak, bir sanam gara daş salan bol-

maklary mümkin. Her kim seretmän, bir daş çekmelidi. Gara daş kime düşse, şony-da betbagtçylygyň sebäpkäri hasaplaýarlar. Siziň eýýäm bilşiňiz ýaly, gara daş Ýunusa düşýär, şonuň üçin ondan derrew: «Sen kim?» diýip soraýarlar.

Ýunus: *«Deňzi we gury ýeri ýaradan gögüň Hudaýy Rebbe sygynýaryn. Men jöhit»* (Ýunus 1:9) diýip, hemme zady gürrüň berdi. Ondan näme edendigini soranlarynda, Ýunus Rebbiň nazaryndan gaçyp barýandygyny boýun aldy.

*«Gämiçiler Ýunusa: "Deňiz köşeşer ýaly, biz seni näme edeli?" diýdiler. Ýunus olara: "Bu gaýa duçar bolmagyňyza özümiň sebäpkärdigimi men bilýärin. Meni göteriň-de, suwa taşlaň, şonda deňiz köşeşer" diýdi»* (Ýunus 1:11–12). Hatda çarpaýa galan tolkunlaryň hem içinden geçip barýan ýeliň öňünde-de Ýunus: «Duşmana toba etmekligi wagyz edenden, öleniň gowy» diýip pikir edip, öz diýenini tutdy durdy.

Şeýle-de bolsa, deňizçiler Ýunusyň özlerine maslahat beren zadyny etmek islemediler. Olar kenara çykmaga synanyşdylar, emma tupan güýçlendi. Ahyrsoňunda olar Rebbe ýüzlenip, eden günälerini ötmegini soradylar. Şu sözleri aýdybam, olar Ýunusy deňze taşladylar.

Mukaddes Kitapda okaýşymyz ýaly, deňizde Ýunusa Hudaý tarapyndan iberilen äpet jandar garaşýardy. Onuň nähilidir bir kit bolmagam mümkin, sebäbi kitleriň käbir görnüşleri diňe bir adamy däl, eýsem, kiçiräk gaýygam ýuwdup bilýär. Garaz, Hudaý bu äpet jandar Ýunusy ýuwdar ýaly etdi. Hudaý Ýunusyň bu jandaryň için-

den aman çykmagyna ýol berdi. Ýunus her neneň edip ölmäge synanyşsa-da, oňa ölmek başartmady. Hudaý Ýunusyň öňünde ýetilmedik belli bir maksady goýupdy. Hudaý Ýunusy öldürmäge däl, tabyn etmäge ymtyldy. Ol pygamberiň ölümini islemeýärdi. Ninewäniň ýaşaýjylary wagzyny eşider ýaly, Ýunus Hudaýa diri gerekdi.

Kitiň içinde geçirilen üç gije hem üç gündizden soň, Ýunus Rebbe dileg etdi. Ol toba etme dogasy bilen, öz ejizligini boýun alýan adamyň dogasy bilen ýüzlendi. Ýunus Hudaýa öz wezipesini ýerine ýetirjekdigini, ýagny pygamberlik gullugyny alyp barjakdygyny aýtdy (Ýunus 2:1–10).

Ýunus Hudaýa tabyn boldy. Ol Rebbiň beýikligini doly ykrar etdi. Mukaddes Kitapda:

*«Reb balyga emr etdi. Balyk Ýunusy gury ýere gusdy»* (Ýunus 2:10) diýlip ýazylypdyr.

Şeýlelikde, Ýunus Ninewä barýar-da, üç günläp onuň köçelerini aýlanyp: *«Ýene kyrk günden Ninewe ýykyljak»* diýip jar çekdi.

Ýunus Hudaýyň sözüni söýgi hem duýgudaşlyk bilen aýtmaga çalyşmadam. Ol ýöne bir diýen ediji işgärdi. Hawa, ol öz erkini Hudaýyň erkine tabyn edipdi, ýöne Ninewäniň ýaşaýjylaryna bolan gatnaşygy öňküligine galypdy. Ol gaharyna gynançsyz hem duýgudaşlyksyz gepleýärdi. Ol özüne Hudaýyň beren buýruklarynyň hemmesini ýerine ýetirmäge taýýardy, emma ýüreginiň jümmüşinde duşmanlarynyň toba gelmegini islemeýärdi. Ol dogry sözleri aýdýardy, emma ony Hudaýyň rehimdarlygy herekete getirmeýärdi.

Ýunusyň erki syndyrylyp, Hudaýa tabyn edildi. Indi Rebbiň Ýunusyň duşmanlaryna bolan gatnaşygyny üýtgetmegi galypdy.

Şol wagtda Ýunusyň lapyny keç edip, Ninewäniň ýaşaýjylary Ýunusyň wagzyna seslendiler. Olar Hudaýa ynandylar-da, «uludan kiçä çenli hemmesi» oraza tutdy-da, toba etmäniň alamaty hökmünde jul geýdiler. Hatda Ninewäniň patyşasy-da, tagtyndan düşüp, patyşalyk lybasyny çykarýar-da, jul geýnip, «külüň üstünde oturýar». Patyşa hiç kimiň iýmän-içmän, jul geýip, Hudaýa ýalbarmalydygyny buýruk berip: *«Ynsan-u haýwan jul geýinsin, bar güýji bilen Hudaýa perýat etsin, öz ýaman ýolundan dönüp, bet işlerinden el çeksin. Belki, Hudaý pikirini üýtgeder, gazabyndan saklanar; şeýdip, biz heläk bolmarys»* (Ýunus 3:8–9) diýdi.

Hudaý Ýunusy tabyn etmäniň guraly hökmünde ninewelileri ulandy. Ýöne Hudaý ninewelileri-de tabyn etmek üçin Ýunusy gural hökmünde ulandy. Umuman, nineweliler Ýunusdan tapawutlylykda, Hudaýyň çagyryşyna tiz seslenip, toba geldiler. Biz: *«Şondan soň Hudaý, olaryň edenlerini, ýaman ýoldan dönendiklerini görüp, gazabyndan saklanyp, görkezjek diýen erbetligini olara görkezmekden el çekdi»* (3:10) diýen sözleri okaýarys.

Ýunusy däl-de, ninewelileri tabyn etmeklik şeýle tamamlandy. Ýunus öňküsi ýaly, ninewelileriň ölmän, toba gelendigini görüp ýaşandan ölenini gowy görýärdi. Ýunus Hudaýa we Ninewäniň ýaşaýjylaryna gaharlanmagyny dowam etdirýärdi. Hudaý ondan: «Bu seni şeýle gaýgylandyrdymy?» diýip sorady.

Ýunus Hudaýa hiç hili jogap bermedi-de, şäheriň diwarynyň arkasynda oturyp, mundan soňky boljak zada garaşmaga başlady. Hudaý Ýunusyň ýüreginiň gapysyna kakmaga çalşyp, oňa ýene-de sapak bermegi makul bildi. Şonda Ýunusyň ýanynda bir pursatda üzüm agajy gögerdi, Ýunusam onuň kölegesinde günden gizlenip bildi. Ýöne ertir säher bilen nahilidir bir gurçuk ony gemirýär welin, olam gurap galýar. Gün al asmana galanda, ýakyp barýan gündogar ýeli turdy. Gün şeýle bir ýakyp başlady welin, Ýunus huşuny ýitirdi. Ýunus üzüm agajy üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirmegiň we Onuň beren sapagyny özleşdirmegiň deregine: «Ýaşanymdan ölenim gowy» diýip, öz sözüni tutdy oturdy.

Hudaý ýene-de Ýunusdan: «Ösümlik üçin şeýle gynanaýdyňmy?» diýip sorady. Ýunusam: «Örän, hatda ölüm halyna çenli gynandym» diýip jogap berdi.

Bu Ýunusyň Hudaýa aýtmak islän bar zadydy. Biz ondan başga hiç zat eşitmeýäris. Ýunusyň taryhy Hudaýyň: *« Öz hiç bir zähmetiň siňmedik, bir gijäniň içinde ösüp, bir gijäniň içinde-de guran ösümlige seniň nebsiň agyranda, sagyny-soluny saýgaryp bilmeýän ýüz ýigrimi müňden agdyk adamy we köp mal-garasy bolan şeýle uly şäher Ninewä Meniň neneň haýpym gelmesin*?» diýen sözleri bilen gutarýar.

Ýunusyň bu sözlere nähili garandygy hakda Mukaddes Kitapda gürrüň berilmeýär. Biz şondan soň Ýunusyň gullugynyň nähili bolandygyny-da bilmeýäris. Ýunus Hudaýyň erkine doly tabyn bolýança, Hudaý ony ulanyp bilmedi. Ýunus muny etmek islemedi.

Bu taryh ýöne bir gadymy hekaýat däldir. Bu köp adamlarda gaýta-gaýta bolup geçýän taryhdyr. Ýaňy-ýakynda men Hudaýyň wagyz etmäge çagyran bir adamy hakda eşitdim. Bu adamyň ullakan kompaniýada gowy işi bardy, şonuň üçin ol ýokary aýlykly işinden çykman, käwagt wagyz etme kararyna gelýär. Ol özüni şeýle etmek bilen ýygnagyň özüne aýlyk tölemeli däl bolýandygy we ýygnagy goşmaça çykdajydan halas edýändigini aýtmak bilen aklaýar. Ol Hudaýyň islegine diňe bölekleýin tabyn boldy.

Bu adam hem işini, hem maşgalasyny ýitirdi. Onuň durmuşy gözüniň öňünde weýran boldy. Ol ahyrsoňunda: «Hudaýym, men Seniň isleýşiň ýaly etjek» diýdi. Şonuň üçin Hudaý oňa maşgalasyny gaýdyp berdi. Ol adam kyrk ýaşap geçenden soň, seminariýa okuwa girdi-de, wagyz edip başlady. Aýlygynyň azdygyna garamazdan, ol durmuşyndan hemişekilerinden has razy. Aýaly bilen çagalary ony goldaýarlar. Öz aýdan sözlerine görä, ol ilkinji gezek durmuşynyň manysynyň bardygyny duýýar.

Siz Hudaýa nähili jogap berýärsiňiz? Duşmanlaryňyza nähili jogap berýärsiňiz? Öz meýilnamaňyza we niýetiňize girmedik ýagdaýlara nähili garaýarsyňyz? Hudaý biziň Özüne bolan gatnaşygymyzy üýtgetmegimizi we Öz islegini ýerine ýetirmek islemegimizi isleýär. Siz muňa taýýarmy?

## HUDAÝYŇ HER BIR ADAMYŇ DURMUŞYNDAKY ÜÇ ÇAGYRYŞY

Hudaý her bir adama az bolanda üç gezek ýüzlenýär. Birinji çagyryş — bu adam günälerine toba edip, Isa

Mesihiň Golgotada döken ganyny günälerden halas ediji gurban hökmünde iman bilen kabul etmegi üçin gutulyşa çagyryşdyr.

Ikinji çagyryş – bu mukaddes bolma ýa-da günäli bolan zatlaryň hemmesinden aýrylmaga çagyryşdyr. Bu Hudaýa doly wepaly bolmaklyga çakylykdyr. Şol wepalylygyň kömegi bilen günä adama hökümdarlyk etmeýär. Bu mesihiniň ýüreginde ýaşaýan Mukaddes Ruha azatlyk bermeklige, Oňa özümizi alyp barmagyna we islendik synaglara garşy durmaga kömek etmegine rugsat bermäge çagyryşdyr.

Adamyň Hudaýdan eşidýän üçünji çagyryşy – bu gulluga çagyryşdyr. Bu gulluk öýde-de, işde-de, hoş habarçylyk guramasynda-da ýa-da islendik ýerde-de geçip biler. Hudaýyň gulluga çagyryşy hemişe örän şahsy bolýandyr. Hudaý gulluga çagyranda, adamyň zehinini, ukybyny, ähli sylaglaryny hem Hudaýa peýdaly bolma islegini hasaba alýar.

Käbir adamlar Hudaýyň gutulyşa çagyrmasyna garşy çykýarlar. Olar Hoş Habary inkär edýärler. Ol adamlar gutulyş çagyryşyna seslenýänçäler, Hudaý olary mukaddes bolma ýa-da gulluga çagyryp bilmeýär. Şol sebäplide, Hudaýyň çagyryşy munuň ýaly adamlar üçin dynman ýaňlanyp dur. Hudaý olary gutulyşa çagyrmasyny bes etmeýär. Hudaýyň olary tabyn etme synanyşygy olaryň günälerine toba edip, Isa Mesihi Halasgär hökmünde kabul etmeklerine gönükdirilendir.

Käbirleri Hudaýyň mukaddes bolma çagyryşyna garşy çykýarlar. Olar Hudaýyň bagyşlamasyny aldylar, ruh-

da täzelendiler, ýöne Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyna tabyn bolmakdan boýun towlaýarlar. Olar öňküleri ýaly ýaşamagy, Hudaýyň dogrulyk ýolundan däl-de, dünýäniň ýolundan ýöremegi dowam etdirmek isleýärler. Olar Mesihi özleriniň Halasgäri hökmünde kabul etdiler, ýöne hemme zatda Reb hökmünde Onuň yzyna düşme kararyna gelmediler. Olar mukaddes bolma çagyryşyna seslenýänçäler, Hudaý olary gulluga çagyryp bilmeýär. Olar Özüne ýan berýänçäler, Hudaý olaryň durmuşynda dynman hereket edýär. Hudaýyň edýän tagallalarynyň hemmesi şunuň ýaly adamlary tabyn edip, olary mukaddeslige alyp barmakdyr.

Birnäçe adamlar Hudaýyň gulluga çagyrşyna seslenmeýärler. Olar Hudaýyň özlerine: «Men seniň şuny etmegiňi isleýärin» diýenini eşidýärler, ýöne: «Men bilýärin, meniň pikirimçe, ilki özümiň käbir işlerimi etmelimikäm diýýärin» diýip jogap berýärler. Munuň ýaly adamlar özleriniňem saýlawynyň şol bir maksada gönükdirilendigine Hudaýy ynandyrmaga synanyşýarlar.

Bir mesihi zenan özüniň bir gezek Hudaýyň: «Saňa işlemek gerek däl. Sen çagalaryňy öýüňde özüň terbiýelemeli. Olarda oýnawajyň az bolmagy mümkin, ýöne şeýle-de bolsa, olar ene söýgüsi hem aladasy bilen gurşalyp ulalarlar, olar dogry nesihatlary alarlar. Bu Meniň islegimdir» diýen sesini anyk eşidendigini maňa gürrüň berdi.

Ol zenan: «Men Hudaýa gulak asmak islemedim. Men Oňa gulluk etmek isleýärdim, ýöne öz öýümde däl. Meniň pikirimçe, eger men uly gullugy alyp barsam, çagalarym meni sylajak we olaram Hudaýa gulluk etmek islejek

ýalydy. Eger bir ýerde işlesem, Mesihe köp adam getirerin diýibem pikir edýärdim. Ýöne başgaça boldy. Çagalarym meniň gozgalaňçylygymyň hasylyny ýygdylar. Olar mekdepde okaýarlar. Adamym ikimiz bolsa, olaryň öz wagtlaryny dostlary bilen biderek geçirýändiklerini görýäris. Şonuň üçin bu olary gowulygyň üstünde alyp barmaz diýip gorkýarys. Men ahyrsoňunda, işimi goýup, öýde olar bilen oturmaly diýen karara geldim. Deňeden geçirilen wagty yzyna öwrüp bolmajakdygyny bilýärin, ýöne şonda-da çagalarymy gowy terbiýeläp bilerin diýip umyt edýärin» diýip gürrüň berdi.

Hudaýyň belli bir gulluga çagyrşyna garşy çykýanlar başga zatda hakyky kanagatlanmanyň we durmuşyň manysyny tapmanyň mümkin däldigine göz ýetirýärler. Eger Ýunusyň durmuşyndan nämedir bir zady öwrenmek isleýän bolsak, onda onuň durmuşynda hiç hili şatlygyň bolmandygyna düşünmelidiris. Hudaýa garşy baş galdyrmaklyk bagt getirýän däldir. Beýle etmeklik diňe gaýgy, depressiýa, gahar, kine we lapykeçlik alyp gelýändir.

Eger günleriň birinde Hudaýyň çagyrşyny eşitseňiz, ýatda saklaň, özüňiziň hiç bir teklibiňizi-de, Hudaýyň niýetleri bilen deňeşdirer ýaly bolmaz.

Hudaý hiç haçanam: «Sen muny etmek islemeýärsiňmi?» diýip gyzyklanmady. Hudaý hiç haçanam menden: «Sen şeýle etseň bolmaýarmy?» diýip soramady. Ol hiç haçanam: «Gaýrat et-de, şuny et» diýip haýyş etmedi. Ýok. Hudaý hemişe örän gönüsini aýdýar. Ol: «Ine, Meniň senden isleýän zadym» diýýär. Onuň talaplary hemişe aýdyň hem düşnüklidir.

# BIZIŇ GOZGALAŇÇYLYGYMYZYŇ SEBÄPLERI

Biziň Hudaýa gulak asmak islemeýändigimiziň birnäçe sebäpleri bar.

## *Tekepbirlik*

Gozgalaňçylygymyzyň iň esasy sebäbi tekepbirligimizdir. Hemme zady öz bilşimiz ýaly edip, Hudaýyň islegine garşy gidenimizde, biz beýle etmek bilen: «Men Hudaýdan gowrak bilýärin» diýýäris.

Adam Hudaýyň gutulyşa çagyrşyna garşy çykanda, söz hereketi bilen: «Reb, nädip halas bolmalydygyny men Senden gowy bilýärin. Men Isa Mesihe iman etmeklige garanda, has gowy bolan başga bir ýoly bilýärin. Men ebedi ýaşaýşa alyp barýan ýollary bilýärin. Ol ýerde Isa mätäçlik çekilmeýär» diýen ýönekeý pikiri tassyklaýar.

Adam Hudaýyň mukaddes bolma çagyryşyna garşylyk görkezende, ol: «Reb, bu dünýäde nädip gowy ýaşabam, nädip halas bolan adamlygyňa galmalydygyny men Senden gowy bilýärin. Nädip karara gelmelidigini we meseleleri çözmelidigini men bilýärin. Hakyky dogrulygyň nämedigi maňa gowy mälimdir» diýýär.

Adam Hudaýyň gulluga çagyryşyna garşylyk görkezende, ol edýän hereketi bilen: «Özüň üçin haýsy gullugyň has gowudygyny özüm bilýärin. Men nädip üstünlikli hem täsirli adam bolmalydygyny bilýärin. Ruhy geljegimi özümem kesgitleýärin» diýýär.

Bu ýagdaýlaryň hiç haýsysynda-da adam mamla däldir. Ebedi ýaşaýşa barýan ýeke-täk ýoluň Isa Mesihdigini Hudaý görkezdi. Isa: *«Men — ýol, hakykat we ýaşaýyşdyryn»* (Ýahýa 14:6) diýdi. Ol: «Men ýollaryň biridirin» diýmedi. Ol Özüniň ýoldugyny aýtdy. Hudaý bizi diňe bir gutulyş ýoly bilen üpjün etmän, eýsem, mukaddes bolmada we Öz öňündäki gündelik ýörişimizde Mukaddes Ruhuň üsti bilen kömek edýär. Özümizçe ýaşamagy ileri tutup, Hudaýyň düzediş usullaryna garşy çykanymyzda, turuzýan gozgalaňymyz bilen tekepbirligimizi görkezýäris.

## *Gorky*

Gozgalaňçylygymyzyň ikinji sebäbi — bu gorkudyr. Ýunusyň Ninewä gitmäge juda gorkan bolmagam ahmal. Bu şäheriň adamlary butlara tagzym edýärdiler, nejisligi hem zalymlygy bilen şöhratlanypdylar. Olar örän ähtiýalan adamlardylar. Ýehudy bolandygy sebäpli, Ýunusyň bu şäheriň köçelerinde görnüp, Ysraýylyň köphudaýlylyga ynanýan duşmanlarynyň arasynda ýeke-täk hak Hudaýy wagyz etmäge gorkan bolmagam mümkin. Ol Hudaýyň ninewelilere rehim ederinden gorkýardy. Ýunusyň Hudaýyň Öz halky bolan Ysraýyly tabyn etmek üçin Ninewäniň ýaşaýjylaryna rehim edýän bolmagynyň mümkinliginden gorkan bolmagy-da ahmal.

Tekepbirlik bilen gorky — bu Hudaýa garşy turuzýan gozgalaňymyzyň esasy iki sebäbidir.

Özüňize: «Men näme üçin Hudaýyň islegine garşy çykýaryn? Näme üçin durmuşymdaky Hudaýa ýaramaýan

zady taşlamak ýa-da üýtgetmek islemeýärin?» diýen soraglary beriň.

Siz nämeden gorkýarsyňyz? Siz tekepbirligiň kömegi bilen nämäni durmuşyňyzdaky nämäni gorap saklamaga synanyşýarsyňyz?

Ýüregiňizde tekepbirlik bilen gorky näçe güýçli bolsa, Hudaýa garşydaşlygyňyz şonça-da güýçli bolar.

## *Erkiň güýji*

Tekepbirlik köplenç güýçli şahsyýetlerde ýüze çykýar. Olaryň erki güýçli bolýar. Olar diňe bir tankydy diňlemäge ukyply bolman, eýsem, jemgyýetiň inkär etmesine-de döz gelip bilýärler. Olar töweregindäkilere söýgüsiz bolubam oňup bilýärler. Munuň ýaly adamlar päsgelçiliklere we krizise garamazdan, öňe susturylyp baryberýärler. Hiç zada garamazdan, Hudaýa garşy çykmagy dowam etdirmäge olarda maksada okgunlylyk, tutanýerlilik we özüne ynamlylyk ýeterlik bolýar.

## *Aklyň güýji*

Beýleki gozgalaňçylar adatdan daşary akylly adamlardyrlar. Olar örän düşbi bolup, maksadyna nädip tiz ýetmelidigini hemişe bilýärler. Olar özgertmä, şol sanda Hudaýyň tabyn etmesi astyna-da nädip düşmeli däldigine gowy düşünýärler. Reb özlerini näçe güýçli gyssa, olar şonça-da, özleriniň «ätiýaçlykdaky wariantyny» işläp düzýärler. Hudaý näme etse-de olar hatda dagyň eg-

rem-bugramly ýoly bolsa-da, öz ýollary bilen gitmegini dowam etdirýärler.

Ýöne ahyrsoňunda, biziň hemmämizem öz durmuşyma akyl, emosional we ruhy taýdan ygtyýar etmäniň soňky derejesine baryp ýetýäris. Käbirlerimiz üçin bu pursat ölüm ýassygyndakak gelip ýetýär. Ölümden gaçyp gutulmak bolsa, hiç kime-de başardýan däldir.

Biziň: «Men hiç zatdan özbaşdak baş çykaryp bilemok. Hakyky şatlyga, umyda we kanagatlanma duýgusyna barýan ýoldaky päsgelçilikleri ýeňmäge ýagdaýym ýok. Rebbim, Sen maňa gerek. Men Saňa doly daýanýaryn we Seniň özüme, dogrudanam, gymmat hem wajyp zady berjekdigiňe ynanýaryn» diýip, öz tekepbirligimize we gorkymyza akyl ýetirmegimizi Hudaý isleýär.

## HUDAÝA GARŞY GOZGALAŇY AKLAMAGA SYNANYŞMAK

Wagtal-wagtal hemmämizem özümiziň Hudaýa garşy turzan gozgalaňymyzyň ähmiýetini peseltjek bolmaga çalyşýarys. Öz çözgütlerimizi aklamak üçin bizde köp dürli bahanalar tapylýar.

Käwagt bolsa, özümizde bolup geçen erbetliklerimiziň ýa-da gören görgülerimiziň hemmesinde başgalary günäkärleýäris. Biz: «Eger ol bolmadyk bolsa, men hiç wagtam beýle garyp ýagdaýa düşmezdim. Eger olar meni çekmedik bolsa, munuň ýaly üýtgemelere duçar bolmazdym» diýýäris.

Kähalatlarda bolsa, geçen ýa-da häzirki ýagdaýlary günäkärleýäris. Kähalatlarda bolsa, uludan demimizi alyp: «Mende başga saýlaw ýok-da. sebäbi men şeýle şertlerde ulaldym, şonuň üçin başga zady oňaramok. Hudaý meniň geçmişimi bilýär, şol sebäpli-de, meniň näme etjekdigimi Ol bilýär» diýýäris.

Biz özümizi aklamagy, gaçmagy we Hudaýa garşylyk görkezmegi dowam etdirýäris. Adamlar hemişe özlerini aklamaga çalşyp, hemme zatda başgalary günäkärleseler, bu olaryň tabyn edilmä we Hudaýa garşy gozgalaň turuzmaga synanyşýandyklarynyň aýdyň alamatydyr.

Men psihoterapewt mesihiniň ýanyna maslahata gatnan, her gezek ol Mukaddes Kitabyň näme diýýändigini görkezende, garşy çykmaga bir zat tapýan bir aýaly tanaýaryn. Ahyrsoňunda, ol bu psihoterapewt bilen duşuşmakdan boýun towlady. Sebäbi onuň aýdýan zatlary aýala ýaramaýardy. Aslyýetinde, aýalyň özi hakykaty eşitmek islemeýärdi. Ol diňe özüni diňlemeklerini isleýärdi. Buda gozgalaňdyr.

Günäňi boýun alyp: «Men Hudaýa garşy gozgalaň turuzýaryn» diýmeklik has dogry zat bolardy. Öz ýagdaýymyza näçe tiz düşünsek, kynçylyklarymyzyň çözgüdinem tiz göreris we ejirlerimizem tiz gutarar.

## HUDAÝA GARŞY TURUZYLÝAN GOZGALAŇYŇ BAHASY

Ýunusa öz gozgalaňy näme getirdi? Gozgalaňy oňa biziň gozgalaňymyzyň özümize getiren zadyny getirdi:

*Maşgalasyny ýitirmäge*: Ýunus öz halkyny terk etmeli boldy. Ol öz halkyndan dört ýüz kilometr uzaga gitmek üçin petek aldy. Biziňem Hudaýa garşy edýän gozgalaňymyz edil şunuň ýaly netijelere alyp barýar. Biz hemmeden gowy görýänlerimiz bilen gatnaşykdan mahrum bolýarys. Tarşyşa gaçma kararyna gelmek bilen Ýunus...

*Işini ýitirdi*: Ýunus näme kär eden bolsa-da, ýat ýurtda ýaşajak bolup, işini-de taşlady.

*Gazanjyny ýitirdi*: Ýunus işini ýitirmek bilen gazanjynam ýitirdi. Ýöne munuň bilen bilelikde ol...

*Ýygnan serişdesinem ýitirdi*. Tartyşa gämide syýahat etmeklik, hiç bir şübhesiz, Ýunusa juda gymmat düşdi. Tupan turan wagtynda, deňizçiler gark bolup barýan gämiden ýükleri zyňanlarynda, Ýunusda galan zatlaryň barynam zyňandyrlar. Ýunusyň emlägi suwa düşmedik bolsa-da, onuň özi düşdi.

Ýöne Ýunus diňe bir material, göze görnüp duran zatlaryny däl-de, eýsem...

*Wyždanyň horlamasynam* başdan geçirdi. Ýunus özüniň Hudaýyň islegine garşy gidýändigini bilýärdi.

*Hudaýdan daşlaşdy*. Ýunusyň özi Hudaý bilen gatnaşykdan ýüz öwürdi.

Deňizde turan harasat we äpet balygyň içinde geçirilen üç gün duranja eýmençlik bolan bolsa gerek. Siz ol jandaryň aşgazanynyň içindäki ysy göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Kislorodyň ýetmezçiliginem göz öňüne getirýärsiňizmi? Ýunus haýal ölüme duçar edilipdi.

Bu ýitgileriň hemmesi özara baglanyşyklydy, ýöne bu zatlaryň daşyndanam, Ýunus...

*Emosional gulçulyga düşeninem duýdy.* Gahar, ýigrenç we kine duýgusy hemişe biziň üçin ýüp bolup durýandyr. Biz şol duýgularymyzy töweregimizdäkilere gönükdirsek, şahsy emosiýalarymyzyň girewine alnan adam bolýarys. Ýigrenmeklik bizi içimizden iýýändir. Ol gözümiziň öňüni tutup, bizi şatlykdan we ýaşaýşa bolan söýgüden mahrum edýändir. Kine duýgusy söýme hem söýülme ukybymyzy bogýandyr. Gahar bilen ýigrenç imanymyzy weýran edýändir. Ýunus kalbyň güýçli aljyraňňylygyny başdan geçiren adamdy. Ondaky çüwdürilip duran duýgular Hudaýyň gögerden üzüm agajyny gemren gurçuk ýaly, Ýunusy «gemirýärdi». Ol duýgular Ýunusy durşuna guradýardylar.

Ýunusyň maşgalasy hakda hiç zat bilmeýän bolsagam, onuň gozgalaňynyň netijesinde maşgalasam ejir çekendir diýip çaklap bileris. Eger biz Hudaýa garşy gozgalaň turuzsak, maşgala agzalarymyzam, söýýän adamlarymyzam belli bir derejede ejir çekýär.

Hudaýa garşy çykybam, onuň tölegini tölemezlik mümkin däldir. Eger gozgalaň turuzmagymyzy dowam etdirsek, onda Hudaý günleriň birinde: «Onda näme, goý, seniň diýeniň bolsun, ýöne sen ýeňildiň» diýer. Hudaý bizi özümiz üçin saýlan ýagdaýymyzyň içinde goýar.

Eger Hudaýyň gutulyşa çagyryşyna baş galdyrmasak, onda günäli ýagdaýdalygymyza, ýagny halas bolmadyk adamlygymyza galýarys.

Eger Hudaýyň mukaddes bolma çagyryşyna seslenmezlik kararyna gelen bolsak, bizde hiç zadam üýtgemez. Biz hemişe synaglar hem günä bilen, nädogry saýlawyň

hem-de howlukmaç gelnen kararlaryň netijeleri bilen göreşer ýöreris.

Eger Hudaýyň gulluga çagyrşyny äsgermezçilik etsek, durmuşyň manysyny almagy başarmadyk adamlygymyza-da galarys.

Hudaýa garşy edýän gozgalaňymyz ruhy ösüşimizi saklaýar. Ol bizi weýran edip, öz ruhy potensialymyzy ulanmagymyza mümkinçilik bermeýär.

## GOZGALAŇ EDÝÄN ADAM ÜÇIN DOGA ETMEK

Kimdir biriniň Hudaýa garşylyk görkezýänini duýan wagtymyzda: «Hudaýym, bu adam Saňa ýalbaryp ýüzlener ýaly derejede kynçylyk goýber» diýip doga etmelidiris. Bu adamy ýaralamagy ýa-da onuň tutuş durmuşyny gaýdyp özüne gelmez ýaly etmegi haýyş etmeklik däldir. Hudaý muny islemeýär. Bizem muny islemeli däldiris. Ýöne Hudaýyň adamyň erkini tabynlyga hem boýun bolma alyp barjak ýagdaýlary bermegi üçin doga edip bileris. Munuň ýaly doga etmeklik adamyň ýagşylygynadyr, şol sebäpli-de, biz şonuň ýaly dilegi edip bileris.

Biz kimdir biriniň geçmişde özümize eden ýamanlyklary üçin Hudaýyň oňa almytyny bermegini sorap doga etmeýäris. Biziň dogamyz — bu ar alyş däldir. Tabyn edilmegi üçin edýän dogamyz — bu adamyň beýik ak pata almagyny diläp edilýän haýyşdyr.

Eger adam tabyn edilen ýagdaýda duran bolsa, onda biz oňa kömek etjek, ony köşeşdirjek ýa-da agyrysynyň

çeşmesini aýyrjak bolup howlukmaly däldiris. Sebäbi Hudaýyň ýolunda durmagymyz mümkin. Biz: «Hudaýym, Seniň biziň güýjümizden artyk synagy bermejekdigiňi bilýärin. Seniň öz ýagşylygy üçin edýän hereketleriňi görmegi üçin bu adamyň gözlerini aç. Hakykaty ýoýmazdan näme diýmelidigni we nähili hereket etmelidigini maňa öwret. Saňa päsgel bermezim ýaly, maňa kömek et» diýip doga etmelidiris.

Meniň ýanyma köp adamlar gelip, özlerini Hudaýyň haýsy-da bolsa bir kynçylykdan halas etmegi üçin doga etmegimi haýyş edýärler. Adatça gürrüňdeşlik şeýle geçýär. Haýyşa jogap hökmünde men sorag berýärin:

— Siziň durmuşyňyzda bolýan zat hakda Hudaýyň bilýändigine ynanýarsyňyzmy?

— Hawa, — diýip, adamlar jogap berýär.

— Siz Hudaýyň özüňizi söýýändigine ynanýarsyňyzmy?

— Hawa.

— Onda biz siziň Hudaýyň öňünde tabyn bolmagyňyz üçin doga edýäris. Hudaý nämäni maksat edinen bolsa-da, Öz başlan zadyny tamamlamaga Oňa rugsat ediň. Biz Hudaýyň sizi berkitmegi we ýagdaýlardan ruhy taýdan güýçlüräk hem baýrak bolup çykmagyňyza kömek etmegi üçin doga ederis. Biz kynçylykdan saplanylmagyňyz üçin däl-de, durmuşyňyzda Hudaýyň merhemetiniň hereket edip, size batyrlyk bermegi üçin doga ederis. Biz Hudaýyň bu ýagdaýy siziň bähbidiňiz üçin iberendigine ynanyp bilmegiňiz üçin doga ederis.

## AK PATALARY ÝITIRMEK

Eger adam gozgalaňyny dowam etdirse, onda bu ýagdaý ony Hudaýyň indermek isleýän ak patalaryndan mahrum edýär. Gozgalaň Hudaýyň özümiz üçin öňden belläp goýan zatlarynyň hemmesini almaga mümkinçilik bermeýär. Gozgalaň edýän adamyň şatlanmagy mümkin, ýöne şatlygyň dolulygyny hiç haçanam duýmaz. Onuň söýgi duýmagy mümkin, ýöne Hudaýyň şertsiz söýgüsini hiç haçanam duýup bilmez. Onuň bu durmuşda näme-de bolsa bir zada umyt baglamagy mümkin, ýöne Hudaýyň bize berýän ebedi ýaşaýşyny alma umydyny alyp bilmez.

Hudaýa garşy çykmaklyk bize Onuň güýjünden, akyldarlygyndan dolmaga we Onuň barlygyndan lezzet almaga päsgel berer. Ol bizi Hudaýyň ak patalaryndan mahrum edýär. Hudaýyň çagyryşyny äsgermezçilik etmeklik onuň ýaly ýitgilere ýol bereniňe degýän däldir.

# 9-NJY BAP

## NÄDIP KÖP MIWE GETIRÝÄN ŞAHA BOLUP BOLAR

Hudaý Kimkä? Siz Ony nähili göz öňüne getirýärsiňiz?

Meniň tanyşlarymyň köpüsi bu soraga höwes bilen jogap berýärler. Olar üçin Hudaý Ýaradyjy, Reb, Gudratygüýçli, Gökdäki Ata. Başgalar üçin Hudaý — bu Beýik Güýç, «gökdäki kanselýariýa», Ilkinji sebäp.

Isa Gökdäki Atasy hakda gürrüň edende, suratlandyryjy sözleri ýygy-ýygydan ulanmady. Olaryň biri-de Ýahýanyň Hoş Habarynda ýazylandyr (Ýahýa 15:1): *«Men hakyky üzüm agajydyryn, Atam bagbandyr»*.

Mundan soň Isa Gökdäki Atasy hakda şeýle diýýär:

> Mendäki miwe bermeýän her bir şahany Ol keser, miwe berýänini bolsa has-da köp miwe bersin diýip timarlar, tämizlär. Meniň size aýdan sözüm arkaly siz indi tämizsiňiz. Siz Mende galyň, Men hem sizde galaýyn. Üzüm agajyndan aýrylan şahanyň öz-özünden miwe berip bilmeýşi ýaly, Menden aýrylsaňyz, siz hem miwe berip bilmersiňiz. Men üzüm agajydyryn, siz şahalarsyňyz. Kim

Mende galýan bolsa we Men kimde galýan bolsam, ol bol miwe berer. Siz Menden üzňe hiç zat edip bilmersiňiz… Siziň köp miwe bermegiňiz bilen Atam şöhratlanar. Şeýlelikde, siz Meniň şägirtlerim bolarsyňyz

Ýahýa 15:2–5, 8

Bagbanyň üzüm şahalaryny belli bir maksat bilen arassalaýşy ýaly, Hudaýam bizi arasslaýar. Ol biziň köp hasyl getirer ýaly derejä çenli ruhy taýdan ösmegimizi isleýär.

Bu parça Isanyň Ýahýa 12:24-de ýazylan sözleri bilen gabat gelýär: *«Men size hakykatyny aýdýaryn, bugdaý dänesi ýere gaçyp ölmese, ýalňyz galar, ýöne öläýse, köp hasyl berer»*. Eşidýärsiňizmi — köp hasyl.

«Içki hasyl» — häsiýetiň belli bir taraplary we «daşky hasyl» — Hudaýyň şöhratlanmagy we Onuň Patyşalygynyň ýaýramagy üçin edýän işlerimiz — diýilýän zatlaryňam bardygyna biz Ýazgydan düşünýäris.

## MUKADDES RUHUŇ IÇKI HASYLY

Biziň getirmeli bolan içki hasylymyz özümiz tarapdan ösdürilmeýär. Bu hasyl Reb Isa wepaly bolanymyzda ýa-da Isanyň Özüniň aýdyşy ýaly, üzüm agajynda bolanymyzda, içimizde ýetişýändir. Rebbe näçe ýakyn bolup, Mukaddes Ruhuň özümizde hereket edýän güýjüne näçe köp daýansak, şol hasyl bizde şonça-da tiz ýetişýär. Ony diňe ýekeje ýol — Rebde bolma we durmuşymyzyň her gününde we sagadynda Rebbiň

ugrukdyrmasyna tabyn bolma ýoly bilen ösdürmek bolýar.

Şol sebäpli-de, bu hasyl Onuň hasyly bolýandyr. Resul Pawlus bu barada Galatýalylar 5:22–23-de aýdyň gürrüň berip şeýle diýýär: *«Ruhuň miwesi bolsa söýgi, şatlyk, parahatlyk, sabyr, mähribanlyk, ýagşylyk, sadyklyk, ýumşaklyk we nebsiňe buýurmaklykdyr...».*

Tabyn etmeklik — bu arassalama prosesidir. Hudaý bu prosesi bizde içki hasyly — Özüne meňzeşligi ösdürmek üçin ulanýar.

## *Hudaýyň bizdäki hereketi*

Hudaýyň özümiz üçin bir zatlar etmegini hemmämizem isleýäris. Hudaý edil çüýşeden çykan jyn kimin, isleglerimiziň hemmesini haýal etmän ýetirjek ýaly, dogalarymyz dileglerden doly. Häzirki zaman ylahyýetide, adam we onuň talaplary hakda köpräk gürrüň edýär. «Hudaýym, men Seniň özüme şypa bermegiňi isleýärin... Rebbim, meni baý et... Hudaýym, maňa ak pata ber we gora... Rebbim, meniň üçin muny et... ony ýerine ýetir...».

Ýöne biz Älemiň merkeziniň özümiz däl-de, Hudaýdygyny ýatdan çykarýarys. Hudaý biziň Özüne gulluk etmegimizi talap edýär. Ol posylkadaky oglanjyk däl-de, bar zadyň Hökümdary bolan Rebdir. Hudaýdan nämedir bir zat talap edenimizde, özümize juda göwniýetijilikli hereket edýäris. Hudaý bilen gatnaşyklarymyzy Onuň ygtyýarynda bolar ýaly edip gurmaklyk dogry hereket etme bolardy.

Hudaý biziň durmuşymyzdyr. Hudaýsyz ýerdekägem, bakyýetde-de, gökde-de ýaşaýşymyz ýokdur. Isa Özüniň bize ýaşaýyş, gurply ýaşaýyş bermäge gelendigini aýtdy. Biziň ýaşaýşymyz Hudaý tarapyndan berlendir, Onuň bizde dowam edýän ýaşaýşy – bu Onuň häsiýetidir we islegidir.

Biz Hudaýa başgaça seredenimizde, butparazlyga öwrülýäris. Hudaýy gözlemän, Onuň öz dileýän zatlarymyzy ýerine ýetirmegini islänimizde, Hudaýa tagzym etmegimizi bes edýäris-de, Hudaýyň özümizi nämedir bir zat bilen üpjün etme ukybyna tagzym edýäris. Başga sözler bilen aýtsak, biz material zatlara tagzym edip başlaýarys.

## *Butlary inkär etmek*

Butparazlyk zordan tapawutlandyrylyp, has inçe görnüşde-de bolup biler. Nämedir bir zada ýa-da kimdir birine ýalan daýançdan azat etjek bolup, günleriň birinde Hudaýyň özüňizi tabyn etme we görgüler ýolundan alyp barýandygyny görmek üçin, ynanaýyň, butparaz bolmak gerek däldir.

Bir gezek men öýdäki ähli fotoapparaturadan arassalandym. Ilki men ony lombarda alyp bardym, soňam, ony ymykly satan günümem gelip ýetdi. Men surata düşürmäni gowy görýärin. Köp ýyllaryň dowamynda gymmat bahaly kameralary we her hili fototehnikany almak üçin ummasyz pullary sarp etdim. Bir gezek biziň ýygnagymyzda bir mesele ýüze çykdy. Ony çözmek üçin goş-

maga pul serişdesi gerekdi. Munuň üçin men özüm üçin iň gymmatly bolan zady, ýagny fotoapparaturamy pida etdim.

Bu aňsat düşmedi. Içki taýdan sadaka bermeklige her neneň taýýar bolsamam, zatlary satma we pullary berme prosesiniň özi — öz enjamlarymy fotoharytlar dükanyna alyp barmak we puly ýygnaga eltip bermeklik fiziki taýdan — juda kyn boldy. Ýöne meniň içimde nämedir bir zat syndy. Elimden özüm üçin iň gymmat bolan zatlary goýberenimde, kalbymda ýeňillik duýdum. Men özümde Hudaýyň hereket edýändigini duýdum. Men öz zehinimi diňe bir ýygnakda ýüze çykan meseläni çözmek üçin däl-de, eýsem, öz meselämi-de çözmek üçin ulandym. Içinde göze görnüp duran, material obýekti, ýagny özüm üçin gymmatly bolan obýekti gysyp duran ýumrugymy Hudaýyň Özi açdy.

Ýöne diňe öz gymmat zadymy hakykatdan «berenimden» we material zatlara täzeçe seredip başlanymdan soň, Hudaý gudratly, diňe Özüne elýeter bolan tär bilen maňa bar apparaturamy gaýtaryp berdi. Bir-iki aý geçenden soň, günleriň birinde gapymy kakdylar. Gapyny açan wagtymda elinde iki sumkasy bolan bir aýal maşgalany gördüm. Ol menden: «Siz doktor Stenlimi?» diýip sorady. Onuň soragyna tassyklaýjy jogap berenimden soň, ol sumkalary pola goýdy-da, yzyna öwrülip gitdi. Men ol sumkalary açanymda, özümiň bar apparaturamy gördüm. Men öz zatlarymy alyp baran ýerim bolan surat harytlary dükanyna jaň edenimde, onuň eýesi: «Hawa, siziň ähli apparaturaňyzy bir adam satyn aldy-da, ony öýüňize eltip

bermegi haýyş etdi, ýöne ol öz adyny aýtmazlygy haýyş etdi» diýdi. Men fotokamera bilen ähli enjamlaryň näbelli adamdan sowgat däldigine düşündim. Ol Hudaýdan gelen sowgatdy!

Men şuňa meňzeş zatlary başga adamlaryň durmuşynda-da gördüm. Özümiz üçin Hudaýa tabyn bolmakdan wajyp hem gymmatly bolan zatlardan ýüz öwrenimizde, Hudaý bize onuň deregine has gymmatly hem peýdaly zady berýär. Käwagt Hudaý bize Özüne beren zadymyzy gaýtaryp berýär. Käwagt bolsa, Ol bize başga bir zat berýär. Şol başga zadam hemişe öňküsinden gowy bolýar.

Adamlaryň arasynda-da şol düzgün hereket edýär. Hudaý, mysal üçin, ýaş ýigide bu gyzyň yzyna düşüp ýörmesini bes etmelidigini ýa-da bir gyzyň bu ýigide durmuşa çykmaly däldigini aýdyň görkezýär. Muňa tabyn bolaýmak aňsat däl. Adamlar şunuň ýaly ýagdaýlarda söýgüsini ýitirmeden ýaňa ýiti agyry duýýarlar. Ýöne eger öz islegini Hudaýyň islegine tabyn edip, gatnaşyklaryny, dogrudanam, bes etse, onda Hudaý adamlara ýitirileni bilen deňeşdirip bolmajak derejede gowy zady sowgat berýär.

Täze gatnaşyklarda Hudaý baş bolujy orny eýeleýär. Şeýdip, birinji derejeli zatlar ýerli ýerinde dogry goýulýar. Käwagt Hudaý bize Özüniň hatyrasyna gatnaşygymyzy keseki adamymyzy gaýtaryp berýär. Käbirlerine Hudaý özüni nika baglary bilen baglanyşdyrman, ýeke ýaşamalydygyny görkezýär. Bu durmuşam adam üçin diýseň ajaýyp durmuş bolar. Iň esasy zat biziň gatnaşyklarymyzda Hudaýa bolan söýginiň birinji ýerde dur-

magydyr. Hudaý bizi tabyn etmek bilen, ine, nämäni isleýän eken.

Özümiň fotokameralarym barada aýtsam, men olary öňkülerim ýaly, ýüregimde saklap, dükana äkidip beribem bilerdim. Meniň fotoapparaturadan jyda düşendigim üçin gaýgylanmagymam mümkindi. Hemme zady yzyna gaýtaryp berme pikiri bilen özümi ýadadybam bilerdim. Ýöne bu şeýdip, Rebbe hiç zat bermändigimi aňladardy.

Şunuň ýaly netije özüni material ýa-da ruhy taýdan gymmatly bolan bir zatdan mahrum edýän islendik adam babatda-da adalatlydyr. Siziň Hudaýyň Sözüne esaslanyp, kimdir biri ýa-da nämedir bir zat bilen aýra düşüp, ýüregiňizde bolsa, öz ysnyşygyňyzyň obýektinden ýapyşmagyňyzy dowam etdirmegiňizem mümkin. Siziň bu ýitgi üçin gaýgylanmagyňyz hem öz-özüňizi günäkärlemegiňizem mümkin. Bu ýitgi sebäpli ýyllar boýy uludan dem alyp ýörmegiňizem mümkin. Ýöne, eger Hudaý bir zatdan el çekmegiňizi sorasa, ondan el çekiň! Çyn ýürekden el çekiň.

## *Hudaý — bu biziň hemme zadymyzdyr*

Tabyn edilme bizi: «Meniň üçin iň esasy zat — bu durmuşymdaky Hudaýyň barlygydyr» diýip bilýän ýagdaýymyza çenli alyp baryp biler. Bu özümiziň Hudaýa doly tabyn bolma ýagdaýynda bolýandygymyzyň çyn alamatydyr. Biz Hudaýyň özümize daşky üýtgeşmeleri, ýagny hasylyny dostlarymyza görkezip, töweregimizdäkileriň öňünde öwünip biläýjek zatlarymyzy däl-de, içki

üýtgeşmeleri bermegini isleýäris. Hudaýyň iň beýik ak patasy — bu Onuň bizde döredýän üýtgeşmeleridir. Şol üýtgeşmeleriň iň esasysy-da, Mesihe meňzemeklikdir.

Biziň juda az sanlymyz Hudaý hakdaky we Onuň özümize näme etmegi buýurjakdygy hakdaky pikirler bilen oýanýarys. Biz ukudan turan badymyza, özümiziň näme etjekdigimiz hakda pikir edip başlaýarys. Biz diňe özümiz — öz mätäçliklerimiz, duşuşyklarymyz, meýilnamalarymyz we isleglerimiz — hakda pikir edýäris. Hudaý bizi özümizi Reb hem Onuň islegi baradaky pikirleriň gurşap aljak ýagdaýynda bolmagymyz üçin tabyn edýär. Biz: «Rebbim, Seniň şöhratyň üçin Sen meniň näme etmegimi isleýärsiň?» diýip doga etmelidiris.

## *Mesihe meňzemek*

Resul Pawlusyň gürrüňini edýän Ruhuň hasyly Isa Mesihiň Özüniň häsiýetidir. Hut Oňa hem biz meňzeş bolmalydyrys. Ine, Mesihe nämeler mahsus:

*Söýgi*. Pida edijilikli söýgi — bu Isa Mesihi tapawutlandyrýan zatdyr. Söýgi pida etme, pida etme we ýene-de pida etme ukybydyr. Öz egoizmimiz bilen tekepbirligimizi tabyn edýänçäk, biz onuň ýaly söýgini alyp bilmeris.

*Şatlyk*. Günäniň ýesirliginde bolýan adam hakykatdan şatlanyp bilmez. Şatlyk özüňiň gutulandygyňa akyl ýetirmekden gelýändir. Her gezek Hudaý bizi tabyn etjek bolup, görgüleriň içinden geçirende, biz günäniň üstünden ýeňiş gazanýarys. Şonda gaýdy şatlyk bilen ýerini çalyşýar. Hudaýyň tabyn etmesini, dogrudanam,

başdan geçiren adam meniň nähili şatlyk hakda gürrüň edýändigimi bilýändir.

Eger adam hemme zady öziçe etmäge synanyşýan bolsa, onda ol kemçilikleriniň, ýalňyşlyklarynyň we ejizlikleriniň içinde bolýandyr. Munuň ýaly adam özünde lapykeçlik duýup, başgalaryň üstünligine göripçilik edýändir. Onda şatlyk bolmaýar. Ol bir pursatlyk şatlygy — ýüzleý duýgyny — duýýar, ýöne hakyky şatlygyň nämedigini bilmeýär.

Tabyn edilmäni başdan geçiren adam üýtgeşik şatlygy — garaşma şatlygyny duýýandyr. Munuň ýaly adam: «Men Hudaýyň özüme açjak zadyna sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn» diýýär. Hudaý durmuşymyza doly gözegçilik edende, durmuşymyz başdan geçirmelere öwrülýär.

*Rahatlyk.* Tabyn edilen Mesihiň rahatlygyny, tutuş durkumyzy doldurýan rahatlygy döredýär. Durmuşymyzy Hudaýyň ellerine berenimizde: «Rebbim, men Seniňki. Meni näme etmek isleýän bolsaň, şony hem et. Meniň durmuşymam, wagtymam Seniň eliňdedir» diýýäris. Biz doly howpsuzlykda bolýarys, sebäbi Hudaý bizde we biziň üstümiz bilen diňe ebedi abadançylyga gulluk etjek zatlary edýär. Biz Oňa durkumyz bilen dolulygyna ynanýarys. Netijede rahatlyk alýarys. Bize indi göreşmek gerek bolmaýar. Bize öz güýjümiz bilen öňe çykjak bolmak, üstünlige ýetjek bolmak we eden işlerimiziň netijesi üçin jogapkärçilik çekjek bolmak gerek bolmaýar. Hudaý hemme zady gözegçiligi astynda saklaýar. Biz Onuň ellerinde dynç alyp bileris.

Şonuň üçin Hudaýyň rahatlygy biziň ak patamyz bolup biler. Resul Pawlusyň Timoteosa ýazyşy ýaly: *«Baryňa*

*kaýyl bolup, Hudaýyň ýolundan ýöremek uly gazançdyr»* (1 Timoteos 6:6).

*Sabyrlylyk.* Özümize şöhrat gazanjak bolup, başgalar bilen ýaryşanymyzda, bar sabrymyzy ýitirýäris. Biziň hemme zady mümkin boldugyça tizräk edesimiz gelýär. Hudaý özümizi tabyn edende, öz planlarymyza we Onuň görkezmelerine täzeçe seredýäris. Hudaýyň ýollary, Onuň öz durmuşymyz babatdaky maksady göz öňüne getirip biläýjek zatlarymyzyň hemmesinden ýokarydyr. Hemişelik Hudaýa degişlidigimize düşünenimizde, Oňa we özümize sowgat berjek zatlarynyň ähli dolulygyna garaşmak aňsat bolýar. Bize Hudaýyň özümize ýakyn bolan adamlaryň durmuşynda edýän hereketine ynanmak aňsat bolýar, sebäbi Onuň hemme zady Öz isleýşi ýaly, Öz usullary bilen Öz wagtynda etjegini bilýäris.

*Ýagşylyk.* Özümizi Mukaddes Ruhuň däl-de, ten islegleri gurşap alanda, hemme zady özümizçe edýäris. Biz özümiziňkini, onda-da öz diýenlilik hem gaýragoýmasyzlyk bilen edýäris. Biz töweregimizdäkileriň islegini hasaba almaýarys we öz pikirimizçe, kanun boýunça özümize degişli bolan zatlary aljak bolýanlaryň hemmesini sem edýäris.

Tabyn edilme bizi özümizde hiç hili hukugyň ýokdugyna düşünmeklige alyp barýar. Biziň hukuklarymyzyň hemmesi Hudaýa degişlidir. Biz öňe okdurylmaga, bäsdeşimizden ozmaga, isleýän zadymyzy almaga meýil etmeden azat bolýarys.

Ýol berijilik etmeklik ejizligi aňlatmaýar. Biz şeýtana garşy durma synanyşygymyzda berklik görkezmelidiris.

Biz doga etmekde yhlasly, Mesih hakda şaýatlyk etmekde gabanjaň bolmalydyrys. Ýöne tabyn bolmany başdan geçirenimizde, Pawlusyň Efesiň ýaşaýjylaryna: *«Çünki biziň söweşimiz adamlara garşy däl-de, hökümdarlara garşy, ygtyýarlylara garşy, bu garaňky dünýäniň häkimiýetlerine garşy, ýamanlygyň Gökdäki ruhy gudratlaryna garşydyr»* (Efesliler 6:12) diýip aýdan sözleriniň manysyna aýdyň göz ýetirýäris.

Şonuň ýaly göreş üçin bize *«Rebde, Onuň üstün gudratynda güýçlenmegiň»* (Efseliler 6:10) zerur gerekdigini aýdýar. Korintosdaky mesihilere bolsa ol: *«Hüşgär boluň, imanda berk duruň, mert boluň, gujurly boluň!»* (1 Korintoslylar 16:13) diýýär.

Öz söweşimiziň adamlara garşy bolman, ynsan janynyň duşmanyna, bizi gabahat işleri etmäge iterýän duşmana garşydygyna ynamly bolanymyzda, töweregimizdäkilere ýagşylyk bilen garamak bize aňsat bolýar. Biz günäni ýigrenýän we iblis bilen söweş alyp barýan bolsagam, günäkäri söýmäge ukyplydyrys.

*Rehimdarlyk*. Tabyn edilmäni başdan geçirenimizden soň, diňe özümizde ýaşaýan Mukaddes Ruhuň kömegi bilen rehimdarlyk edýändigimize düşünýäris. Merhemetli hem rehimdar Hudaý bizde we biziň bilen ýaşaýar. Onuň bizde bolmasy bizi gowy işlere we ýagşy çözgütlere ruhlandyrýar, sebäbi Hudaý Öz tebigaty boýunça merhemetli hem rehimdardyr.

Eger özümizi tabyn etmek isleýän Hudaýa garşylyk görkezsek, onda öz ten höwesli tebigatymyz bilen, ýagşylyk we ýamanlyk, nämäniň ýagşydygy we nämäniň

ýamandygy baradaky pikirimiz bilen ýekeme-ýeke galarys. Ýöne özümiziň ýokary baha berýän zadymyz ahyrynda bizi sustupes edýär. Ýüzüň dogry keşpli, şekiliňem proporsional bolsa-da, özüňe çekiji bolman bolar. Ýiti aklyň bolubam, dogry jogap berip bilmän bolar, gowy aýlykly bolubam, güzeranyňy zordan dolandyrýan bolup bolar. Gurply maşgalada dogulybam, durmuşda hiç zada ýetmänem bolar. Diňe Hudaýyň ýokary baha berýän zady hakyky ýagşylykdyr.

Rehimdarlyk bagyşlamada beýan edilýär. Tabyn edilenimizden soň, özümize gaty bir gowy daramaýan daştöweregimizden bize nähilidir bir emosional bergisini gaýtaryp bermegini talap etmeýäris. Biz adamlary manipulirlemäge, olara gözegçilik etmäge ýa-da eden hem etmedik zatlary üçin olary jezalandyrmaga çalyşmaýarys. Biz hiç kime ýamanlyga ýamanlyk bilen jogap bermeýäris-de, dogalarymyzda: «Hudaýym, bu adam Seniňkidir, şonuň üçin men Saňa doly bil baglap, bu adamy Seniň elleriňe tabşyrýaryn. Ol adamda Özüň nähili hereket etmek gerek diýip hasaplaýan bolsaň, şonuň ýaly hem hereket et» diýýäris.

Hudaýyň rehimdarlygy bilen ýagşylygy bizi adamlarda gowy zatlary gözlemäge we başgalary-da ýagşylygy gözlemäge ruhlandyrmak üçin elimizde baryny etmäge mejbur edýär. Rehimdarlyk bizi mätäçlere kömek etmäge, Rebbi tanamaýanlar üçin doga etmäge, ezilenleri we kemsidilenleri goramaga itekleýär.

Isanyň eden zatlarynyň hemmesi ýagşylykdy. Içimizde ýaşaýan Mukaddes Ruhuň özümize rehimdar hem mäh-

remdigini duýanymyzda, Mesihe meňzeş bolup, rehimdarlyk işlerini edip bilýäris.

*Ynam (wepalylyk*). Özümizden ýüz öwrüp, Hudaýa tabyn bolýançak, öz isleglerimizi kanagatlandyrjak, özümize kömek etjek we özümizi söýjek birini hemişe gözläp ýöreris. Biz her öň ýeten görmegeý adam bilen näz-kereşme edişýän är-aýala meňzeşdiris. Biz özümizi çyndan söýýän we bizi hiç wagt terk etmejek Hudaýa biwepa bolup çykýarys. Hudaý bizi hiç haçanam lapykeç etmeýär we söýmesini bes etmeýär.

Tabyn edilen biz: «Rebbim, men, dogrudanam, Seniňkidirin, şol sebäpli-de, Senden başga hiç kim meniň ölümsiz janyma öz hukugyny görkezip bilmez. Sen meniň Hudaýymsyň» diýip bilýäris.

Isanyň Öz Atasyny ýekeje pursatlygam terk etmeýşi ýaly, bizem içimizde ýaşaýan Mukaddes Ruhuň kömegi bilen Atamyz bilen bolup, Ony ýekeje pursatlygam terk etmezligi isleýäris.

*Kiçigöwünlilik.* Tabyn edilip, Hudaýyň öňünde dyza çökýänçäk, Hudaýdan başga islendik adamdan mätäçliklerimiziň kanagatlandyrylmagyna garaşar ýöreris. Biz özümize seredenimizde, öz mätäçliklerimizi özümiziň kanagatlandyryp bilmejekdigimize diýseň tiz düşünip başlarys. Şonuň üçinem kömek sorap, biz başga adamlara ýüzlenýäris. Biz özümizi söýmeklerini, aladamyzy etmeklerini kyn pursatlarda bize garap hem teselli bermeklerini talap edýäris. Ahyr netijesinde biz özümiziň başgalara kömek edip bilmeýşimiz ýaly, başgalaryňam özümize kömek edip bilmejekdiklerine düşünýäris. Biz adamlaryň

iň ygtybarly kömek hem talaplarymyzy kanagatlandyrma çeşmesi däldigine düşünýäris. Şonda biz näme edýäris? Biz olardan öýkeleýäris, olara gaharlanýarys we olary ýigrenýäris. Bu duýgularyň hemmesi bizi gurşap alan alada näme bolýar? Şobada biz kiçigöwünliligi unudýarys.

Biz adamlary kemsidip, olara ýakymsyz zatlary aýdyp başlaýarys. Biz olaryň göwnüne degip, adamlaryň içinde üstlerinden gülýäris we kemsidýäris. Biz olar bilen gatnaşyklarymyzy kesýäris.

Munuň ýaly hereketleriň esasynda ýönekeý zat ýatyr: biziň adamlardan göwnümiz geçýär, sebäbi olar tamamyzy ödemeýär.

Reallyk şeýledir, biziň tamamyzy diňe Isa Mesih ödäp bilýändir. Isleglerimiziň hemmesini hakykatdan kanagatlandyrmaga, meselelerimiziň hemmesini çözmäge we duýgularymyza düşünmäge diňe Ol ukyplydyr. Mätäç bolan zatlarymyzyň hemmesini — şu ýaşaýşymyzda bolşy ýaly, geljekki durmuşymyzda-da — bize diňe Ol berip bilýär.

Tabyn edilmäniň kömegi bilen biz rehimdar hem kiçigöwünli bolýarys, sebäbi biz Hudaýyň özümize rehimdar hem kiçigöwünli daraýandygyna akyl ýetirýäris. Biz Hudaýyň öz töweregimizdäki adamlary üýtgedip biljekdigine, biziňem olar bilen berk, sagdyn gatnaşyklary gurup biljekdigimize ynanýarys. Ol gatnaşyklar surnukdyryjy däl-de, bizi baýlaşdyryjy gatnaşyklar bolar.

*Saklanma (özüňe erk etme*). Öz durmuşymyzyň üstünden gözegçiligi Hudaýa berenimizde, Ol ony özümize gaýdyp berýär. Ol şeýtanyň islendik synagyna «ýok»

diýmäge güýç berýär. Bizde halas bolmadyk adamda ýok bolan ukyp — ýamanlyga garşy durma ukyby — peýda bolýar.

Hudaýyň bizde hemişe Özüne tabyn edýän zady — bu öz talaplarymyzy we isleglerimizi kanagatlandyrmaga bolan doýmaz-dolmaz teşneligimizdir. Biz Öz isleýän zadyny islär ýaly, Hudaý bizi tabyn edýär. Hudaýyň özümize mätäç bolan we şatlyk getirýän zadymyzy bermek isleýändigini görýäris. Örän köp ýagdaýlarda biziň pikirem etmedik zatlarymyz iň çuň ýürek isleglerimizi kanagatlandyrýar. Tabyn edilmeklik isleglerimiziňem üýtgemegine alyp barýar.

## HUDAÝYŇ BIZDE BARLYGYNYŇ DAŞKY HASYLY

Köp mesihiler özleriniň getirmeli bolan daşky hasylynyň «ýygnak işi» diýlip atlandyrylýan zatda beýanyny tapýandygyna ynanýarlar. Olar üçin mesihilik durmuşy ýygnaga yzyna üzmän gatnamagy, Mukaddes Kitaby okamagy, doga etmegi, ýygnaga çakylygy paýlamagy, şeýle hem, dürli wagyzçylyk jemgyýetlerindäki we mesihilik guramalaryndaky agzalygy aňladýar.

Tabyn edilmäni başdan geçirenimizden soň, Mesih hakda has öndürijilikli şaýatlyk edip başlaýarys. Biziň getirmeli bolan daşky hasylymyz Isanyň hakykatyny yglan etmekde, ýolumyzda duş gelen adamlaryň hemmesine kömek etmekde jemlenendir. Biz Mesihiň söýgüsi hem güýji hakda şaýatlyk etmelidiris:

Olara ýagşylyk etmegi, ýagşy işlere baý bolmagy, sahylygy, jomartlygy tabşyr.

1 Timoteos 6:18

Ýöne ýüregiňizde Reb Hudaýy mukaddes ediň. Içiňizdäki umyt hakynda özüňizden hasabat soran her kese, her wagt jogap bermäge taýýar boluň.

1 Petrus 3:15

Doga etmeleriň, Mukaddes Kitaby okamanyň we öwrenmäniň, ýygnaga yzygiderli barmanyň esasy maksady özümizden kömek talap edilende, näme diýmelidigine we etmelidigine düşünmekde jemlenendir. Çykgynsyz ýagdaýa düşen wagtymyzda, pikirlenip durmaga wagt bolmaýar. «Mesihilik bilimi» diýilýän zatlaryň hemmesi bizi mesihi etmeýär. Ol bizi mesihilik durmuşyna taýýarlaýar. Bu durmuşda Mukaddes Ruh bizi Mesihiň Teninde biri-birimize gulluk etmeklige we biziň durmuşymyzy ýitilik bilen synlaýan imansyz adamlara Mesih hakda şaýatlyk etmeklige alyp barýar.

Geçen bapda eýýäm aýdyp geçişimiz ýaly, Reb bizi belli bir gulluga çagyrýar. Ol bize zehin berip, şol gulluga taýýarlady. Ýöne öz işlerimiziň hemmesinde we her gün kabul edýän kararlarymyzda biz Mukaddes Ruha daýanmalydyrys. Öz işlerimiziň we planlarymyzyň hemmesinde Onuň ugrukdyrmasyna durkumyz bilen bil baglamalydyrys.

Tabyn edilmegimimiziň maksady biziň bir zada — öz durmuşymyzyň indi özümize degişli däldigine düşünme-

gimizde jemlenendir. Biziň durmuşymyz Mesihiňkidir. Biz Onuň isleýşi ýaly ýaşamalydyrys.

Tabyn edilmämiziň kömegi bilen biz öz gullugymyzyň diňe erkimizi Hudaýyň erkine hakykatdan tabyn edenimizde we Hudaýa öz üstümiz bilen hereket etmäge rugsat berenimizden soň täsirli bolýandygyny görýäris. Öz durmuşymyzy haşal otlardan arassalamaga Hudaýa näçe köp rugsat bersek, şonça-da, köp hasyl getirip bileris.

Eger siz üzümçiler hakda bir zat bilýän bolsaňyz, onda şahalary her ýyl gyrkyp durmagyň gerek bolýandygyny bilýänsiňiz. Könelen we guran şahalar kesilýär. Hasylsyz gyş döwründe şahalary kesme prosesi zalymlyk ýaly bolup görünýär, ýöne baharda täze pyntyklar peýda bolup başlanda, şahalaryň näme maksat bilen kesilendigi düşnükli bolýar. Şunuň ýaly edilip arassalanylan şaha kör hasyl getirýär. Iýmitlendiriji şireler köklerden hasyl getirmäge ukyply bolan şahalara barýar. Gyrmadan soň agaçda galan bu şahalary «hasyl getiriji» diýip atlandyrýarlar.

Mukaddes Ruham bizde edil şunuň ýaly arassalama prosesini geçirýär. Günälerimiz bilen etmişlerimiz kesilip aýryldygyça-da, biz köp zada ukyply bolup başlaýarys. Biz şonda Hudaý özümizi arassalap başlamazyndan öňkimize garanda, ýakynlarymyza köpräk we gowurak gulluk edip başlaýarys.

Mysal üçin adam dilewar bolup, dogabitdi zehini hem ukyby bilen tapawutlanyp biler. Ol harizmatik şahsyýet bolup, ajaýyp hereketli hem bolup biler. Ýöne bu ukyply adamyň ýüreginde Hudaý merkezi orny eýelemese, onda onuň dilewarlygynda we hereketlerinde ýasamalyk,

galplyk we egoistlik peýda bolar. Diňe özümizi Rebbe doly berenimizden soň, ähli tebigy zehinlerimiz gülläp hem meşhurlyk gazanyp başlar. Biz köp hasyl getirerimiz ýaly, tabyn edilmäni başdan geçirmegi islemelidiris.

Siz, dogrudanam, Hudaýyň özüňiz üçin taýýarlan gowy zadyny almak isleýärsiňizmi?

Siz, dogrudanam, Hudaýyň özüňiz üçin isleýän zadyny isleýärsiňizmi?

Siz, dogrudanam, Hudaýyň ak patasyny almak isleýärsiňizmi?

Özgermeklige, Reb Isa Mesihiň Özüne meňzemeklik we ýakynlarymyza edýän gullugymyzda täze güýç almaklyk tarapa barýan ýol tabyn edilmäniň üstünden alyp barýandyr. Hudaýda başga ýol ýok. Tabyn etme — bu Hudaýyň ak pata alyp barýan ýoludyr.

Hudaýa ýüregiňizdäki Öz işini tamamlamaga rugsat ediň. Onuň özüňize öwredýän hakykatlaryny kabul ediň. Öz erkiňizi Onuň erkine tabyn ediň. Şonda Rebbiň özüňiz üçin taýýarlan zadyny görersiňiz!

# 10-NJI BAP

## AK PATA WADASY

Ak pata näme?

Biziň günlerimizde «ak pata» sözüni «abadançylyk» diýip düşündirýärler. Ep-esli mukdardaky pula eýe bolup, hasaplaryňy töläp bilmäge ýagdaýyň bolmagynyň ak patanyň bir bölegi bolup durýandygyna men, elbetde, ynanýaryn, ýöne Hudaýdan gelýän hakyky ak pata gowy aýlykdan, gozganmaz emläge eýe bolmakdan ýa-da üýşürilen emläkden juda gowudyr.

Ýeke adamlaryň köpüsi «ak pata» öýlenmek ýa-da durmuşa çykmak hökmünde baha berýärler. Ene-atalar öz çagalaryny ak pata hasaplaýarlar. Saglyk, gözellik we gowuja iş hem Hudaýdan gelýän ak patadyr.

Ýöne bu zatlar her neneň ajaýyp bolsa-da, Hudaýyň ak patasyna gutarnykly kesgitlemäni bermeýär.

Hudaýyň ak patasy — bu biziň ebedi bähbidimiz üçin niýetlenilen sowgatdyr. Hakyky ak pata hemişe özünde wagtdan daşary bolan komponentleri saklaýandyr.

# RESUL PAWLUSYŇ TABYN EDILMEGI WE AK PATASY

Resul Pawlus tabyn edilen adam bolmanyň nähili zatdygyny bilýärdi. Ol Hudaýyň ak patasyny, ylaýta-da, tabyn edilme döwründe gelýän ak patasynyň nämedigini-de bilýärdi. Resul Pawlusyň durmuşy Täze Ähtiň täsin gudratlarynyň biridir.

Geljekki resul Traosda doguldy. Ol ýerde oňa Saul adyny dakdylar. Oňa gowy bilim berdiler, ol takwa ýehudy maşgalasynda terbiýelendi, ýöne onda rim raýatlygy bardy. Ol dini gabanjaňlyk ruhunda ilkinji mesihileri yzarlap, köpüsini zyndana, köpüsini-de jezalandyrylmaga iberýär. Bir gezek ol Ysraýylyň çäklerinden daşarda ýaýraýan mesihilik bilen göreşmek üçin Şama baýarka, ýolda oňa Isa Mesih duş gelýär. Gabanjaňlykly ýehudy şonda gözüňi gapyjy ýagtylyk görýär we özüne ýüzlenýän Isanyň sesini eşidýär-de, Mesihiň öňünde dyza çökýär, Oňa öz durmuşyny tabyn edýär hem-de Hudaýyň bagyşlamasyny aldy.

Pawlus erkli hem aýgytly adam bolupdyr. Ol her neneň kynçylyga duşsa-da, öz işini edipdir. Reb Isa Mesih özüni halas eden wagtynda, Pawlus kim bolupdyr? Gymmatly, ýöne işlenilip bejerilmedik daşdy. Hudaý bu gymmatly daşy gyraňlap başlaýar. Bu gyraňlama Pawlusy tabyn etmekde öz beýanyny tapýar.

Pawlus üç ýyllap Arabystanda boldy, soň bolsa, ýene-de Şama gaýdyp geldi. Bu wagtyň dowamynda Pawlusyň näme bilen meşgullanandygyny biz bilmeýäris, ýöne

üç ýyldan soň ol Iýerusalimde Petrus hem Ýakup bilen duşuşyp, ol ýerde on bäş gün boldy. Soň ol Siriýada we Kilikiýada boldy. Pawlus işjeň gullugyna başlamazyndan öň, on dört ýyl geçdi. Bu ýyllaryň dowamynda Reb ony görgüleriň we tabyn etmäniň üsti bilen gulluga taýýarlady (Galatýalylar 1:15–21).

Pawlusyň özi Hoş Habary *«Isa Mesihiň ylhamy arkaly aladygyny»* we Hudaýyň *«milletler arasynda Özüni wagyz eder ýaly, Öz Ogluny onda aýan etmäge razy bolandygyny»* (Galatýalylar 1:12, 16) aýdýar.

Hiç kimem Pawlus ýaly ylhamy almady. Ýekelikde geçirilen, Hudaýyň Ýazgynyň we durmuş tejribeleriniň üsti bilen oňa Isa Mesih hakdaky hakykaty açan bu ýyllary onuň üçin gymmatly wagt bolupdy.

Ýöne Pawlus özüniň hoş habarçylyk syýahatyna başlap başlamanka, gazaply yzarlanmalara sezewar edildi. Ony yzarladylar we urdular. Ony tiz-tizden gözenegiň aňyrsynda oturtdylar. Ol birnäçe gezek gämi heläkçiligine uçrady. Ol nirä barsa-da, onuň gullugyna edilýän garşylyklar derrew aýaga galýardy. Ret edilen bolmanyň, şübhe astyna salnyp, tankytlanylmanyň, ýaňsylary çekmäniň, yzarlanmalara we aýyplamalara döz gelmäniň nämedigini Pawlus gaty gowy bilýärdi. Gulluk eden ýyllarynda Pawlusyň paýyna düşen ejir, agyry hem gaýgy ýaly görgüleri adamlaryň ýekejesem çekmedik bolsa gerek.

Bu kynçylyklar oňa sapak boldy. Olar oňa gowy bolmaga kömek etdi. Pawlusyň görgüleriň içinde özleşdiren iň wajyp iki sapagy aşakylar bolsa gerek: Pawlus öz mümkinçilikleriniň çäklerini we Hudaýyň merhemetiniň

çäksizligini bildi. Bu iki sapak biziň her birimiz üçinem iň wajyp sapak bolup durýandyr.

## *Birinji sapak: biziň mümkinçiliklerimiziň çäkliligi*

Pawlus öz hatlarynda bize özüniň şulary özleşdirendigini gürrüň berýär: mesihilik durmuşynda ýaşamaga özüniň güýji ýetmeýär. Rimliler 7:18–25-de biz şeýle sözlere duş gelýäris:

> Çünki mende, ýagny tenimde ýagşy zadyň mesgen tutmandygyny bilýärin, sebäbi mende gowulyk islegi bar, ýöne gowy zady etmegi başarmaýaryn. Çünki isleýän ýagşy işimi edemok-da, islemeýän erbet işimi edýärin. Men islemeýänimi edýän bolsam, onda ony edýän indi men däl-de, meniň içimde mesgen tutan günädir. Şeýlelikde, men bu kanuny tapýaryn, ýagşylyk etjek bolamda, mende erbetlik häzir bolýar. Hudaýyň kanunyndan içki tebigatyma görä lezzet tapmaýaryn. Öz synalarymda başga bir kanuny görýärin. Ol pikirimiň kabul eden kanunyna garşy söweşip, meni synalarymdaky günä kanunyna ýesir edýär. Ne biçäre adam men! Bu ölüm teninden meni kim halas eder? Rebbimiz Isa Mesih arkaly Hudaýa şükür edýärin. Men indi pikir bilen Hudaýyň kanunyna, ýöne ten bilen günä kanunyna gulluk edýärin.

Hudaý biziň her birimiziň öz güýjümizi soňky derejesine çenli gutaryp, bu durmuşda üstünlik gazanar ýaly, güýjüniň, biliminiň ýokdugyna düşünmegini isleýär.

Eger biz bu sapagy özleşdirmesek, öz-özümize, öňki hyzmatlarymyza we endiklerimize, bilimimize we ylmy derejämize, erkimiziň güýjüne we egoistik isleglerimize daýanmagymyzy dowam etdireris. Hudaý biziň eger Öz kömegi bolmasa, onda bu ýerdäki durmuşda gurply ýaşaýşy görmejekdigimize we Hudaýyň Patyşalygynda ebedi ýaşaýşa ýetmejekdigimize düşünmegimiz üçin bizi tabyn edýär.

## *Ikinji sapak: Hudaýyň merhemetiniň çäksizligi*

Pawlusyň görgüler arkaly özleşdiren ikinji sapagy — bu Hudaýyň merhemetiniň çäksizligidir. Biz 2 Korintoslylar 12:7–10-da Pawlusyň sözlerini okaýarys:

> Ylhamlaryň bollugyndan ýaňa özümi ýokary tutmaz ýaly, tenimde tiken, ýagny özümi ýokary tutmaz ýaly, meni ýumruklamagy üçin, maňa bir şeýtan perişdesi berildi. Ony menden aýyrsyn diýip, Rebbe üç gezek ýalbardym. Ol maňa: «Saňa meniň merhemetim ýeterlikdir, çünki Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir» diýdi. Şunuň üçin Mesihiň gudraty üstüme kölege salar ýaly, höwes bilen öz ejizliklerim hakda has hem magtanýaryn. Şu sebäpden men Mesih ugrundaky ejizliklere, sögünçlere, mätäçliklere, azarlara, kynçylyklara razy, sebäbi men ejizkäm güýçlüdirin.

Pawlus doly güýçden gaçan wagtynda, özünde Hudaýyň güýjüniň gudrat bilen peýda bolýandygyna düşündi.

Pawlusyň agzap geçen «tendäki tikeniniň» näme bolandygyny biz bilýäris. Ýöne onuň resuly ejir çekmäge mejbur edendiginem, sebäbi tiken bilen güýçli, ýiti agyry döredýändiklerini bilýäris. Şol «tikeniň» onuň fiziki bedenine täsirini ýetirenini, sebäbi onuň «tende» berlenini biz bilýäris. Şol «tikeniň» Pawlusy zelel gören we ejiz duýmaga mejbur edendiginem bilýäris.

Bu «tendäki tiken» Pawlus üçin tabyn edilme serişdesi bolupdy. Şol tabyn edilmäniň netijesinde Pawlus «tikenden» halas etmäni soramagy bes etdi (ozal Pawlus Hudaýdan muny üç gezek sorapdy). Pawlus «tikeniň» özüni ak pata alyp barandygyny görende, oňa kaýyl boldy. Resul islendik ýagdaýda-da Hudaýyň özi bilen bolmagynyň ýeterlikdigine düşündi.

Mende muňa meňzeş «tendäki tiken» hiç haçanam bolmandy. Ýöne mende öz göwnüme hiç wagt çözülmejek we ýeňip bolmajak ýaly bolup görnen kynçylyklar boldy. Men näme etsemem kynçylyklaryň gelmegi bes edilmedi. Şol kynçylyklar maňa aýdyň pikirlenmäge päsgel berýärdiler we olary çözmäniň ýoluny görkezmeýärdiler. Şol kynçylyklaryň aýrylyp gitmegi üçin näçe köp doga etsem, olar şonça-da, üstümden basýardylar.

Şol bir wagtyň özünde-de Hudaýa edýän gullugymyň gülleýändigini gördüm. Adamlar Mesihe gelip, gutulyş alýardylar, Hoş Habar ozal eşidilmedik ýerlerinde wagyz edilýärdi. Hudaý şahsy durmuşymda başdan geçiren görgülerime garamazdan, hereket etmesini dowam etdirýärdi (gaýtam, şol kynçylyklaryň kömegi bilen şeýle bolandyr).

Içki ýürek agyrysyndan söz bilen aýdyp bolmajak derejede ejir çeken wagtymda, adamlar ýanyma gelip, meniň wagyzlarymyň juda gowy eşidilýändigini, ozal hiç wagtam beýle bolmandygyny, olaryň ýüreklere başgaça täsir edýändiklerini aýdýardylar. Olar: «Doktor Stenli, Hudaý siziň üstüňiz bilen meniň durmuşymy üýtgedýär» diýýärdiler.

Men bir gezek: «Bu Seniň hereketiňdir, Rebbim. Ol hereketiň meniňki däldigi aýdyň görnüp durandyr. Eger şahsy durmuşymdaky tolgunyşyklar Seniň maksadyňa ýetmegiňe alyp barýan bolsa, adamlaram Seni şöhratlandyrýan bolsalar, onda öz kynçylyklarymyň hemmesi üçin men Saňa minnetdarlyk bildirýärin» diýdim.

Hudaýyň merhemetiniň çäksizligi baradaky sapagy biz agyry çekmek hem görgi görmek bilen öz güýjümiziň we mümkinçiliklerimiziň soňky derejesine ýetenimizde özleşdirýäris. Hudaý bizi kämilleşdirme prosesine başlanda, biziň näçeräk çydam edip biljekdigimizi anyk bilýändir.

## OT BILEN ARASSALAMAK

Gymmat bahaly metallary, ylaýta-da, altyn bilen kümşi arassalamaklyk pes temperaturadan başlanýar. Tegmilleriň käbir görnüşleri temperaturanyň ýokarlanmasyny derrew duýýarlar-da, eredilýän metalyň ýüzüne çykýarlar. Ol ýerden olary almak aňsat bolýar. Soň temperaturany ýokarlandyrýar. Ýörite gapda eredilen metalyň ýüzüne beýleki garyndylaram göterilýär welin, olary-da

aýyrýarlar. Ýöne metaly iň durnukly garyndylardan diňe örän ýokary temperaturanyň kömegi bilen arassalaýarlar.

Şuňa meňzeş zat biziň durmuşymyzda-da bolup geçýär. Biziň tabyn edilme prosesimiz etaplaýyn geçýär. Hudaý bizi metalyň arassalanylyşy ýaly, ýuwaş-ýuwaşdan tabyn edýär. Eger Reb biziň iň çuň ulgamlarymyzy arassalamaga derrew geçse, muňa döz gelmezligimiz mümkindir. Bu diňe bir biziň erkimizi däl-de, eýsem, ruhumyzy-da syndyrardy.

Biziň ýüregimizde çuň kök uran zat hem tabyn etme obýekti bolup durýandyr. Diňe şol gizlenilen, güýjümizde baryny edip saklaýan we goraýan ruhy «garyndylarymyz» ýüze çykanda we ýok edilende, bizi hakykatdanam: «Men islendik zat üçin maňa Hudaýyň merhemetiniň ýeterlikdigini bilýärin. Men öz göwnüme wajyp ýaly bolup görnen zatlaryň hemmesinden – erkimden, gulluk alyp barma ukybymdan, öz durmuşymdan mahrum boldum. Men özüme diňe Hudaýyň gerekdigini bilýärin, sebäbi Ol meniň durmuşym boldy, Onuň erki bolsa, meniň erkim, gullugy bolsa meniň gullugym boldy» diýip bilýäris.

Pawlus öz durmuşynda Hudaýyň odunyň bar güýjüni gördi. Bu hem oňa Hudaýyň çäksiz merhemetine akyl ýetirmäge kömek etdi.

## TABYN EDILMÄNIŇ GETIRÝÄN BÄŞ SANY BEÝIK AK PATASY

Tabyn edilmäniň kömegi bilen biz az bolanda bäş sany beýik ak patany alýarys.

## *Birinji ak pata: biz Hudaýa has gowy düşünýäris.*

Tabyn edilip ejir çekenimizde, biz hakykatdanam, Hudaýyň tebigatyna düşünip bilýäris. «Rebbim, goý, meniň durmuşym Seniň ýoluň bilen gitsin!» diýmek aňsatdyr. Ýöne Hudaýyň ýoly nähili ýol? Hudaý bize Mukaddes Kitabyň sahypalarynda şeýle diýýär: *Çünki Meniň pikirlerim siziň pikirleriňiz däl, siziň ýollaryňyz Meniň ýollarym däl. Gökler ýerden nähili beýiklikde bolsa, Meniň ýollarym-da siziň ýollaryňyzdan, Meniň pikirlerim-de siziň pikirleriňizden beýikdir* (Işaýa 55:8–9).

Tabyn edilen biz Hudaýyň absolýutlaryna gowy düşünip başlaýarys — Onuň tabşyryklary takykdyr, wadalary mizemezdir, wagtlary we möhletleri Ol bilýändir, Onuň kömegi hemişe öz wagtynda berilýändir we ýeterlikdir.

Biz Ýazga has gowy düşünip başlaýarys. Biz belli bir prinsipleri görüp başlaýarys. Şol prinsiplere laýyklykda Hudaý adamlaryň durmuşynda hereket edýär. Biz söýgä çuňrak düşünýäris. Biz Öz söýgüsiniň esasynda Hudaý tarapyndan kabul edilen bolmaklygyň nämäni aňladýandygyna gowy akyl ýetirip başlaýarys. Biz haçyň manysyny has aýdyňrak görüp başlaýarys. Biz Hudaýyň sabryna, söýgüsine, merhemetine we rehimdarlygyna düşünjede ösýäris. Öz şahsy tejribämizde sabyrly bolmagyň nämäni aňladýandygyna düşünýäris. Gitdigiçe Hudaýyň durmuşymyzy Öz ellerinde saklaýandygyna köp akyl ýetirýäris.

Tabyn edilmede biz Hudaýyň, Onuň Haçynyň we merhemetiniň gudratynyň öňünde başymyzy has-da aşak

egýäris. Bize Onuň şöhraty bilen hudaýlyk tebigaty açylýar. Biz Onuň dürli häsiýetlerine akyl ýetirip başlaýarys.

Hudaýy tanamanyň çägi ýokdur. Bu tebigaty boýunça, elbetde, ak patadyr, sebäbi Hudaýyň Özi Öz merhemetinde we söýgüsinde tükeniksizdir.

### *Ikinji ak pata: biz özümize has gowy düşünýäris.*

Hudaý bizi tabyn edende, öz-özümize gowy düşünip başlaýarys. Biz çagalykdan başlap, öz durmuş ýolumyza, endiklerimize we meýillerimize dogry baha bermäge ukyply bolup başlaýarys. Durmuşymyzdaky belli bir wakalara we olaryň bize edýän täsirlerine täzeçe düşünip başlaýarys. Biz öz kemçiliklerimiz bilen nosganlyklarymyzy bilip, töweregimizdäkilere söýgi sowgat berip bilmeýändigimizi we olardan söýgi kabul edip bilmeýändigimizi göreris. Öz garaşlylygymyzy, çäkliligimizi we ýetmezçiliklerimizi görýäris. Gorkynyň özümizi gandallap, durmuşymyzda Hudaýyň niýetleriniň amala aşmagyna ýol bermeýändigini görýäris.

Şeýle hem, Hudaýyň özümize nähili zehinleri hem sylaglary berendigine düşünýäris. Hudaýyň özümizi üýtgedişini we azat edişini görýäris. Tabyn edilme prosesinde Hudaýyň öz üstümizde näziklik hem rehimdarlyk bilen işleýşini görýäris.

Tabyn edilme wagtynda biz özümiziň günäkärligimizi hemişekilirimizden has gowy duýup başlaýarys.

Tabyn edilme hemişe günä, tekepbirlik, diýen etmezlik we Hudaýyň öz durmuşymyzdan köki bilen goparyp taşlamaga çalyşýan beýleki günälerine garşy gönükdirilendir. Tabyn edilenimizde, Mesihi Halasgär hökmünde kabul eden bolsagam, günä etme ukybymyzyň aýrylyp gitmeýändigine düşünýäris. Bu bizi juda gaýgylandyrýar.

Görgüler jülgesinden geçenimizde, özümiziň üýtgeýändigimizi görýäris. Hudaý arassalamagyny we azat etmegini dowam etmek bilen bizi täzeleýär. Günä garyndy kimin, gatlak-gatlak edilip, kalbymyzdan aýrylýar.

Birnäçe adamlar Mesihi Halasgär hökmünde kabul edenden soň, özleri diňe bir günäli geçmişden däl-de, eýsem, häzirki wagtda-da günä etme meýlinden azat ýaly bolup görünýär. Gutulyş bizi Hudaýyň aklan günäkärleriniň ýagdaýynda goýýar. Ýöne günä etme ukybynyň öňküsi ýaly özümizde saklanandygyna düşünenimizde, gaýgylanma, lapykeçlik we sustupeslik duýýarys. Ahyrnetijesinde biz şowsuzlyga uçraýarys. Şunuň ýaly pursatlarda biz gutulan däl ýa-da biziň üçin indi gutulyş ýok diýip pikir etmeli däldiris. Günä bizi Hudaýa ýüzlenmeklige we bu meýli, günä etme endigini köki bilen aýryp taşlamagy haýyş etmeklige iteklemelidir.

Gutulyş alanymyzda, günä biziň üstümizden ygtyýaryny ýitirýär. Rimliler 6:14-de: *«Günä size agalyk etmez. Çünki siz kanun astynda däl, merhemet astyndasyňyz»* diýilýär. Biz duşmanyň hökümdarlygyndan azat edildik. Biziň hojaýynymyz Hudaýdyr. Pawlus: *«...günäden azat edilip, dogrulyk gullary bolduňyz»* (Rimliler 6:18) diýip, sözüni dowam etdirýär. Bu Mukaddes Ruhuň

güýjünde Hudaý bilen dogry gatnaşykda bolmaga we Onuň özümizi çagyran gullugyna alyp barmaga dyngysyz dyrjaşýandygymyzy aňladýar. Şonuň üçin her gezek gozgalaň turuzmaga başlanymyzda, ilkinji pulsumyz: «Rebbim, maňa kömek et. Meni arassala. Men Saňa tabyn bolýaryn» diýen doga bolmalydyr.

Öz-özümize düşünmeklik Hudaý bizi tabyn edende gelýändir. Bu ak pata bize täsin azatlygy — günäden we günä zerarly jezadan azatlygy sowgat berýär.

*Biz günä duýgusyndan azatdyrys*. Biz günäni duýmadan azat bolýarys we şol bir wagtyň özünde-de, bagyşlama alýarys.

*Biz günä bilen ýekelikde göreşme borjundan azatdyrys*. Hudaý şeýtana we onuň synaglaryna garşy durmaga kömek etmek bilen bizde bolýar.

*Biz aljyraňňylykdan*, dogry hereket edýän, etmeýänimize ynamsyz bolmadan *azatdyrys.* Mukaddes Ruh nädogry hereket edýändigimize edil wagtynda düşünmäni berýär.

Özümizde günä etme meýliniň saklanýandygyna garamazdan, Isa Mesih tarapyndan azat edilmegimizi bilmeklik nähili uly ak patadyr. Indi biz günäni ýazgaryp, eger günä etsek oňa bagyşlanma alyp we onuň üstünden ýeňiş gazanyp bilýäris.

Azatlyk bilen bilelikde Hudaý bize içki rahatlygy we günä bilen esasy söweşiň eýýäm gutarandygyna ynamlylygy sowgat berýär. Biz Hudaýyň elinde howpsuzlykda bolýarys. Rahatlyk hem asudalyk duýmak üçin alkogola ýa-da neşä ýüz urmak gerek däl. Bir gezek tabyn edilmäni başdan geçirmek we Hudaýa tabyn bolmak bi-

len biz akyl ýeterden we düşündirerden ýokarda bolan rahatlygy alýarys (Filipililer 4:7 serediň).

### *Üçünji ak pata: biz adamlara uly duýgudaşlyk bilen garaýarys*

Tabyn edilmäniň kömegi bilen Hudaýyň tebigatyna we öz-özümize has çuň düşünjäni alanymyzdan soň, töweregimizdäkilere başgaça seredip başlaýarys. Biz beýleki adamlaryňam özümizden gowy ýa-da erbet däldiklerini görüp başlaýarys.

Tebigatymyz boýunça biziň hemmämizem günäkärlerdiris. Biziň hemmämize Hudaýyň merhemeti bilen Mukaddes Ruhuň täzeleýji güýji gerekdir. Biziň hemmämizem ösmelidiris we üýtgemelidiris. Nogsansyz we kemçiliksiz ýekeje adamam ýokdur.

Tabyn edilmäniň kömegi bilen biz şeýle diýip bilýäris:

- «Atam, Sen hemişe bize sabyrlysyň. Men Seniň sabryň bilen sabyrly bolup bilerin».
- «Atam, Sen maňa ýagşylyk hem rehim edýärsiň. Diýmek, men onuň bilen mährem hem rehimdar bolup bilerin».
- «Atam, Sen meni bagyşladyň. Menem öz göwnüme degýänleri bagyşlap bilýärin».

Tabynlygy almak bilen biz ýakynlarymyzy az tankytlaýarys we ýazgarýarys. Tabyn edilmäniň arkasyn-

dan bizde täze häsiýet açylýar — biz adamlary Hudaýyň söýgüsi bilen söýüp başlaýarys. Durmuşymyzda bar bolan iň ajaýyp ak patalaryň biri-de — bu başga adama Hudaýa gelmäge we Hudaýda ösmäge kömek etme ukybydyr.

## *Dördünji ak pata: bizde ýaşaýşa teşnelik oýanýar*

Öz ejizligimizi duýup, mümkinçiliklerimiziň çäkliligine düşünenimizde, bize Hudaýyň çäksiz we şertsiz söýgüsi açylýar. Şonda biz Hudaýyň özümize beren sylaglaryna täzeçe baha berip başlaýarys. Özümiz üçin eden zatlarynyň hemmesi üçin Rebbe minnetdarlyk ýüreklerimizi doldurýar.

Hatda aýdymlaram başgaça ýaňlanyp, täze mana eýe bolýar. Biz durmuşa täzeçe seredip başlaýarys. Döredijilik işine isleg döreýär. Biz nätanyş adamlar bilen batyrgaý gepleşýäris we emosional ejizlikden gorkmaýarys. Kalbymyzy örtüp duran goraýjy berk metal örtük döwülende, çyn ýürekden aglaýarys we gülýäris. Bizde ýaşaýşa şatlanmaga täze ukyp peýda bolýar. Ol şatlyk gowy, arassa hem durudyr.

## *Bäşinji ak pata: biz Hudaýyň barlygyny öňkülerimizden ýitiräk duýýarys*

Hudaý hemişe-de biziň ýanymyzdadyr, ýöne tabyn edilen biz Onuň barlygyny has duýgurlyk bilen duýýan bolýarys.

Durmuşymda Hudaý meni taşlandyr diýip pikir eden pursatlarym köp boldy. Ýöne munuň beýle däldigine şobada düşünýärdim — Hudaý hemişe ýanymyzda. Onuň barlygy özümiziň muňa garaşmaýan ýerimizde — görgülerde — duýulýar. Hudaý bizi köşeşdirýär we Özüniň hiç haçan terk etmejekdigine we unutmajakdygyna ynandyrýar.

Hut şunuň ýaly pursatlarda Hudaý bizi söýýändigini göni ýüregimize aýdýar. Ol biziň Özi üçin gymmatlydygymyzy, bize diňe ýagşylyk isleýändigini aýdýar. Hudaý bizde we biziň üstümiz bilen hereket edip, hemişe ýanymyzda bolýandygyna ynandyrýar.

Eger Hudaýyň öz ýanymyzdadygyna ynamly bolsak, ýüregimizde rahatlyk bolar we özümizi doly howpsuzlykda duýarys. Öz mätäçliklerimiziň hemmesiniň çeşmesiniň diňe Özündedigini Hudaý bize açyp görkezýär. Bu ynamlylyk bizi gorkudan we birahatlykdan azat edýärde, ýüregimize rahatlyk bilen asudalyk, şeýle hem, iň kyn ýagdaýlarda-da bizi terk etmejek söz bilen beýän edip bolmaýan şatlygy berýär.

## BU AK PATALARYŇ HATYRASYNA EJIR ÇEKENIŇE DEGÝÄNDIR

Hudaý sabyrlydyr. Ol biziň görgülerimiziň haçan gutarjakdygyny bilýär. Onuň özümiz üçin taýýarlan ak patalaryna garaşanyňa degýändir. Eger biz Hudaýyň islegini ýerine ýetirsek, onda tabyn edilmäniň yzyndan gelýän ak patalary alyp başlaýarys. Şonda biz: «Bu synaglar üçin

men minnetdardyryn. Hemme zadyň yzda galandygy üçin Hudaýa şükür! Meniň aladamy edip, bu ýol bilen alyp barandygy üçin Hudaýa şöhrat. Şol görgüleriň üsti bilen alnan ak patalary men hiç zada-da çalyşmaryn» diýip bilýäris.

Göwnüňize Isa Özüniň haça çüýlenen gününe seredip: «Mundan gaçmanyň başartmandygyna gynanýaryn» diýýän ýaly bolýarmy? Ýok, ýene bir gezek ýok! Ol Öz wezipesini bilýärdi, şeýle hem, Öz haça çüýlenmesiniň we şöhratly ölümden direlmesiniň nähili ak pata boljakdygyny-da bilýärdi.

Bizem edil Isa ýaly hereket edip bileris. Eger görgülerimize geljekki ak patalarymyzyň esasynda seretsek, onda özümizi tabyn edendigi üçin Hudaýa ömür minnetdarlyk bildireris. Hatda çekmeli bolan agyrymyz üçinem minnetdarlyk bildireris.

## AGYRYNYŇ ARASSALAÝJY HÄSIÝETI

Birnäçe ýyl mundan ozal doga edip oturan wagtymda, kellämde «agyrynyň arassalaýjy häsiýeti» diýen jümle peýda boldy. Bu sözleriň nämä gerekdigine men düşünmedim, ýöne olary maňa Hudaýyň berendigini bildim, diýmek, wajyp bolupdyr. Iki hepde geçenden soň, ejemiň ýüreginden tutdy, şol sebäpli-de, üç aýdan soň ol dünýäden ötdi. Şonda men bu Hudaýyň özüme aýdan agyrysydyr diýip pikir etdim. Ejemiň keseli maňa juda agyr degdi. Onuň ejir çeken üç aýynyň dowamynda Hudaý

bizi arassalaýandygyna meni ynandyrdy. Biziň durmuşymyzda arassalanma prosesi gitdi.

Şol wagt men ejemiň ölümi bilen agyry-da aýrylyp gider diýip asla pikirem etmeýärdim. Şondan soň durmuşymda yzly-yzyna dürli wakalar bolup geçdi. Olar soňky dört ýylymy duranja görgä öwürdi. Ýöne şu wagt yzyma ser salanymda, çyn ýüregimden: «Hudaýyň özümi köp gezekler we her hili tärde arassalandygyny bilýärin» diýip biljek. Hudaý mende köp zatlary açdy. Ol maňa-da köp zatlary öwretdi we meni güýçlüräk, paýhaslyrak we gowurak etdi. Ol hemme zady ýagşylyga öwürdi.

Bu gün men Hudaýyň öz ýüregimi ýumşadandygyny, aklymy täzeländigini, ejir çekýänleriň hemmesine duýgudaş bolmagy öwredendigini görýärin. Men bu işi dünýäniň hiç bir baýlygyna-da çalyşmaryn. Gapdalyndan seredeniňde weýran edijilikli ýaly bolup görnüp biläýjek zat meniň üçin dikeldiji boldy. Durmuşyňyzdaky agyryly wakalaryň hemmesini «lagnat» diýip atlandyrmaga howlukmaň. Düzgün bolşy ýaly, olarda ak pata gizlenendir. Biz muny hemişe ýatda saklamalydyrys.

Bu meniň ähli wakalaryň maksadyny we sebäbini bilýändigimi aňlatmaýar. Nämedir bir zat biziň üçin Hudaýyň öňüne barýançak tapmaçalygyna galýar. Bu sebäpli, agyry agyry bolmasyny bes etmeýär. Ýöne öz içimde Hudaýyň hereket edýändigine düşünmeklik maňa gaharlanmaga, gaýgylanmaga we ýüregimi gatatmaga ýol bermeýär. Men: «Bu agyra döz gelip, Hudaýa ýene-de ýakynlaşjak. Men bu görgülerden iň gowy zatlary syzyp aljak. Men gaharlanman, şatlanjak!» diýen pikiri saklamaga çalyşýaryn.

Eger öýkämizi saklap, kine we ýürek agyrysy bilen ýaşasak, onda ýeňşi görüp bilmeris. Eger töweregimizdäkileriň döreden agyrysyny unutsak, onda biz üýtgäp, Hudaý özümizi nähili adam hökmünde görmek isleýän bolsa, şonuň ýaly hem adam bolup bilýäris.

## AK PATANYŇ ŞERTI

Görgülerde ak pata almagymyz üçin Hudaý diňe bir şert goýýar: biz Oňa tabyn bolmaly.

Eger Öz öňünde dyza çöksek, onda Ol bizi tabyn etmelerden geçirip, doly ýeňşe alyp barýar. Ýeňiş gazanmak üçin aýlaryň ýa-da ýyllaryň gerek bolmagy mümkin, ýöne ýeňiş wada berlendir.

Eger diýen etmezligimizde kejirlik edip, Hudaýa gulak asmak islemesek, öz-özümizi Hudaýyň ak patasyndan mahrum edýäris. Hudaý öňküleri ýaly bize ak pata bermek isleýär, ýöne biz Onuň ak patalarynyň ýoluna ynamsyzlygymyz bilen nägileligimizi böwet edip goýýarys. Ahyr netijesinde Hudaýyň ak patasy Hudaýyň bizdedigi we biziň bilendigi, biziňem Hudaý bilendigimiz baradaky fakta syrygýar. Eger Hudaýy durmuşymyzdaky haýsydyr bir ulgama goýbermesek, Ol bizi terk edýär, sebäbi Ol biziň saýlawymyza hormat goýýar. Şeýle hereket etmek bilen biz Oňa bizdäki işini tamamlamagyna we özümizi üýtgetmegine ýol bermeýäris. Biz, şeýdip, Hudaýy hem öz-özümizi tanama, ýakynlarymyza duýguda bolma ukybyny we ýaşaýşa gyzyklanmany ýitirýäris. Şeýdip, gitdigiçe Hudaýdan daşa gidýäris.

# HUDAÝ BIZDE HEREKET ETMEGINI DOWAM ETDIRÝÄR

Resul Pawlus Filippidäki mesihilere *«sizde oňat işe başlan Hudaýyň Mesih Isanyň gününe çenli muny bitirjekdigine ynamynyň bardygyny»* (Filipililer 1:6) ýazýar.

Hudaý biziň üstümizde işlände, ellerini goýbermeýär. Isa Mesihde kämil bolýançak, her yzly-yzyna bizi tabyn edip, Hudaý öz işini dowam etdirýär.

Dostlarym, bu diňe biziň ölümimizden soň bolarmyka diýýärin. Atamyz bilen Gökdäki Patyşalyga barýançak, biziň hiç haýsymyzam, bu günäli dünýäde ýaşanda kämillige ýetmez. Ýöne gowy habaram bar: Hudaý bize hemişe ruhy taýdan ösmeklige kömek eder. Ol biziň durmuşymyzda hereket etmesini bes etmez.

Her neneň bolanda-da, bize tabyn edilmekden gaçyp gutulma ýokdur. Munuň üçin Hudaýa şükür. Ol bizi şeýle güýçli söýýär, şol sebäpdenem, hiç haçan bizi terk etmeýär, hiç haçan bize bolan gyzyklanmasyny ýitirmeýär we hiç haçan bizi inkär etmeýär. Ol biziň Özi bilen gatnaşyklarymyzyň hiç wagtam bes edilmegini islemeýär.

Hudaý diňe bir zady isleýär: Ol biziň Hudaýymyz bolmaly, bizem Onuň Özüni şöhratlandyryjy halky bolmaly.

# EPILOG

## SIZIŇ ÜÇIN MENIŇ EDÝÄN DOGAM

Gökdäki Atam, Seniň söýgiň we aladaň dolulygyna akyl ýetirip bilmegimiz üçin Sen bizi Özüňe nähili söýgi we mähir, rehimdarlyk hem merhemet bilen çekýärsiň!

Biz Seniň bizde we biziň üstümiz bilen hereket etmegiňi dowam etdirmegiňi isleýäris. Rebbim, biziň durmuşymyzda Öz maksatlaryňy amala aşyr.

Hudaýym, men Seniň entek Özüňi tanamaýanlaryň hemmesini, bilmezlikden we aljyraňňylykdan nirä gidýändigine düşünmeýänleri we durmuşyň manysyny görmeýänleri Özüňe tarap öwürmegiň üçin doga edýärin. Olaryň Isa Mesihi Halasgär hökmünde kabul etmeklerine kömek et. Goý, olar Mesihe özleriniň Rebbi hökmünde ynansynlar. Olaryň durmuş ýollarynda özlerini täzelemäge we berkitmäge Mukaddes Ruha rugsat bermekleri üçin Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyna bil baglamaklary üçin doga edýärin.

Gökdäki Atam, Seniň bilen ruhy ýakynlykda bolmaga teşne bolanlaryň, Seniň bilen ruhy ýakynlygy gözleýänleriň, gullugynda üstünlikli bolmagy isleýänleriň

hemmesine jogap bermegiňi ýalbaryp soraýaryn. Olary nähili tabyn etmek isleýän bolsaň, şonuň ýaly hem tabyn et we olara şypa ber, Rebbim. Sen olara aýratyn tabşyryk berip bileriň ýaly, goý, olar ruhy taýdan össünler.

Gökdäki Atam, bize öwret! Nähili üýtgemelidigimizi, ösmelidigimizi we ýaýramalydygymyzy bize açyp görkez. Seniň maksatlaryňyň öz durmuşymyzda amala aşmagyna päsgel berýän zatlaryň hemmesini taşlamaga bize kömek et. Seniň çagyrýan zatlaryň hemmesini minnetdarlyk bilen kabul etmegimize ýardam et.

Biz Seniň özümiz üçin hemme zat bolmagyňy isleýäris. Biz Seni gowurak tanamak, Saňa ýakynrak bolmak we durmuşymyzdaky Seniň barlygyňy çuňrak duýmak isleýäris.

Seniň keşbiň hem şekiliň bolarymyz ýaly, bizi weýran et. Bu gün özümizi Seniň elleriňe berýäris. Rebbim, bizde öz bähbidimiz we Seniň ebedi şöhratyň üçin hereket et.

Isa Mesihiň ady bilen. Omyn.

# MAZMUNY


1-nji bap. Görgüler hem ak patalar? ................................3

2-nji bap. Hudaý bize iň gowy zatlary isleýär..................9

3-nji bap. Näme üçin biz görgi görýäris?........................23

4-nji bap. Görgüleriň manysyna düşünme ýolundaky päsgelçilikler.................................................35

5-nji bap. Şypa alan adam bolmak nämäni aňladýar?....54

6-njy bap. Ruhy kämillige ýetmeklik.............................67

7-nji bap. Tabyn etme prosesi. .......................................91

8-nji bap. Biziň tabyn bolma garşy görkezýän närazylygymyz. ...........................................113

9-njy bap. Nädip köp hasyl getirýän şaha bolup bolar?................................................136

10-njy bap. Ak pata wadasy. .........................................154

Epilog. Siziň üçin meniň edýän dogam. ......................173